TÜRKMENISTANYŇ MILLI MEDENIÝET
«MIRAS» MERKEZI
TÜRKMENBAŞY ADYNDAKY TÜRKMENISTAN MILLI
GOLÝAZMALAR INSTITUTY

ABU NASR IBN MUHAMMET
TAHYR SARAHSY

# SAÝLANAN HEKAÝATLAR

## («GÜZIDE»)

AŞGABAT «MIRAS» 2006

## MÄHRIBAN WE REHIM-ŞEPAGATLY ALLANYŇ ADY WE ONUŇ ÝARDAMY BILEN!

Älemleriň Taňrysy Alla öwgüler bolsun! Ahyretiň belent derejeleri takwalar[1] üçindir. Duşmançylyk diňe zalym bolan kişilere ediler. Allanyň bereketi we salamatlylygy onuň ilçisi Muhammede we onuň päk neberesine bolsun! Eý, rehim edijileriň iň rehimdary![2]

Bu salawatdan soň sözümize başlaýarys. Ymam Zahyt Abu Nasr ibn Muhammet Tahyr Sarahsy (goý, oňa Allanyň rehmeti bolsun!)[3] aýtdy: «Men halkyň arasynda ylym we tagat-ybadat öwrenmäge arzuwyň we höwesiň bardygyny görenimden soň, Hak Subhan we Tagalanyň ylmyny aýtmagy we halkyň hassa janyna şypa bolsun diýip, bir şerbet taýýarlamagy maksat edindim. Allanyň ylmynyň soňy ýokdur». Rowaýat etmeklerine görä, Muhammet pygamber şeýle diýipdir: «Siz nähili pikir edýän bolsaňyz, ylym ondan hem artykdyr. Ylmyň hemmesini öwrenmeklik heniz hiç

---

[1] Takwa — Alladan gorkýan, ybadathon.
[2] Bu Allanyň bir sypatydyr.
[3] Ymam Zahyt Abu Nasr ibn Muhammet Tahyr Sarahsy — Sarahs topragynda ýaşap geçen beýik türkmen alymy.

kime miýesser eden däldir». Hak Subhan we Tagala öz resulyna: «(Eý, Muhammet) ylymdan size diňe az zat berlendir»[1] diýdi.

Pygamber alaýhyssalamyň ylmy Allatagalanyň ylmynyň ýanynda deňizlerdäki zerre[2] ýalydyr. Haktagala öz pygamberine şeýle diýensoň, galan halkyň ylmy nähili dereje bolar? Halaly we haramy seljermek, kyýamat gününe ynanmak we onuň gopjakdygyny bilmek üçin ylym öwrenmek hemmelere parzdyr.

Pygamber alaýhyssalam aýtdy: «Ylmyň parzlary üçdür. Birinjisi – Taňryny bir bilmekdir. Ikinjisi – Taňra gowy tagat-ybadat etmek we ony öwrenmekdir. Üçünjisi – Taňrynyň gullary bilen nähili gatnaşmalydygyny bilmekdir».

Ymam Sarahsy (goý, oňa Allanyň rehmeti bolsun!) aýtdy: «Bu kitap Gurhanyň aýatlaryndan, pygamber alaýhyssalamyň hadyslaryndan, alymlaryň, aryplaryň[3] we abytlaryň[4] sözlerinden we berjaý eden amallaryndan jemlenendir.

Eger haýsydyr bir kişi bu kitaby okasa, onuň din düşünjesi, baý bolar. Çünki men okan, öwrenen we eşiden ähli zadymy bu kitapda ýazdym. Nakyl

---

[1] Gurhanyň 17-nji («Isra») süresiniň 85-nji aýaty.
[2] Zerre — azajyk, her bir zadyň iň ownuk bölejigi.
[3] Aryp — weli, ýagşyzada, akyldar.
[4] Abyt — takwa, dindar.

ylmynyň[1] miwesi bolanlygy üçin bu kitaba «Güzide»[2] diýip, at goýdum. Üstünlik Alladandyr!».

Ymam Sarahsy aýdýar: «Diniň bitewüligi on sany zatdan ybaratdyr. Olaryň bäşisi kalp bilen ynanmaklykdyr, ýagny Allanyň birligine, kyýamat gününe, perişdelere, kitaplara, pygamberlere ynanmaklykdyr.

Haktagala bu hakda Gurhanda aýtdy: «Emma ýagşylar, Allatagala, ahyret gününe, perişdelere, kitaba we pygamberlere ynananlardyr».[3]

Bäş zady hem berjaý etmelidir: 1. Taňrynyň dostlugyny gazanmak üçin baý kişiler mallaryndan zekatyny ýoksula we ýetim garyplara bermelidirler. 2. Bäş wagtyna namaz okamak 3. Beren wadaňda tapylmak. 4. Kynçylyga sabyr etmek. 5. Gaharyňy ýuwutmak.

Haktagala bu hakda Gurhanda aýtdy: «(Emma ýagşylar) özi ýagşy görse-de, malyny garyndaşlaryna, ýetim-ýesirlere, misgin-biçärelere, ýolagçy-mysapyrlara berýänlerdir».[4]

Haçanda garyp düşseňiz, sabyr ediň we kapyrlar bilen söweş etseňiz, gaçmaň, sabyr ediň!. Sebäbi Allatagala sabyr eden gullaryny söýer we sabyrly gullaryndan daş bolmaz. Haktagala bu hakda Gurhanda

---

[1] Nakyl ylmy — rowaýat edilen ylym, dil ýa-da ýazuw üsti bilen öwrenilen ylym.
[2] Güzide — saýlanan, saýlantgy.
[3] Gurhanyň 2-nji («Bakara») süresiniň 177-nji aýaty.
[4] Gurhanyň 2-nji («Bakara») süresiniň 177-nji aýaty.

aýtdy: «Hakykatdan hem Alla sabyr edijileriň ýanyndadyr».[1]

Bilgin, berýän sadakalaryňyzy we hüşür-zekatlaryňyzy mynasyp kişilere beriň, pasyklara[2] bermäň. Ýogsa, Taňry kabul etmez. Mynasyp kişä berilmedik zekat borjy tölenen hasaplanmaz. Haktagala bu hakda Gurhanda aýtdy: «Ýigrenmän almajak (halamadyk) pis zatlaryňyzy bermäge synanyşmaň».[3]

Pygamber alaýhyssalam aýdýar: «Yslam dininiň binýady bäş zatdyr: 1. Kelime şahadaty[4] aýtmak. 2. Namaz okamak. 3. Remezan aýynda oraza tutmak. 4. Zekat bermek. 5. Güýjüň ýetse haj parzyny berjaý etmek».

Abu Zer[5] pygamber alaýhyssalamdan rowaýat edýär: «Her kim iman edenden soň, bu bäş zady berjaý etse uçmaha düşer. 1. Namazy wagtynda okamak. 2. Zekat bermek. 3. Remezan aýynda oraza tutmak. 4. Haja gitmek. 5. Jynsy gatnaşykdan soň suwa düşmek». Ýene-de rowaýat etmeklerine görä, pygamber alaýhyssalam şeýle diýdi: «Kim bu alty zady ýerine ýetirse, kyýamat gününde meniň bilen bile gopar we uçmahda meniň bilen goňşy bolar» diýdi. Ondan:

— Ol alty zat nämedir? — diýip soradylar.

---

[1] Gurhanyň 2-nji («Bakara») süresiniň 153-nji aýaty.
[2] Pasyk — bozuk, azgyn, ýoldan çykan; pyssy-pujurlyk edýän.
[3] Gurhanyň 2-nji («Bakara») süresiniň 267-nji aýaty.
[4] Kelime şahadat — imanyňy öwürmek, ýagny («Lä ilähe illalla Muhammet resulalla») diýmek.
[5] Abu Zer — sahabalaryň biri.

Ol:

— Birinjisi – towhyt kelemesidir,[1] ol meniň sermaýamdyr. Ikinjisi – namazdyr. Ol meniň gözümiň nurudyr. Üçünjisi –Taňryny ýatlamakdyr, ol meniň köňlümiň iýmitidir. Dördünjisi – ylym öwrenmekdir, ol meniň maly-mülkümdir. Bäşinjisi – gazylykdyr, ol meniň pişämdir. Altynjysy –jomartlykdyr, ol meniň häsiýetimdir — diýip, jogap berdi.

Pygamber alaýhyssalamdan şeýle rowaýat etdiler: «Din misli bir agaç mysalydyr. Iman onuň daragtydyr (pürsüsidir), zekat onuň baldagydyr, namaz onuň suwudyr, oraza onuň köküdir, ýagşy gylyk-häsiýet onuň ýapragydyr, haramdan daş durmak onuň miwesidir. Sebäbi miwesiz agajyň rownagynyň[2] bolmaýşy ýaly, haramdan daş durmasaň hem diniň rownagy we bitewüligi ýokdur.

Hezreti Omaryň[3] rowaýat etmegine görä, pygamber alaýhyssalam şeýle diýdi: «Magrypat meniň sermaýamdyr, gulluk meniň dinimiň aslydyr. Taňry dostlugy meniň ýarymdyr. Taňryny arzuw etmek meniň atymdyr. Taňryny ýatlamak meniň gaýgymy giderijidir. Ylym meniň ýaragymdyr. Sabyr meniň azygymdyr. Ýoksullyk meniň guwanjymdyr. Kanagat meniň baýlygymdyr. Jomartlyk meniň häsiýetimdir. Perhizkärlik[4] meniň ýardamymdyr. Taňra ýakynlyk

---

[1] Towhyt kelemesi — Allany bir bilmek, birligini ykrar etmek.
[2] Rownak — nur, ýagtylyk. Bu ýerde peýda, bähbit manysynda gelýär.
[3] Hezreti Omar — çaryýarlaryň biri.
[4] Perhizkärlik — takwa bolmak, Alladan gorkmak.

meniň guşumdyr. Dogrulyk meniň şepagatymdyr. Gazylyk meniň adatymdyr. Namaz meniň gözümiň nurudyr».

Hasan Basry[1] şeýle diýdi: «Taňry akyly ýaradan wagty oňa näme diýse, ol ýerine ýetirerdi. «Düzel» diýdi, düzeldi (turdy), «otur» diýdi, oturdy, «dön»[2] diýdi, döndi (öwrüldi), «söýle»[3] diýdi, söýledi, «dilsiz dur» diýdi, dymdy, «bak» diýdi, bakdy, «eşit» diýdi eşitdi, «bil» diýdi, bildi, «gör» diýdi, gördi. Ondan soň Haktagala: «Eý, akyl, meniň yzzatymyň we beýikligimiň haky üçin men haýsy gulumy ýaratsam we seni oňa bersem, ol meniň eziz gulumdyr we men ony dost edinerin. Onuň üçin sen akylsyň. Meni seniň bilen bilerler, maňa tagat ederler. Haýsy gulda akyl bolmasa, adamlyk şertlerinden[4] onda hiç zat bolmaz» diýdi.

Pygamber alaýhyssalamdan rowaýat etdiler. Ol aýtdy: **«Taňry akyly ýaradan wagty, ony nuruň içine goýdy. Ylym akylyň tenine girdi. Pähimi janyna berdi, zühdi[5] başyna berdi, yhlasy ýüzüne berdi, utanç-haýany gözüne berdi, haýry gulagyna berdi, şükri agzyna berdi, sabry dişine berdi, hakykaty diline berdi, kanagaty bogazyna berdi, aşyklygy boýnuna berdi, agraslygy gursagyna berdi, töwekgelligi biline berdi, jomartlygy eline**

---

[1] Hasan Basry — meşhur sopularyň biri.
[2] Dön — («öwrül») diýmek.
[3] Söýle — («sözle, gürle») diýmek.
[4] Ýagny adamzat gymmatlyklaryndan.
[5] Züht — takwaçylyk, kanagatlylyk.

**berdi, durmagy aýagyna berdi, gorkyny bilinden aşagyna berdi, umydy bilinden ýokarsyna berdi».**

Ondan soň Taňry nida edip:[1] «Eý, akyl! Ne hajatyň bar dile rowa kylaýyn» diýdi. Akyl hem: «Eý, Rebbim, meniň hajatym we dilegim budur. Sen meni kime beren bolsaň, şol kişileri ýalka» diýdi. Onda Taňry: «Eý, perişdelerim! Sizler takyk şaýat boluň, men haýsy guluma akyl bagyşlan bolsam, ony dowzah odundan azat etdim we ýalkadym» diýdi. Sebäbi, kimde akyl bar bolsa, ol kişi haky-batyly tanar. Hak işi ýerine ýetirer we batyl zatdan daş durar. Taňry ony ýalkar, oňa rehmet eder we ol uçmaha girer.

Taňry kimi howaýy, ýagny nebsiniň islegine tabyn ýaradan bolsa, nadanlyk onuň tenine girdi, ryýany ýüzüne berdi, şöhweti[2] gözüne berdi, şeri gulagyna berdi, tamany bogazyna berdi, ýalany diline berdi. Özüni görmegi, gursagyna berdi. Bahylçylygy köňlüne, hyrsy garnyna, bedasyllygy biline, gysgançlygy eline, myrdarlygy uýat ýerine, pisady aýagyna, şekşübhäni bilinden aşagyna, şirki bilinden ýokarsyna berdi.

Ondan Taňry nebsi howa bilen wada eýledi we aýtdy: «Kim meniň buýrugymy goýup, nebsiniň höwesine uýsa, ony dowzaha salaryn». Haktagala bu hakda Gurhanda aýtdy: «Ine, azyp dünýä durmuşyny saýlap alanyň barjak ýeri, gürrüňsiz jähennemdir».[3]

---

[1] Nida — ýüzlenmek.
[2] Şöhwet — jynsy isleg.
[3] Gurhanyň 79-njy («Nazygat») süresiniň 38-nji aýaty.

Pygamber alaýhyssalam bir rowaýatda şeýle diýdi: «Akyl üç bagyşdyr. Kimde bu üç bagyş bar bolsa, ol kişiniň akyly tamam bolar: 1. Taňryny bilmek. 2. Oňa laýyk ylym, amal we tagat etmek. 3. Taňrynyň ýazgydyna razy bolmak we sabyr eýlemek».

Lukman Hekimden rowaýat etdiler. Ol ogluna öwüt berip: «Eý, ogul! Taňry saňa üç zady berse, başga hiç zat üçin gynanma. Birinjisi — güneş ýaly magrypat, ikinjisi — aý ýaly akyl, üçünjisi — ýyldyz ýaly ylym» diýdi. Jüneýit Bagdady[1] hem: «Akylyň miwesi haky batyldan aýyrmakdyr, ylmyň miwesi halaly haramdan aýyrmakdyr. Magrypatyň miwesi Taňrynyň gullaryny tapawutlandyrmakdyr» diýdi.

Hoja Fakyh[2] şeýle diýdi: «Hak (dogry) zat agyrdyr, batyl zat ýeňildir». Hatam hem şeýle diýdi: «Allatagala gullaryna üç zady galkan edip berdi. Birinjisi akyldyr, ol nebsiniň islegine galkan bolar, onuň şerini dep eder. Ikinjisi kanagatdyr, ol ýoksullyk gorkusyna galkandyr we onuň şerini dep eder. Üçünjisi ylymdyr, ol nadanlyga galkan bolar we onuň şerini dep eder». Abulkasym Hekim: «Niýetsiz iş howaýy nebisdir. Ybratsyz nazar beladyr. Delilsiz söz hatadyr» diýdi. Abu Sagytdan: «Magrypat nedir? Towhyt nedir? Iman nedir? Yslam nedir?» diýip soradylar. Onda ol: «Magrypat — Taňrynyň birligine köňül bilen ynanmakdyr we bilmekdir. Towhyt — Taňrynyň birligini dil bilen

---

[1] Jüneýt Bagdady — meşhur sopularyň biri.
[2] Hoja Fakyh — kitabyň ýazary özüni göz öňünde tutýar.

ykrar etmekdir. Iman — Taňrynyň birligine, pygamberlerine, perişdelerine, kitaplaryna we kyýamat gününe, haýryň we şeriň Alladandygyna ynanmakdyr, bu alty zada ynanmak imandyr. Yslam — sen Taňra göýä ony gözüň bilen görýän ýaly gulluk et, eger sen ony görmeseň-de, ol seni görýändir. Dogrusyny bir Alla bilýändir.

Şu ýere çenli kitabyň girişidir. Indi Çelebimiň[1] towpyk[2] bermegi bilen kitabyň galan baplaryna başlalyň. Enşalla,[3] her bir baby giňişleýin beýan ederis.

Birinji towhyt baby.

Ikinji magrypat baby.

Üçünji muhabbet baby.

Dördünji sünnet we jemagata uýmak baby.

Bäşinji namaz we tagat baby.

Altynjy zikr baby.

Ýedinji ylym baby.

Sekizinji hikmet baby.

Dokuzynjy gazylyk baby.

Onunjy jomartlyk baby.

On birinji Alladan haýa etmek we gorkmak baby.

On ikinji zyna baby.

On üçünji lowata[4] baby.

On dördünji medrebazlyk[5] baby.

---

[1] Çeleb — Alla, Hudaý, Taňry.
[2] Towpyk — üstünlik, başarjaňlyk.
[3] Enşalla — Alla halasa.
[4] Lowata — beçebazlyk.
[5] Medrebazlyk — harydy gytçylykda gymmat satmak üçin gizläp goýmak.

On bäşinji riba[1] baby.
On altynjy şerap içmek baby.
On ýedinji rysgal baby.
On sekizinji kanagat baby.
On dokuzynjy dünýäni pes hasaplamak baby.
Ýigriminji ybadat baby.
Ýigrimi birinji ölümi ýatlamak baby.
Ýigrimi ikinji sabyr baby.
Ýigrimi üçünji şükür baby.
Ýigrimi dördünji yhlas baby.
Ýigrimi bäşinji toba baby.
Ýigrimi altynjy oraza tutmak[2] baby.
Ýigrimi ýedinji gije namazyny okamak baby.
Ýigrimi sekizinji dymmaklyk baby.
Ýigrimi dokuzynjy uzlat (ýalňyzlyk) baby.
Otuzynjy gorky baby.
Otuz birinji umyt baby.
Otuz ikinji dünýäden gaça durmak baby.
Otuz üçünji nebsiňi tanamak baby.
Otuz dördünji alçaklyk baby.
Otuz bäşinji şeýtany duşman bilmek baby.
Otuz altynjy takdyra razy bolmak baby.
Otuz ýedinji ýakynlyk[3] baby.
Otuz sekizinji nesihat baby.
Otuz dokuzynjy towazyg (pespällik) baby.
Kyrkynjy halymlyk (mylaýymlyk) baby.

---

[1] Riba — süýthorluk.
[2] Metinde («oruç tutmak») diýip geçýär.
[3] Ýakyn — ruhy hakykata göz ýetirmek.

Kyrk birinji öz aýbyňy görmek baby.
Kyrk ikinji mynapyklar (ikiýüzlüler) baby.
Kyrk üçünji wesýet baby.
Kyrk dördünji mynajat baby.
Kyrk bäşinji öwüt baby.
Kyrk altynjy takwalyk baby.
Kitabyň fihristi[1] boldy tamam,
Başlalyň maksudyna[2] wessalam.

---

[1] Fihrist — mazmun.
[2] Maksut — maksat, niýet.

# BIRINJI BAP: TOWHYT BABY

Bilgin, Taňrytagala halky ýaratdy. Olara pygamber iberip: «Halky meniň ýoluma salyň, meni bir bilsinler. Sizi hem hak pygamber bilsinler» diýdi. Haktagala bu hakda Gurhanda aýtdy: «Alla we onuň resulyna iman ediň!».[1] Ýene bir aýatda hem şeýle diýdi: «Eý, iman edenler, men size gaty azapdan halas etjek bolan söwdany size görkezeýinmi? Alla we onuň ilçisine iman ediň».[2] Başga bir aýatda hem şeýle diýdi: «Kim Alla iman etse, onuň kalbyny dogry ýola salar».[3] Ýene başga bir aýatda hem şeýle diýdi: «Kim Alla, onuň perişdelerine, kitaplaryna, pygamberlerine, ahyret gününe ynanmasa, diýmek ol gaty azaşandyr».[4]

Pygamber alaýhyssalam: «Kim yhlas bilen «Lä ilähe illalla»[5] diýse, uçmaha girer» diýdi. Dawut pygamber: «Hakyň barlygyna, birligine şaýat bolmak şeýledir. Nirä baksaň, janlydan we jansyzdan näme

[1] Gurhanyň 57-nji («Hadyd») süresiniň 7-nji aýaty.
[2] Gurhanyň 61-nji («Saf») süresiniň 10-njy aýaty.
[3] Gurhanyň 64-nji («Tegabun») süresiniň 11-nji aýaty.
[4] Gurhanyň 4-nji («Nisa») süresiniň 136-njy aýaty.
[5] Lä ilähe illalla — Alladan başga Hudaý ýokdur.

görseň, aklyň bu zatlaryň öň ýokdugyny, olary Taňrytagalanyň ýaradandygyny, her bir zadyň ýaradyjysynyň bardygyny we birdigini bilmelidir». Haktagala bu hakda Gurhanda aýtdy: «Seniň Ylahyň birdir, ondan başga Ylah ýokdur, diňe Rahman, Rahym bolan Ol (Alla) bardyr»[1] we başga bir aýatda hem şeýle diýdi: «Aýt, ol Alla birdir».[2]

Ýalňyz onuň barlygy başga zada meňzemez, hiç kim oňa meňzemez, barlygyny beýan edip bolmaz, owwalynyň we ahyrynyň soňy ýokdur, ähli zada güýji ýetýändir. Ezeliýet[3] bilen Wahytdyr,[4] ýagny owwaldan bardyr we birdir.

Ebediýet[5] bilen Ahatdyr,[6] ýagny hemişe bardyr we baky bolar. Ahatdyr, ýoklary bar eder, barlary ýok eder. Onuň patyşalygyndan hiç zat egsilmez. Wahytdyr, tabynlaryň tagatyna mätäç däldir. Asylaryň günäsiniň oňa zyýany ýokdur. Haktagala hüjjetler,[7] ajaýyplyklar we ybratlar görkezer. Haktagala bu hakda Gurhanda aýtdy: «Asmanyň we ýeriň ýaradylmagynda, gijäniň we gündiziň çalşyp durmagynda akyl eýeleri üçin ybrat-görelde bardyr».[8] Bu aýatyň manysynda asmanlaryň we ýerleriň ýaradylmagy, olaryň içindäki

---

[1] Gurhanyň 2-nji («Bakara») süresiniň 163-nji aýaty.
[2] Gurhanyň 102-nji («Yhlas») süresiniň 1-nji aýaty.
[3] Ezeliýet — ezelden, gadymdan bäri.
[4] Wahyt — bir.
[5] Ebediýet — ebedilik, bakylyk.
[6] Ahat — ýeke-täk.
[7] Hüjjet — delil.
[8] Gurhanyň 3-nji («Äli Ymran») süresiniň 190-njy aýaty.

ajaýyplyklar, gijeleri we gündizleri ýaratmagy, ýagyş-gary ýagdyrmagy, deňizde balyklaryň ýüzmegi, howada guşlaryň uçmagy, agaçlarda ir-iýmişleriň bitmegi we ýerde ösümlikleriň ösmegi bularyň hemmesi Hakyň barlygyna, birligine, kadyrlygyna delildir. Şeýle hem adam oglunyň teninde Hakyň birligine we barlygyna niçe deliller bardyr. Ol ýokdan barlyga gelýär, kiçi bolup, soň ulalýar, oglan bolup, ýigit çykýar, ýigit bolup soň garraýar, sag bolup, soň keselleýär. Diri bolup, wagty dolansoň ýogalýar. Ene ýatgysynda bir damja suwdan Taňrytagala bize surat berdi. Oňa baş, göz, el, aýak, dil, burun berip süňkleri biri-birine çatdy. Bularyň hemmesi hem, bizi ýaradanyň birdigine, onuň hiç kime meňzemeýändigine delildir. Haktagala bu hakda Gurhanda aýtdy: „«Hiç bir zat Oňa meňzeş däldir, Ol eşidýändir, görýändir».[1]

Taňrynyň birligine ýene bir delil hem eger Taňry iki bolsa biriniň beýlekisine hajaty düşerdi, ikisiniň islegi deň gelmezdi. Eger biri bir adam ogluny direltmek islese, beýlekisi ony öldürmek islärdi, ikisiniň arasyna gapma-garşylyk düşerdi. Biri-birlerinden üstün çykmak dünýädäki han-begleriň adatlarydyr. Olar hem ýaradylan zatlar babatda dawalaşardylar. Olar biri-birlerine gaharlanyp, ýer-u asman heläk bolardy. Hut şu sebäpden, Haktagala bu hakda Gurhanda aýtdy: «Eger asman-zeminde Alladan başga hudaýlar bolanda, ikisi

[1] Gurhanyň 42-nji («Şura») süresiniň 11-nji aýaty.

bozulyp giderdi».[1] Ýene bir aýatda hem şeýle diýilýär: «Ýogsam, elbetde her bir hudaý öz ýaradan zady bilen gidip, bir-birlerinden üstün bolardylar».[2] Bular bolsa ýerde-gökde Taňrynyň birdigi, ondan başga Taňrynyň ýokdugy, onuň birdigini we kadyrdygyny subut edýär. Ol iýmez, içmez, ýatmaz uklamaz we hiç bir zada meňzemez.

«Ahbar»[3] içinde gelipdir. Taňrytagala Musa pygambere wahy edip: «Eý, Musa! Iki zady bilgil we iki zady bilmegil. Bilmeli zatlaryň, men Taňry birdirin we ýeke-täkdirin, rysgal beriji hem mendirin. Iki zady bilmegil, ýagny Allatagalanyň nähilidigini we rysgaly nädip berýändigini biljek bolma» diýdi.

Hezreti Alydan:[4] «Eý, Aly, Taňry nirede?» diýip soradylar. Onda ol: «Taňry hemişe bardyr. Elmydama bolar. Hiç zat ýok wagty ol bardy. Onuň mekany we hiç zada mätäçligi ýokdur. Ol oturmaz, turmaz, gelmez, gitmez, päkdir. Ol siziň pikir edişiňiz ýaly däldir» diýip jogap berdi. Zunnun Müsrüden:[5] «Magbut[6] nurdanmy ýa-da zulmatdanmy?[7]» diýip soradylar. Onda ol: «Meniň hudaýym nurdandyr we zulmat ýaradyjydyr» diýdi.

---

[1] Gurhanyň 21-nji («Enbiýa») süresiniň 22-nji aýaty.
[2] Gurhanyň 23-nji («Möminler») 91-nji aýaty.
[3] Ahbar — habarlar, rowaýatlar.
[4] Hezreti Aly — çaryýarlaryň biri.
[5] Zunnun Müsri — meşhur sopularyň biri.
[6] Magbut — ybadat edilýän, Alla.
[7] Zulmat — garaňkylyk.

Aýdýarlar, towhyt şu dört zatdan saplanmasa dürs bolmaz: birinjisi şirkden, ikinjisi şekden, üçünjisi şübheden, dördünjisi inkär etmekden.

Abulkasym Hekim[1] şeýle diýdi: «Gurhandaky şu «Seniň Ylahyň birdir, ondan başga Ylah ýokdur, diňe Rahman, Rahym bolan Ol (Alla) bardyr»[2] aýatyndan has görkli aýat ýokdur». Ähli şatlyk towhyt bilendir. Haktagala bu hakda Gurhanda aýtdy: «Şunuň bilen şatlanyň».[3] Ýahýa ibn Mugaz[4]: «Taňrytagalanyň hazynasynda towhytdan eziz zat ýokdur. Haktagala towhydy öz dostlaryna berenden soň, ony hor eýläp dowzah oduna goýmak onuň lutpuna[5] we keremine laýyk däldir» diýdi.

Abdylla ibn Abbas[6] bilen Abdylla ibn Omaryň[7] rowaýat etmeklerine görä, pygamber alaýhyssalam: «Men kime yhsan eden bolsam, onuň sogaby ýene yhsandyr»[8] aýatynyň tefsirinde[9] şeýle diýipdir: «Men haýsy guluma magrypaty we towhydy nesip etsem, sogaby hökmünde men olary uçmaha girizerin we didarymy görkezerin diýmekdir».

---

[1] Abulkasym Hekim — türkmen topragynda ýaşap geçen akyldarlaryň biri.
[2] Gurhanyň 2-nji («Bakara») süresiniň 163-nji aýaty.
[3] Gurhanyň 10-njy («Ýunus») süresiniň 58-nji aýaty.
[4] Ýahýa ibn Mugaz — sahabalaryň biri.
[5] Lutp — mähribanlyk, mähirlilik.
[6] Abdylla ibn Abbas — sahabalaryň biri.
[7] Abdylla ibn Omar — sahabalaryň biri.
[8] Gurhanyň 55-nji («Rahman») süresiniň 60-njy aýaty.
[9] Tefsir — düşündirmek.

Enes ibn Mälik[1] şeýle diýdi: «Pygamber alaýhyssalam aýtdy: «Uçmahyň bahasy towhytdyr, «Elhamdullila»[2] diýmek ähli nygmatlaryň şüküridir. Towhyt Taňrytagalanyň halaýan ybadatydyr we uçmah towhyt ähliniň öwezidir».

Hasan Basry bilen Ferezdek[3] Basra şäherinde bir aýalyň jynazasyna bardylar. Mundan soň halk arasynda: «Ýagşy-ýaman bu aýalyň jynazasyna geldi» diýip gürrüň ýaýrady. Ferezdek muny eşidip, köňli gaty hapa boldy. Hasan Basry hem oňa: «Eý, Ferezdek, ne men halkyň gowusy, ne-de sen halkyň erbedi. Kişiniň ýagşysy-ýamany ahyret wagtynda belli bolar. Gowy adam — jany iman bilen gidendir. Erbet adam — jany imansyz gidendir. Mundan Alla saklasyn» diýdi. Onda Ferezdek: «Menden başga hiç erbet gul bolmaz, ýöne meniň ýalňyz umydym şudur. Men ýetmiş ýyllap towhyt kelemesini aýdýaryn. Meger ol towhydyň bereketinden halas bolaryn» diýdi. Ferezdek dünýäden gidensoň, ýagşyzadalar ony düýşde gördüler. Ondan: «Nähili ýagdaýdasyň?» diýip soradylar. Onda ol: «Ýazygymy ykrar edip, günälerimi bilendigim üçin towhydyň bereketi sebäpli, Allam meni ýalkady we maňa rehmet etdi» diýdi.

Urwa[4] Hezreti Äşeden, Hezreti Äşe pygamber alaýhyssalamdan, pygamber alaýhyssalamy Jebraýyl

---

[1] Enes ibn Mälik — sahabalaryň biri.
[2] Elhamdulillä — («Alla öwgi-sena bolsun») diýmek.
[3] Ferezdek — Basrada ýaşap geçen arap şahyry.
[4] Urwa — sahabalaryň biri.

perişdeden, Jebraýyl perişde Taňrytagaladan rowaýat etdi. Taňrytagala: «Aklyk meniň nurumdyr, kimiň towhyt içinde saç-sakgaly agarsa rehim bilen nurly ederin, öz nurum bilen nurlandyraryn» diýdi.

Abdylla ibn Mesgudyň bir garabaşy[1] bardy. Garran çagy garyp düşdi. Ol garabaşyna: «Ýoksul boldum, indi mende hiç zat galmady, başyňy ýuwup, köýnegiňi geý! Baraýyn, seni sataýyn» diýdi. Garabaşy başyny ýuwup, donuny geýdi. Başyny darap görse, saçy agarypdyr. Ony görüp, gözýaş döküp: «Saçym gullukda agardy, ahyrda ýene satylmaly boldum» diýdi. Taňrytagala Jebraýyly pygambere iberip: «Abdylla aýt, ol garabaşy azat eýlesin! Onuň saçy onuň gullugynda agardy» diýdi.

Görüň! Mähir keremli ol patyşalar patyşasy, bir bendesiniň gullugynda saçyny agardana, satylmagy rowa görmedi, «Ony azat eýlesin!» diýip perman etdi. Eger bir gul saç-sakgalyny onuň gullugynda we towhyt içinde agartsa, oňa azap eýlemegi neneň rowa görsün! Gaýtam, oňa rehmet we enaýat edip, uçmahy we özüniň didaryny nesip eder». Enşalla.

[1] Garabaş — gul, hyzmatkär.

## IKINJI BAP: MAGRYPAT BABY

Bilgin, Taňry kimi yslam üçin dogry ýola salmak islese, onuň köňlüni giň eder we ony nurdan doldurar. Kimi azdyrmak islese, onuň köňlüni dar eder. Haktagala bu hakda Gurhanda aýtdy: «Alla kimi dogry ýola salmak islese, onuň göwnüni yslam üçin giň edip goýar. Kimi azaşdyrmak islese, onuň köňlüni edil asmana göterilip gidip barýan ýaly dar we gysby edip goýar».[1]

Hidaýatyň[2] alamaty şeýledir, ýagny kişi dünýäden elini çekip, ahyrete ýöneler, ölüm gelmezden özüni dünýäden daş tutar. Pygamber alaýhyssalam: «Eger siz dogrudan hem Taňrydan gorkýan bolsadyňyz, suw üstünde ýöräniňizde aýagyňyz suwa batmazdy we siziň dileg-dogaňyz bilen daglar ýerinden gozganardy. Eger siz hakykatdan hem Taňryny tanasadyňyz, howada guş ýaly uçardyňyz». Rowaýat etmeklerine görä, Taňry Dawut pygambere wahy edip: «Eý, Dawut! Meni tanasaň özüňi hem tanarsyň, özüňi tanasaň meni hem

[1] Gurhanyň 6-njy («Engam») süresiniň 125-nji aýaty.
[2] Hidaýat — dogry ýol, Hakyň ýoly.

tanarsyň» diýdi. Dawut hem: «Ylahym! Seni bildim, sen ýeke-täksiň, güýçlüsiň, hemişe bar bolan Taňry sen! Men biçäre, ejiz» diýdi. Taňry oňa: «Bulary bildiň, eý, Dawut!» diýdi. Alymlaryň köpüsi aýtdylar, Taňryny bilmek, özüňi ýoksul bilip, Taňryny baý bilmekdir, özüňi hataly bilip, Taňryny ataly[1] bilmekdir.

Hezret Alydan rowaýat etdiler. Ol: «Taňryny bilmek alty zatdyr. Birinjisi – Taňryny bir bilip, oňa tagat etmek. Ikinjisi – şeýtany duşmany bilip, oňa garşy çykmak. Üçünjisi – pygamberi hak bilip, onuň sünnetlerini[2] berjaý etmek. Dördünjisi – öz nebsiň şerini bilmek we ondan seresap bolmak. Bäşinjisi – dünýäni haram bilmek we haramdan daş durmak. Altynjysy – ahyreti bilip, onuň üçin taýýarlanmak» diýdi. Abu Bekr Warrakdan rowaýat etdiler. Ol aýtdy: «Töwraty, Injili, Zebury we Furkany[3] okadym. Netijede, Taňrytagalanyň gullaryndan sekiz zat isleýändigini bildim. Ikisi köňülden, ikisi dilden, ikisi endamdan, ikisi häsiýetden. Köňülden isleýän zadynyň biri — Taňryny bir bilmek, beýlekisi — halka mähirli bolmak. Dilden isleýän iki zadynyň biri — zikrdir[4], biri — halka ýagşy söz aýtmakdyr. Endamdan isleýän zadynyň biri — Taňra tagat etmek, biri — ýardam etmek. Häsiýetden bolan iki zadyň biri — belalaryna sabyr eýlemek, biri — halky söýmek» diýdi. Abul-

[1] Ata — bagyşlamak, günä geçmek.
[2] Sünnet — pygamberiň ýoly.
[3] Furkan — Gurhan.
[4] Zirk — Allany diliň bilen ýatlamak.

kasym Hekim aýdýar: «Taňrytagala gullaryndan üç zady isleýär. Birinjisi – buýrugyny tutmak. Ikinjisi – ondan näme gelse razy bolmak. Üçünjisi – Taňrytagalany ýatlamak». Hasan ibn Aly aýdýar: «Men Taňryny şeýdip tapdym. Men näme pikir we hasap eden bolsam, onuň takdyry meniň hasaplan zadymy bozdy, weýran eýledi». Baýezit Bestamydan: «Magrypaty nädip bildiň?» diýip soradylar. Ol: «Açlyk we pespällik bilen bildim» diýdi. Suheýt ibn Abdylladan: «Bu derejä nädip ýetdiň?» diýip soradylar. Ol: «Dört zat bilen ýetdim. Birinjisi — öz kynçylygymy halkyň üstünden aýyrdym we halkyň zähmetini çekdim. Ikinjisi — halkdan tamakinçiligimi kesdim we men bar zadymy olara berdim. Üçünjisi — halka baýlyk isledim, özüme ýoksullyk isledim. Dördünjisi — halka bolelinlik isledim, özüme horluk isledim» diýdi. Abulkasym Hekim aýdýar: «Günäden saplanmak sada halkyň işidir we nyşanydyr. Dünýäden el çekmek zahytlaryň nyşanydyr. Nebsiň isleglerinden daş durmak aryplaryň nyşanydyr». Abulkasym Hekim aýdýar: «Taňrytagala möminlere üç zat berdi. Magrypat, şahadat we tagat. Magrypat köňül bilen hasyl bolar. Tagat beden bilen hasyl bolar. Şahadat dil bilen hasyl bolar. Magrypat didar bilendir, şahadat uçmah bilendir. Tagat derejeleri bilendir». Ýahýa ibn Mugaz aýdýar: «Taňrytagala haýsy gula magrypat beren bolsa, ol gul özüni günä işler bilen peseltmez we zelil etmez». Abulkasym Hekim aýdýar: «Günäden daş duran kişi eziz (hormatly) kişidir, tamakin bolmaýan kişi azat kişidir.

Iblisiň zabun eýlemedik adamy, akylly kişidir». Rowaýat etmeklerine görä, Taňrytagala Dawut pygambere wahy edip aýtdy: «Eý, Dawut! Kim meni tanasa, meniň gaşyma geler, kim meniň gaşyma gelse, meni arzuw eder. Kim meni arzuw etse, meni göresi geler, kim meni göresi gelse, meni tanar, meni tanan başga zat islemez».

Abulkasym Hekim aýdýar: «Taňry dostunyň üç nyşany bardyr. Birinjisi – dünýä onuň gözüne hor görner. Ikinjisi – ahyret onuň gözüne ähmiýetli bolar. Üçünjisi – Taňry didaryny arzuw eder. Arypyň teni dünýäde, köňli Möwlada, gazanjy dünýäde, maly Möwlada, öýi dünýäde, jany Möwlada bolmalydyr». Baýezit Bestama: «Bize magrypatdan habar ber» diýdiler. Ol: «Taňrytagala magrypaty möminlere çyra etdi. Muhabbeti möminlere şatlyk etdi. Yslamy möminlere ýol etdi. Didaryny möminlere wada berdi» diýdi. Biz Taňrydan magrypat nury bilen köňüllerimizi nurly edip, didaryny jümle möminlere görkezmegini dileg edýäris! Enşalla.

# ÜÇÜNJI BAP: MUHABBET BABY

Bilgin, kim Taňrytagalany hakykatdan söýse, Taňrytagala hem ony söýer. Haktagala bu hakda Gurhanda aýtdy: «Alla olary söýýär, olar hem ony söýýärler».[1] Enes ibn Mälik pygamberden rowaýat etdi. Pygamber alaýhyssalam: «Kimde üç zat bar bolsa, ol kişi imanyň tagamyny dadandyr. Birinjisi – Taňrytagala we resulyna bolan söýgüsi köňlünde artyk bolar. Ikinjisi – söýen zadyny Taňry üçin söýer. Üçünjisi – özüni oda köýdürmegi, kapyr bolmakdan ýeg görer» diýdi. Resulalladan rowaýat etdiler. Ol: «Haýsy kişide üç zat bar bolsa, ol kişi imanyň lezzetini bilýän däldir. Birinjisi — haramdan saklanmasa. Ikinjisi — halymlygy (ýumşaklygy) bolmasa, üçünjisi — gödek häsiýetini halkdan kesmese» diýdi. Pygamber alaýhyssalamdan rowaýat etdiler. Ol: «Haýsy kişi Taňryny söýse, Gurhany söýer. Gurhany söýen, meni söýer, meni söýen egindeşlerimi söýer, kim egindeşlerimi söýse, metjitleri söýer, kim metjitleri

[1] Gurhanyň 5-nji («Maide») süresiniň 54-nji aýaty.

söýse, jemagaty söýer. Metjitler Taňrynyň öýüdir» diýdi.

Haktagala bu hakda Gurhanda aýtdy: «Hakykatdan hem metjitler Allanyňkydyr. Allanyň ýany bilen hiç kimi çagyrmaň».[1] Haýsy jemagat metjidiň içinde namaz okap, doga-dileg etse, Taňry dergähinde kabul bolar we metjitden girip çyksa Taňrynyň goňşuçylygynda bolar. Enes ibn Mälik pygamberden şeýle rowaýat aýdýar: «Bir gezek bir adam gelip pygamberden: «Kyýamat haçan gopar?» diýip sorady. Pygamber: «Men kyýamat gününiň haçan gopjakdygyny bilmeýärin. Ýöne näme üçin kyýamaty daş hasapladyň» diýdi. Ol: «Men daş hasaplamadym» diýdi. Pygamber oňa: «Sen dowzah ählinden bolarsyň» diýdi.

Ýahýa ibn Mugazdan rowaýat etdiler. Ol: «Köňlüň ybratlylygy üç zat bilendir. Birinjisi – Taňrydan gorkup, günäni terk etmek, ikinjisi – Taňrynyň rehmetine umyt edip, parzlaryny terk etmezlik, üçünjisi – Taňry bilen şeýle dost bolmak, ýagny Taňrydan başgasyna tagat etmezlik, ýagny ryýasyz amal etmek» diýdi. Rabygadan[2] rowaýat etdiler. Ol: «Men tagat-ybadaty uçmaha girmek höwesi bilen ýerine ýetirmekden Taňrydan utanýaryn. Şeýle hem tagaty dowzah gorkusyndan ýerine ýetirmekden, Taňrydan utanýaryn. Ýöne tagaty Allanyň didaryny görmek,

---

[1] Gurhanyň 72-nji («Jyn») süresiniň 18-nji aýaty.
[2] Rabyga — Rabyga Adawyýa. Basrada ýaşap geçen meşhur sopy aýal, welizada.

onuň dostlugy üçin edýärin» diýdi. Lukman Hekimden rowaýat etdiler. Ol ogluna: «Eý, ogul! Söýüljek kişiniň üç sany nyşany bardyr. Birinjisi – namaz okamak, ikinjisi – agyz beklemek, üçünjisi – sadaka bermek» diýdi. Suheýl ibn Abdylla aýdýar: «Haýsy kişi Taňryny hakykatdan söýse, pygambere uýsun! Haktagala bu hakda Gurhanda aýtdy: «Aýt! Eger Allany söýseňiz meniň yzyma düşüň, şonda Alla sizi söýer».[1]

Aýtdylar, pygamberi söýmegiň ýedi nyşany bardyr. Üçüsi tende, üçüsi köňülde, biri malda. Köňüldäki üç zadyň birinjisi – kapyrlaryň musulman bolmagyny islemek, ikinjisi — ýoldan çykanlaryň we nebisleriniň arzuwlaryna uýýanlaryň dogry ýola gelmegini islemek, üçünjisi — ähli günäkärleriň toba gelmegini islemek. Tende bolan üç zadyň birinjisi — az iýmek, ikinjisi — az geplemek, üçünjisi — az ýatmak. Malda bolan zat hem zekat bermek we goňşy malyndan tamaňy kesmek. Ýahýa ibn Mugaz aýdýar: «Kim belentlige ýeten bolsa, diňe üç zat bilen ýetendir. Birinjisi – Taňryny dost edinmek bilen, ikinjisi – halka peýdaly bolmak bilen, üçünjisi – günäden daş durmak bilen». Danalaryň biri aýtdy: «Dostluk üç dürlüdir. Birinjisi – äri bilen aýalynyň arasynda dostluk, oňa şöhwet diýilýär. Ikinjisi – ene-atanyň perzentleriniň arasyndaky dostluk, oňa şefgat[2] diýilýär. Üçünjisi – dogan-garyndaşlaryň arasyndaky dostluk, oňa ülpetlik

---

[1] Gurhanyň 3-nji («Äli Ymran») süresiniň 31-nji aýaty.
[2] Şefgat — mähir.

diýilýär». Rowaýat etdiler, Taňrytagala Dawut pygambere wahy etdi: «Eý, Dawut! Kim menden gaçsa, men oňa möhlet bererin. Çalt heläk etmerin. Eý, Dawut! Kim meni arzuw etse, men ony sabyr we takatly ederin. Kim meni söýse, men ony öldürerin. Eý, Dawut! Kim «Men Taňryny söýýän» diýip we öz islegi bilen ýatsa, uklasa, ýalan sözlär. Söýýän kişi nädip ýatyp biler, oňa ýatmak haramdyr. Kim bir dosty söýse, ol dosty bilen duşuşyp, raz (syr) sözlerin sözleşmäge we dosta ýetmäge ähli güýjüni sarp etmelidir. Abu Bekr Wasyty aýdýar: «Taňrytagala möminleri söýmese, musulmanlyk haladyny geýdirmezdi we gulluk haladyny boýunlaryna dakmazdy. Eger mömin hem Taňrytagalany söýmesedi, gulluk haladyny öz boýunlaryna taşlap, onuň gullugynda bilerini guşamazdylar». Rehmetli Çelebimiz öz pazly-keremi bilen özüniň dostlugyny we hoşnutlygyny biz gullara ruzy berer. Enşalla.

# DÖRDÜNJI BAP: SÜNNET WE JEMAGATA UÝMAK BABY

Bilgin, Taňrytagala gullaryna: «Sünnet we jemagat ýoluny tutuň, nebsiňiziň arzuwyny we bedgat ýoluny kowuň!» diýdi. Haktagala bu hakda Gurhanda aýtdy: «Şu meniň ýolum — dogry ýoldur. Bu ýola uýuň, başga ýollara uýmaň. Sizi Taňry ýolundan kim aýrar».[1] Pygamber alaýhyssalam aýdýar: «Eger iman isleseňiz, pygamber ýoluny tutuň, kim onuň sünnetine we jemagatyna ters bolsa, onuň imanynda haýyr ýokdur». Pygamber alaýhyssalam aýdýar: «Eger iman isleseňiz, pygamberiňiziň ýoluny tutuň. Sünnet we jemagat bilen ýerine ýetirilen iş, eger dogry bolsa, Taňrytagala ony öz pazly bilen kabul eder. Eger ýalňyş bolsa, öz keremi bilen ýalkar we bagyşlar».

Abu Bekr Warrak aýdýar: «Haýsy kişi sünnet we jemagat ýoluna barmak islese, pygamberiň aýdyşy we edişi ýaly berjaý etsin». Fakyhlardan: «Taňrynyň buýrugyny we pygamber sünnetini terk edip, nebsiniň isleglerine uýan kişilere kapyr diýlermi?» diýip

[1] Gurhanyň 6-njy («Engam») süresiniň 153-nji aýaty.

soradylar. Fakyhlar: «Olara kapyr diýseň bolar we rowadyr, kapyr diýiň» diýip jogap berdiler. Müşebbihler[1] kapyrdyr. Şonuň üçin hem kapyrlar haja çokunýar. Müşebbihler surata çokunýar, nebse uýanlaryň nyşany, olar adamlary ýazgaryp, gybat edýärler. Olar Abu Bekri we Omary söýmezler. Pygambere pygamberlik inen mahaly ol kapyrlaryň we duşmanlaryň arasynda ýalňyzdy. Haktagala oňa: «Men saňa ýaranlar bererin we seni duşmanlardan saklaryn» diýdi. Haktagala bu hakda Gurhanda aýtdy: «Alla seni ynsanlardan gorar».[2]

Şeýle hem «Seniň diniň äşgär ederin» diýip wada berdi. Haktagala bu hakda Gurhanda aýtdy: «Ol (Alla) öz pygamberini hidaýat we hak din bilen, ol dini barça dinlerden üstün etmek üçin iberipdir. Allanyň özi şu wadasynyň ýüze çykyşyna ýeterlik güwädir. Muhammet Allanyň pygamberidir».[3] Gurhany oňa birden indermedi, aýatma-aýat iberdi we oňa men ony jem ederin diýip wada berdi. Haktagala bu hakda Gurhanda aýtdy: «Elbetde ony jemlemek we (diliňizde) okatdyrmak biziň borjumyzdyr».[4] «Bu jahany kapyrlara bagş ederin» diýdi. Haktagala bu hakda Gurhanda aýtdy: «Alla kapyrlary ryswa edýändir».[5]

---

[1] Müşebbih — Allany bir zada meňzedip, onuň şekli bar diýýänler.
[2] Gurhanyň 5-nji («Maide») süresiniň 67-nji aýaty.
[3] Gurhanyň 48-nji («Feth») süresiniň 28-29-njy aýatlary.
[4] Gurhanyň 75-nji («Kyýamat») süresiniň 17-nji aýaty.
[5] Gurhanyň 9-njy («Toba») süresiniň 2-nji aýaty.

Bilgin, Musa alaýhyssalam çyn ýürekden mynajat etmäge baran mahaly, ymmatyny dogany Haruna tabşyrdy. Ol yzyna gaýdyp gelensoň, görse ymmaty azyp, gölä ybadat edýän ekenler. Biziň pygamberimize bu waka ybrat-görelde boldy. Ol dünýäden gaýdan mahaly, ymmatyny Taňra tabşyrdy. Taňrytagala hem ymmatyny azmakdan halas etdi. Abu Bekri halypa belledi. Ol pygamberiň ýaranydy. Haktagala bu hakda Gurhanda aýtdy: «Ýoldaşyňa gamgyn bolma, şübhesiz Alla biziň bilendir».[1] Ondan soň Omary halypa etdi. Musulmançylyk onuň bilen äşgär boldy. Haktagala bu hakda Gurhanda aýtdy: «Eý, Pygamber! Saňa Alla we möminlerden seniň yzyňa düşenler ýeterlikdir».[2] Ondan soň Osmany halypa etdi. Ol Gurhany bir ýere jemledi. Ondan soň Hezret Aly halypa boldy. Taňrytagala ony kapyrlaryň heläk bolmagyna sebäp etdi. Bu dört sahaba ähli sahabalaryň ýol görkezijisidir.

Alymlar aýdýarlar: «Taňrytagala biziň pygamberimize dört zady berdi. Birinjisi — pygamberlik, ikinjisi — musulmanlyk, üçünjisi — Gurhan, dördünjisi — uçmah». Abu Bekr pygamberlik şükrüni ödedi. Omar musulmanlyk şükrüni ödedi. Osman Gurhan şükrüni ödedi. Aly uçmah şükrüni ödedi. Bilgin, kim bu dört çaryýary söýse, bu dört şükri ödedigi bolar.

---

[1] Gurhanyň 9-njy («Toba») süresiniň 40-njy aýaty.
[2] Gurhanyň 8-nji («Enfal») süresiniň 64-nji aýaty.

Taňrytagala bir gezek Jebraýyly pygamberiň ýanyna iberdi we oňa: «Eý, Muhammet! Ymmatyňa dört zady emr etgin, ony berjaý etsinler. Birinjisi – hiç ýalan sözlemesinler, dogrusyny aýtsynlar. Ikinjisi – utanjy häsiýet edinsinler, edepsizlik etmesinler. Üçünjisi – jomartlyk etsinler, hiç gysganç bolmasynlar. Dördünji — adalatly bolsunlar, hiç zulum etmesinler». Jebraýyl bu habary getirenden soň, pygamber alaýhyssalam gaýga batyp: «Meniň ymmatym bu buýrugy nädip tutup biler» diýdi. Aradan bir sagat geçdi. Jebraýyl yzyna gaýdyp gelip: «Eý, Muhammet! Taňry saňa salam iberdi we saňa sen hiç zady gaýgy etme, Abu Bekr hakykaty aýdar, ýalansyz. Omar adalatly bolar, zulumsyz. Osman utanar, onuň bihaýalygy bolmaz. Aly jomartlyk eder, hiç gysganç bolmaz. Olardan soň kimde bu dört zat bar bolsa, kyýamat gününde bu dört çaryýar bilen bile gopar».

Rowaýata görä, Jebraýyl pygamber alaýhyssalama dört alma getirip: «Birini Abu Bekre, birini Omara, birini Osmana, birini bolsa Ala ber» diýdi. Abu Bekriň almasynda ýazylypdyr: «Bu alma şefik[1] we rafyk[2] Taňrydan Abu Bekr Syddyga sowgatdyr. Kim ony söýmese dinsiz bolar». Omaryň almasynda şeýle ýazylypdyr: «Bu alma towwap[3] Taňrydan Omar ibn Hattaba sowgatdyr, kim ony söýmese ýeri tamugdyr».

---

[1] Şefik — şepagatly, mähirli.
[2] Rafyk — mylaýym.
[3] Towwap — tobany kabul ediji.

Osmanyň almasynda ýazylypdyr: «Bu alma hannan[1] we mennan[2] Taňrydan Osman ibn Affana sowgatdyr. Kim ony söýmese dawagäri Rahman bolar». Alynyň almasynda ýazylypdyr: «Bu alma galyp[3] Taňrydan Aly ibn Abu Talyba sowgatdyr. Kim ony söýmese onuň dawagäri pygamber bolar».

Şakyk Balhydan[4] şeýle rowaýat edipdirler: «Jowahyr»[5] atly kitapda şeýle okadym: «Abu Bekr Syddyk Taňrytagala uly tagzym bilen ybadat edendigi üçin Taňry ony gullarynyň arasynda beýgeltdi. Hezreti Omar Taňrynyň haýbatlylygyndan, beýikliginden gorkardy. Taňry hem ony gullarynyň içinde haýbatly etdi. Hezreti Osman Taňrydan utanýardy. Taňry hem gullaryny ondan utandyrdy. Hezreti Aly Taňry dostlugy üçin tagat ederdi. Taňry hem gullarynyň köňlünde oňa söýgi bagyş etdi».

Bilgin, bu ähli sünnet wel-jemagat[6] mezhebiniň ynanjydyr. Her kimiň takdyry Taňrydandyr. Ýagşu-ýaman ähli zat onuň takdyry bilendir. Iman Taňrynyň peşgeşidir. Tagat Taňrynyň söýen zadydyr. Küpür we magsyýet[7] Taňrytagalanyň halamaýan zadydyr, ýöne

[1] Hannan — merhemetli, rehimli.
[2] Mennan — şepagatly, sahy.
[3] Galyp — ýeňiji, üstün çykyjy.
[4] Şakyk Balhy — meşhur sopularyň biri.
[5] Jowahyr — göwherler diýmek.
[6] Wel-jemagat — sünni mezhebi.
[7] Magsyýet — günä, günäkärlik, ýazyk.

onuň takdyry bilendir. Haktagala bu hakda Gurhanda aýtdy: «Alla öz gullarynyň küpürlerine razy däldir».[1]

Bilgin, gullar Allanyň ýaradan bendeleridir. Olaryň edýän işleri hem ýaradylandyr. Haktagala bu hakda Gurhanda aýtdy: «Alla sizi we siziň edýän işleriňizi ýaratdy».[2] Şeýle-de haýry-şeri, peýda-zyýany, şüküri we imany — işleriňiziň hemmesi Taňrynyň ýaradan zatlarydyr. Haktagala bu hakda Gurhanda aýtdy: «Aýt, Alla ähli zatlaryň ýaradyjysydyr».[3] Şeýle-de, bendesiniň sogap we tagat, küpür we günä işleriniň ählisi Taňrynyň eradasy bilendir. Haktagala bu hakda Gurhanda aýtdy: «Alla eger islese, halkyň hemmesini iman etdirerdi».[4] Bes, mälim boldy, Alla kapyrlaryň hem iman etmegini isleýär. Gullar hem güýçleriniň ýetdigiçe Taňrydan towpyk[5] dileýärler. Eger Hakdan towpyk bolmasa, haýyr we tagat gelmez. Haýyr Taňrynyň kömegi bilendir, günäkärçilik onuň söýmeýän zadydyr. Towpyk Hakdan gelýändir. Haktagala bu hakda Gurhanda aýtdy: «Towpyk we sabyr diňe Alladandyr».[6]

Hoja Fakyh aýdýar: «Towpyk Taňrynyň pazly-keremidir, ony kimi islese berer. Haktagala bu hakda

---

[1] Gurhanyň 39-njy («Zümer») süresiniň 7-nji aýaty.
[2] Gurhanyň 37-nji («Saffat») süresiniň 96-njy aýaty.
[3] Gurhanyň 39-njy («Zümer») süresiniň 63-nji aýaty.
[4] Gurhanyň 6-njy («Zümer») süresiniň 35-nji aýaty.
[5] Towpyk — başarnyklyk, üstünlik.
[6] Gurhanyň 11-nji («Hud») süresiniň 88-nji aýaty.

Gurhanda aýtdy: «Bu Allanyň pazly-keremidir. Ony öz islänine berer».[1]

Bilgin, Gurhan Taňrynyň sözüdir. Pygamber alaýhyssalam aýdýar: «Kim Gurhana mahlukdyr (ýaradylan) diýse, kapyr bolar». Haktagala bu hakda Gurhanda aýtdy: «Bu Gurhan arap dilindedir we ol ýaradylan («gaýry zi ywejin») däldir».[2] Tefsir[3] alymlary bu aýatdaky «gaýry zi ywejin» sözüni «Gurhan sözi ýaradylan däldir» diýip düşündirýärler.

Abdylla ibn Mesgut we Huzeýfa şeýle gürrüň berýärler: «Biz pygamberiň ýanynda otyrdyk. Pygamber alaýhyssalam aýtdy: «Kim Gurhana mahluk diýse, Taňry ondan bizardyr we men (Muhammet) hem ondan bizardyryn. Jebraýyl, ähli perişdeler we möminler hem ondan bizardyr. Şonuň üçin kim-de kim oňa mahluk diýse, bigüman kapyr bolar. Bilgin, Taňry ahyretde möminlere didaryny görkezer. Olar ony hiç hili sypatsyz we alamatsyz görerler. Çünki dünýäde ony görmediler. Onuň birligine, barlygyna köňülden şaýatlyk berip, sypatsyz we alamatsyz bildiler». Didaryny görkezjekdigine özi şaýat bolup, Haktagala bu hakda Gurhanda aýtdy: «Ol günde möminleriň ýüzleri ýagtylyp, açylyp, Perwerdigärlerine bakyp durar».[4] Pygamber alaýhyssalam aýdýar: «Möminler Taňryny göýä, gök ýüzündäki doly Aý ýaly görerler».

---

[1] Gurhanyň 62-nji («Juma») süresiniň 4-nji aýaty.
[2] Gurhanyň 39-njy («Zümer») süresiniň 28-nji aýaty.
[3] Tefsir — Gurhany düşündirýän ylym.
[4] Gurhanyň 75-nji («Kyýamat») süresiniň 22-nji aýaty.

Şeýle hem bilgin, pygamber alaýhyssalam kyýamat gününde kömek, ýardam, goldaw eder we onuň şepagaty kabul bolar. Çünki, hadysda şeýle diýdi: «Meniň şepagatym ymmatymdan uly günä iş edenlere bolar». Kim dünýäden iman we şepagat bilen çyksa, dirikä küpür işleri etmän, ikiýüzlülikden uzak durup, amaly-salyh[1] eden bolsa, ol şepagata mätäç bolmaz. Sebäbi, Taňrytagala ony ýalkap, rehmet eder». Pygamber alaýhyssalam hadysda şeýle diýýär: «Amaly salyh edýänler meniň şepagatyma mätäç däldirler».

Bilgin, mömininiň günäsi hernäçe köp bolsa-da, dowzahda ebedi galmaz. Imanynyň bereketi bilen günäsine görä azap çekenden soň, uçmaha girer. Tamugda ebedi galmak kapyrlara mahsusdyr. Mömininiň günäsi hernäçe köp bolsa-da, oňa kapyr diýilmez. Hak-tagala möminler hakda Gurhanda aýtdy: «Eý, iman edenler, Alla toba ediň».[2] Ýene-de bir aýatda: «Eý, möminler! Hemmäňiz Alla toba ediň»![3]

Bilgin, adam ogly üç hili bolýandyr: mömin, kapyr, mynapyk.[4] Mömin — dünýäde we ahyretde, ikisinde-de peýda gazanar. Içi-daşy hem musulmandyr. Kapyr — ne şu dünýäde peýdasy bolar, ne-de ahyretde. Içi-daşy bilen kapyrdyr. Mynapyk — imanynyň şu

1 Amaly-salyh — ýagşy işler.
2 Gurhanyň 66-njy («Tahrym») süresiniň 8-nji aýaty.
3 Gurhanyň 24-nji («Tahrym») süresiniň 31-nji aýaty.
4 Mynapyk — ikiýüzli.

dünýäde peýdasy bar. Başy haraçdan[1] halasdyr, ahyretde peýdasy ýokdur. Daşy musulman, içi kapyrdyr. Mynapyklaryň azaby kapyrlaryň azabyndan hem agyrdyr. Haktagala bu hakda Gurhanda aýtdy: «Hakykatdan hem mynapyklar dowzahyň iň erbet ýerinde bolarlar».[2]

Bilgin, pygamberiň magraja[3] çykandygy hakdyr. Onuň hakykatyny gümansyz şeýle ynanmak gerek. Ol öňürti Beýtil-mukaddese[4] bardy. Ol ýerden asmana çykdy. Ýedi gat asmany, perişdeleri we ol ýerdäki ajaýyplyklary gördi. Uçmahy, tamugy, arşy, kürsi, lowhy, galamy, hyjaplary we perdeleri gördi. Perdelerden geçip Hak bilen duşuşdy. Haktagala bu hakda Gurhanda aýtdy: «Öz bendesini mesjidi Haramdan (Käbeden), metjidi-Aksa seýr etdiren Alla päkdir».[5] Musa pygamber hem Hak bilen duşuşdy. Haktagala bu hakda Gurhanda aýtdy: «Alla Musa pygamber bilen gürleşdi».[6] Allatagala Ybraýym pygambere halylym we dostum diýdi. Haktagala bu hakda Gurhanda aýtdy: «Ybraýymy dost tutundy».[7] Jazulyk[8] we göz degmek hakdyr. Pygamberleriň

---

[1] Haraç — ýer salgydy. Musulman ýurtlarynda gaýry dinliler üçin ýörite paç bolupdyr.
[2] Gurhanyň 4-nji («Nebe») süresiniň 135-nji aýaty.
[3] Magraç — pygamberimiziň asmana çykarylan gijesi.
[4] Beýtil-mukaddes — Kudus şäherinde ýerleşen mukaddes öý.
[5] Gurhanyň 17-nji («Isra») süresiniň 1-nji aýaty.
[6] Gurhanyň 4-nji («Nebe») süresiniň 164-nji aýaty.
[7] Gurhanyň 4-nji («Nebe») süresiniň 125-nji aýaty.
[8] Jazulyk — jadygöýlik.

dogasy mugjyza[1] bilen kabul bolýandyr. Welileriň dogasy hem keramat bilen kabul bolýandyr. Taňrynyň kazasyna — ýazgydyna gabat gelse, kapyrlaryň dogasy-da kabul bolýandyr.

Bilgin, mugjyzalar diňe pygamberlerde bolýandyr. Ol başga hiç kime berilmez. Keramat welileriňkidir. Welileriň mertebesi hiç bir pygamberiň mertebesine ýetmez. Merýem[2] welidir we onuň ýanyna Zekeriýa pygamber gelerdi. Ol gelen mahaly Merýemiň ýanynda köp nygmatlar görerdi. Ol bir gün Merýemden: «Bu nygmatlar saňa nireden gelýär?» diýip sorady. Merýem aýtdy: «Taňrydan gelýär» diýdi. Gepiň keltesi, kim Merýeme pygamber diýse kapyr bolar. Sebäbi hiç bir aýala pygamberlik berilmedi. Sözümiziň maksady, weliniň keramaty hernäçe köp bolsa bolubersin, ol hiç haçan pygamberlik mertebesine ýetmez. Asyf ibn Berhyýa[3] hem göz-ýumup açasy salym içinde Bylkysyň tagtyny Süleýman pygambere getirdi.

Bes, öňki ymmatlarda keramat bar bolşy ýaly, bu ymmatyň welilerinde hem keramat bardyr. Şonuň üçin hem bu ymmat ymmatlaryň içinde iň haýyrlysydyr. Haktagala bu hakda Gurhanda aýtdy: «Siz ynsanlar üçin çykarylan iň haýyrly ymmat bolduňyz».[4]

---

[1] Mugjyza — adam güýjünden daşgary ajaýyp geňlikler we täsinlikler.
[2] Merýem — Isa pygamberiň ejesi.
[3] Asyf ibn Berhyýa — Süleýman pygamberiň baş weziri.
[4] Gurhanyň 3-nji («Äli Ymran») süresiniň 110-njy aýaty.

Bilgin, kim imany-şahadat getirse, ol kişi gylyçdan emin bolar.[1] Onuň gany we maly musulmanlara haramdyr. Şeýle hem musulman kişi, soltanlara garşylyk etmeli däldir. Eger soltan zalym bolsa hem onuň buýrugyny tutup, oňa tabyn bolmaly. Haktagala bu hakda Gurhanda aýtdy: «Siz Alla, pygambere we sizden bolan ýolbaşçylara tabyn boluň».[2]

Bilgin, Gurhanyň hökümi bilen gör azaby bardyr we hakdyr. Müňkür-Nekir sowaly hem hakdyr. Pygamber alaýhyssalam şeýle diýýär: «Gabyrda üç zat soralar. Owwaly «Taňryň kimdir?». ikinjisi «Pygamberiň kimdir?». Üçünjisi «Diniň haýsy dindir?» diýip sorarlar. Eger amal ýagşy bolsa, jogap dogry we dürs berler. Jogaplar doly berlensoň, onuň görüni şeýle bir giňelderler welin, ol göz ýetmejek bir bossanlyk kibi bolar. Onuň görüne uçmahdan bir dereje açylar. Onuň hoşboý yslary bardyr we oňa tä kyýamat gününe çenli dürli nygmatlar geler. Bu sowala jogap berip bilmedik betbagt gullar: «Biz bilmeýäris» diýerler. Olar «Biz bilmeýäris» diýenlerinden soň, iki perişde ony otdan ýasalan gürzi bilen şeýle bir urar welin, endamlary biri-birinden aýrylar. Görüniň içi tamug ody bilen dolar. Onuň görüne tamugdan bir dereje açylar. Ol ot onuň tenini iýer we tä kyýamat gününe çenli oňa azaplar berler».

[1] Emin bolmak — howpsuz, asuda, rahat, arkaýyn bolmak.
[2] Gurhanyň 4-nji («Nebe») süresiniň 59-njy aýaty.

Bilgin, Köwser howzy hem hakdyr. Haktagala bu hakda Gurhanda aýtdy: «Biz saňa Köwser suwuny berdik».[1] Köwser howzunyň ýanynda çaryýarlar Abu Bekr, Omar, Osman we Aly (goý, Allatagala olardan razy bolsun!) durup, sizlere şerap paýlarlar. Kim bu dört ýaranlardan birini söýmese, dördüsinden hiç haýsy oňa şerap bermez.

Bilgin, sorag-hasap boljakdygy hem hakdyr. Haktagala bu hakda Gurhanda aýtdy: «Kim zerre ýaly haýyr iş etse, ony görer, kim zerre ýaly şer iş etse, ony hem görer».[2] Eden işleriň alnyňa gelip okamak hakdyr. Haktagala bu hakda Gurhanda aýtdy: «Kitabyňy oka».[3] Terezi bilen amallaryň çekiljekdigi hakdyr. Haktagala bu hakda Gurhanda aýtdy: «Biz terezileri adalat bilen goýýarys».[4]

Syrat köprüsi hakdyr. Ol gyldan inçe, gylyçdan ýitidir. Uzynlygy üç müň ýyllyk ýoldur. Müň ýyly çykyşdyr, müň ýyly inişdir, müň ýyly hem düzlükdir. Pygamber alaýhyssalam dogalarynyň birinde şeýle diýdi: «Eý, Allam! Meniň aýagymy Syrat köprüsinde dogry ýöretgin». Uçmah we tamug hakdyr. Ikisi hem pany bolmaz. Haktagala bu hakda Gurhanda aýtdy: «Tükeniksiz we gadagan edilmeýän miweler köpdür».[5]

---

[1] Gurhanyň 108-nji («Köwser») süresiniň 1-nji aýaty.
[2] Gurhanyň 99-njy («Zilzile») süresiniň 7-8-nji aýatlary.
[3] Gurhanyň 17-nji («Isra») süresiniň 14-nji aýaty.
[4] Gurhanyň 21-nji («Enbiýa») süresiniň 47-nji aýaty.
[5] Gurhanyň 56-njy («Enbiýa») süresiniň 33-nji aýaty.

Rowaýat etdiler bir gün sahabalar biri-birleri bilen munazara[1] etdiler. Ylym barada çekeleşdiler. Biri-birlerinden sorag-soraýardylar. Hiç haýsy hem bilemok diýmeýärdi. Şol wagt Jebraýyl perişde geldi we pygambere habar getirdi. Pygamber alaýhyssalam olara duýduryş berdi. Olar hem gorkdular we toba etdiler. Indi munazara etmejekdiklerini aýtdylar. Pygamber alaýhyssalam aýtdy: «Kim munazara etse zyndykdyr,[2] ýagny dinsizdir. Üç zatdan daş duruň. Olar erbetdir. Owwaly munazara, ikinjisi müneçjimlik, üçünjisi sahabalara garşy çykmak».

Rowaýat etmeklerine görä, bir gün ymam Abu Ýusup[3] (goý, oňa Allanyň rehmeti bolsun!) Harun Reşidiň ýanyna bardy. Ol ýerde alymlar munazara edýärdiler. Harun Reşit Abu Ýusupdan: «Munazara rowamydyr?» diýip sorady. Abu Ýusup hem oňa: «Maňa munazara gerek däl. Men rowa hasaplamaýaryn» diýip jogap berdi. Ol şeýle diýensoň Harun Reşit oňa ýüz müň dirhem[4] peşgeş berdi. Kim musulman bolmak islese, ähli-sünnet mezhebini tutsun, nebis we bedgat[5] ýoluny terk etsin. Bu babyň içinde ähli-sünnet mezhebiniň ynanç esaslaryny beýan eýledik. Rehmetli Çelebim, öz lutpy-keremi bilen bizi ähli-sünnet wel-jemagat mezhebinde dogry ýoldan

---

[1] Munazara — çekeleşik, dawa.
[2] Zyndyk — dinsiz, hudaýsyz.
[3] Abu Ýusup — Ymam Agzamyň şägirtlerinin biri.
[4] Dirhem — gadymy kümüş pul birligi.
[5] Bedgat — dine täzelik girizmeklik; diniň düzgünlerine garşy çykmaklyk.

ýöretsin we daýym eýlesin! Bizi jümle musulmanlary haý-höwes we bedgat ýolundan gorap saklasyn! Enşalla.

## BÄŞINJI BAP: NAMAZ WE TAGAT BABY

Bilgin, namaz ähli tagatlaryň başydyr. Imandan soň öňürti gelýän bäş wagt namazdyr. Haktagala bu hakda Gurhanda aýtdy: «Gaýyba iman edenler we namaz okanlar».[1] Bir aýatda hem şeýle diýilýär: «Aýt: Eý, meniň iman edip, namaz okaýan bendelerim».[2] Başga bir aýatda hem: «Allanyň metjitlerini, Alla iman eden, ahyret gününe ynanan we namaz okanlar ymarat ederler»[3] diýilýär. Şonuň üçin namazy ähli tagatlardan öňürti buýurdy. Haj etmegi ömründe bir gezek buýurdy. Munuň delili hem tagat-ybadatlaryň içinde Taňrytagala namaz okany has söýer. Şonuň üçin hem her bir edilen tagat bir ybadatdyr. Emma namazyň ählisi ybadatdyr. Ol bitewidir. Alymlar aýdýarlar: «Namazyň ýedi zady bardyr. Birinjisi açardyr. Ikinjisi alamatdyr. Üçünjisi nurdur. Dördünjisi burhandyr.[4]

[1] Gurhanyň 2-nji («Bakara») süresiniň 4-nji aýaty.
[2] Gurhanyň 14-nji («Ybraýym») süresiniň 31-nji aýaty.
[3] Gurhanyň 9-njy («Toba») süresiniň 18-nji aýaty.
[4] Burhan — delil.

Bäşinjisi päklikdir. Altynjysy tahrymdyr.[1] Ýedinjisi tahlyldyr.[2]

Açar diýýänimiz täretdir. Täret iki hilidir. Biri batyndyr,[3] biri zahyrdyr.[4] Zahyr täret — täret kylmakdyr, ýagny ýuwunmakdyr. Batyn täret — toba etmekdir. Hezreti Aly aýtdy: «Täret bäşdir. Owwaly suw bilen, suw bolmasa toprak bilen täret kylmak. Ikinji täret diliňi gybatdan, ýalandan saklamakdyr. Üçünji täret köňlüňi göriplikden we hyýanatçylykdan saklamakdyr. Dördünji täret garnyňy haram lukmadan saklamakdyr. Bäşinji täret halal we tämiz arassa, päk lybas geýmekdir.

Namazyň alamaty beklemekdir, garaşmakdyr. Kim ýedi ýyllap yhlas bilen namaza garaşsa, onuň bedeni tamug oduna haram bolar. Bir gün Bilal Hebeşi[5] namaza garaşyp otyrka, asmandan bir ses geldi. Pygamber alaýhyssalam Jebraýyldan: «Bu ses näme?» diýip sorady. Jebraýyl: «Bilal namaza garaşýandygy üçin asmanlaryň gapysy açyldy, arşyň perdeleri göterildi. Bu ses onuň sesi» diýdi. Abu Bekr Syddyk: «Bu pazylat[6] diňe Bilalamy ýa-da ähli ymmatymy?» diýip sorady. Jebraýyl: «Ähli ymmata biledir» diýdi. Pygamber alaýhyssalam aýtdy: «Kyýamat gününde

---

[1] Tahrym — namaza başlanyňda («Allahu ekber») diýip başlamak.
[2] Tahlyl — («Alhamdu lillä») diýmek.
[3] Batyn — iç, içki.
[4] Zahyr — daş, daşky.
[5] Bilal Hebeşi — Muhammet pygamberiň azançysy.
[6] Pazylat — at-abraý, üstünlik, artykmaçlyk.

azançylaryň boýy hemmeleriňkiden uzyn bolar». Namazyň nury rukugdyr[1]. Delili sejdedir. Päklik ettehyýýatdyr.[2] Tahrym başlangyç tekbirdir.[3] Tahlyl salam bermekdir.

Taňry namaza dört pazylat (artykmaçlyk) berdi. Owwaly huşugdyr,[4] ikinjisi hormat, üçünjisi kurbet,[5] dördünjisi mynajatdyr.[6] Muhammet ibn Fazl aýdýar: «Parzlaryň içinde Taňryny bir bilmek parzdyr. Namaz içinde yhlas parzdyr. Doga-dileg içinde Taňry dergähine zarlyk eýlemek parzdyr». Öňki geçen alymlar: «Namazyň içindäki ähli işleriň iň ýagşysy seždedir. Şonuň üçin sežde Taňra ýakynlyk hasaplanýar» diýipdirler. Haktagala bu hakda Gurhanda aýtdy: «Sežde etmek bilen (Alla) ýakynlaş».[7] Käbir alymlar bolsa: «Namazyň manysy dileg etmekdir. Sejdäniň manysy bilmekdir we şeýtany gynandyrmakdyr» diýipdirler. Adam ogly sežde etse, iblis[8] perýat edip: «Indi men heläklige uçradym. Adam Adam ogly sejde edip uçmaha girer, men sežde etmedigim üçin tamuga girerin» diýer.

Bilgin, namazyň içindäki ähli hal-hereketler şeýle bir zada meňzär. Owwal başda tekbirde elleriňi ýokary

---

[1] Rukug — namaz okalanda dyzy epip egilmek.
[2] Ettehyýýat — namazda oturanyňda okalýan doga.
[3] Tekbir — («Allahu ekber») sözüni aýtmak.
[4] Huşug — Alladan gorkup namaz okamak.
[5] Kurbet — ýakynlyk.
[6] Mynajat — doga-dileg etmek.
[7] Gurhanyň 96-njy («Alak») süresiniň 19-njy aýaty.
[8] Iblis — şeýtanyň atlarynyň biri.

galdyrmak göýä ýer-gök suwa gark bolup, iki elini ýokary galdyryp: «Eý, Taňrym, ýazyklar günäler deňzine gark boldum. Sen meni halas etgin» diýen manyny aňladýar. Namazda ymamyň yzyndan tekbir aýdan kişi müň sogap gazanar. Şeýle hem ymamyň arkasynda bir tekbir eşitmek, dünýäden we onuň içindäki ähli zatdan haýyrlydyr.

Pygamber alaýhyssalam aýtdy: «Kim ertir we ýassy namazyny jemagat bilen okasa, ondan uly sogap ýokdur. Eger mynapyklar bu iki namazyň sogabyn bilselerdi, uly höwes bilen jemagata gelerdiler». Pygamber alaýhyssalam hezreti Ala wesýet edip aýtdy: «Eý, Aly! Saňa wesýet edýärin. Namazda birinji hatarda durgun. Birinji hatarda bolan, Taňrynyň ýanyndaky perişdeleriň hataryna meňzär. Jemagat hernäçe köp bolsa, sogaby hem şonça artyk bolar» diýdi.

Pygamber alaýhyssalam aýtdy: «Eger jemagat on kişiden artyk bolsa, olaryň sogabyny Taňrydan başga hiç kim bilmez». Jemagatyň misli göýä şunuň ýalydyr. Ýagny eger bir adam soltanyň ýanyna ýeke özi barsa, işi bitmez. Emma iki kişi bolup barsa, işi biter. Has köp bolup barsalar welin, has gowy biter.

Azançy azan aýdan wagty, hezreti Äşe duran ýerinden elini egnine ýetirmezden, sežde ederdi. Ondan: «Eý, musulmanlaryň enesi, näme üçin beýle edýärsiň?» diýip soradylar. Onda ol: «Men pygamberden eşitdim. Ol «Namaz okalýarka edilýän başga iş şeýtan pyglydyr» diýipdi» diýip jogap berdi.

Pygamber alaýhyssalam azançy azan aýdýarka Gurhan okamazdy, hiç zat etmezdi. Namaz okardy. Ondan: «Eý, Taňrynyň resuly, näme üçin beýle howlugýarsyňyz?» diýip soradylar. Onda ol: «Belki namazym kämil namazlardan bolar» diýip jogap berdi. Haktagala bu hakda Gurhanda aýtdy: «Haçan namaza başlasalar, ýaltalyk bilen başlaýarlar».[1]

Bilgin, gul haçan namazyň içinde «Allahu ekber» diýse, Taňry nida[2] edip: «Eý, perişdelerim, biliň! Ol meni ulaltdy we özüniň gullugyny bildi. Siz hem onuň tekbirini saklaň! Men ol tekbir bilen oňa ululyk bagyş etdim» diýer. Gul rukug etse, günäsiniň köpdügini ykrar etdigi bolar. Taňry aýdar: «Eý, perişdelerim! Görüň, ol gulum rukug eýledi. Meniň buýrugymy ýerine ýetirmek üçin elip kibi uzyn boýnuny, dal kibi iki gat eýledi. Meniň yzzatymyň haky üçin biliň, onuň ähli uly günälerini bagyşladym. Ony otuz müň ýyllyk ýol bolan Syrat köprüsinden ýyldyrym ýaly geçirerin. Haçan-da gulum «Semiallahu limen hamide»[3] diýse, Taňry aýdar: «Gulum hak aýdýar. Men onuň hamdyny eşitdim. Gulum sežde etse, onuň ähli ýazygy-günäsi bedeninden döküler. Bir perişde gygyryp: «Eý, gul! Eger sen kim bilen mynajat edýändigiňi bilsediň, onda hiç wagt namazdan düşmezdiň» diýer. Eger: «Näme üçin namazyň içinde rukug bir, sežde bolsa iki» diýip

---

[1] Gurhanyň 4-nji («Nebe») süresiniň 142-nji aýaty.
[2] Nida — seslenmek, ýüzlenmek.
[3] Manysy («Alla özüni hamd edýäniň hamdyny eşitdi») diýmek. Bu sözlem namazda rukugdan galanyňda aýdylýar.

sorasalar onuň jogaby şeýledir: «Rukug gulluk dawasyny eýlemekdir, ýagny bir Taňra ybadat edýärin diýmekdir. Sežde onuň şaýatlarydyr. Sebäbi şerigatda iki şaýat bolmasa şaýatlyk kabul bolmaz. Sejdäniň ikidiginiň bir manysy hem, birinji sežde parzdyr, ikinji sežde Alla ýakynlyk üçindir. Haktagala bu hakda Gurhanda aýtdy: «Sežde etmek bilen (Alla) ýakynlaş».[1] Onuň ýene bir manysy hem «Birinji sežde Rebbim meni bu toprakdan ýaratdyň» diýmekdir. Ikinji sežde «Soň ýene bu topraga girip toprak bolarsyň» diýmekligi aňladýar. Seždeden soň ýokary galmagyň manysy hem: «ölüp toprak bolandan soň, ýokary turjakdygy üçin» diýmekdir. Haktagala bu hakda Gurhanda aýtdy: «Biz toprakdan ýaradyldyk, oňa gaýdyp bararys, ýene-de ondan täzeden çykarys».[2]

Bu manylar mälim bolansoň, jany-teni bilen namaz okan guly hakda Haktagala Gurhanda aýtdy: «Ine, olar Rebbimden gelen dogry ýoldadyr».[3] Başga bir aýatda hem aýdýar: «Namazlaryny gorky bilen okan möminler (bagta ýetip) halas boldular».[4] Haýsy gul binamaz bolsa, Taňry ol hakda: «Weýl» atly tamug onuňkydyr» diýdi we Gurhanda şeýle diýdi: «Bes, okan namazlary peläket bolgaý».[5]

---

[1] Gurhanyň 96-njy («Alak») süresiniň 19-njy aýaty.
[2] Gurhanyň 20-nji («Taha») süresiniň 55-nji aýaty.
[3] Gurhanyň 2-nji («Bakara») süresiniň 7-nji aýaty.
[4] Gurhanyň 23-nji («Muminun») süresiniň 1-nji aýaty.
[5] Gurhanyň 107-nji («Mägun») süresiniň 4-nji aýaty.

Haýsy gul namazyň rukugyny we seždesini doly berjaý edip, namazyny gorky we edep bilen okasa, ol namaz görmegeý bir surat bolar-da, ol adama doga edip: «Eý, Taňrym, bu guluň saňa rukugy, seždesi we köňül ýakynlygy bilen namaz okap, ony saňa bagyş etdi. Indi sen bu guluň ähli günälerini ýalka» diýer. Rukugy we seždesi doly berjaý edilip, köňül ýakynlygy we gorky bilen okalmadyk namaz erbet suratda bolar. Ol namaza garşy bolar, ol namaz asmana çykmaga ýol tapmaz. Ol surat namaza päsgel bolar. Kyýamata çenli oňa lagnat okar. Pygamber alaýhyssalam aýtdy: «Iki kişi bir jemagatda namaz okasa biriniň teni we köňli namazda bolup, beýlekisiniň bolsa teni namazda bolup, köňli dünýäniň haý-höwesinde bolsa, ol ikisiniň namazynyň arasynda ýer bilen gök ýaly tapawut bardyr». Pygamber alaýhyssalam: «Ogrularyň iň ýowuzy, iň erbedi namaz ogrusydyr» diýdi. Ondan: «Kişi namazdan näme ogurlap biler?» diýip soradylar. Onda ol: «Namazdan ogurlamak, onuň rukugyny, seždesini doly berjaý etmezlikdir» diýdi.

Alymlaryň köpüsi aýtdylar: «Bäş wagt namaz garyplar üçin haj ýerindedir. Ertir namazy yhram[1] geýmekdir. Öýle namazy umradyr.[2] Ikindi namazy Arafa güni wakfa durmak.[3] Agşam namazy saç

---

[1] Yhram — haj mahaly geýilýän eşik.
[2] Umra — gurbanlyk günlerinden galan wagt haj etmek.
[3] Arafa güni — Gurban baýramynyň öň ýanyndaky güni, ýagny Gurban aýynyň dokuzy güni. Hajylar ol gün irden Arafat dagyna çykýarlar. Ymam ol

syrdyrmak we dyrnak almakdyr. Ýassy namazy togap zyýaratyny etmekdir». Baýlar bolsa ýola çykyp, niçe mallar harçlap, sogap gazanýarlar. Ýoksulyň Taňra laýyk görnüşde namaz okap, günde bir haj sogabyny tapmagynyň özüde keramatdyr.

Hezreti Omar aýdýar: «Namaz dört harpdyr. «Nun» nusratdyr[1], «mim» mülkdür, «elip» ülpetdir[2], «zi» zyýaratdyr. «Nunuň» pursatdygynyň delili hakda Taňry Gurhanda şeýle diýdi: «Biz pygamberlerimize kömek ederis».[3] Bir aýatda hem şeýle diýdi: «Bize möminlere kömek etmek wajyp boldy».[4] «Mimiň» mülkdüginiň delili hakda Taňry Gurhanda şeýle diýdi: «Soň nygmat we uly bir mülk görersiň».[5] «Elibiň» ülpetdiginiň delili hakda Taňry Gurhanda şeýle diýdi: «Emma Alla olaryň arasynda dostluk gurdy».[6] «Ziniň» zyýaratdygy hakda Taňry Gurhanda şeýle diýdi: «Ýagşy hereket edenlere elmydama has gowusy we üstün bolany berler».[7] Taňry biz gullaryna towpyk nesip etdirip, özüne namaz okanlardan eýlesin! Enşalla.

---

ýerde öýle we ikindi namazyny birleşdirip okaýar. Ymam namazdan öň we soň iki hutba okaýar. Hutbada jemagata hajyň düzgün–tertibi we Arafat dagyna çykyp wakfa durmaklary (dileg-doga etmekleri) barada wagyz edýär. Bular sünnetdir. Arafada wakfada durmagyň sogaby Müzdelifede gijäni geçirmegiň sogabyndan-da artyk hasaplanýar.

[1] Nusrat — ýardam, kömek, goldaw.

[2] Ülpet — ysnyşyk.

[3] Gurhanyň 40-nji («Gafyr») süresiniň 51-nji aýaty.

[4] Gurhanyň 30-njy («Rum») süresiniň 47-nji aýaty.

[5] Gurhanyň 76-njy («Ynsan») süresiniň 20-nji aýaty.

[6] Gurhanyň 8-nji («Enfal») süresiniň 63-nji aýaty.

[7] Gurhanyň 10-njy («Ýunus») süresiniň 26-njy aýaty.

# ALTYNJY BAP: ZIKR BABY

Bilgin, Taňrynyň zikrini etmek[1] ähli möminlere parzdyr. Haktagala bu hakda Gurhanda aýtdy: «Eý, iman edenler! Allanyň adyny köp zikr ediň!».[2] Ýene bir aýatda hem şeýle diýdi: «Allanyň adyny aýak üstünde durkalar we ýanyn ýatyrkalar zikr edýänler» ýagny, Taňryny dik durkaňyzam, ýan ýatyrkaňyzam we oturkaňyzam zikr eýläň!».[3] Allatagala gullaryna: «Eý, gullarym! Eger siz meni zikr etseňiz, men hem sizi zikr ederin» diýdi. Haktagala bu hakda Gurhanda aýtdy: «Meni ýatlaň, men hem sizi ýatlaryn».[4] Zikriň parzdygy hakda Gurhanyň köp ýerinde aýat bardyr.

Muňa ynanyp amal etmelidir. Mömin gullar zikr etmegi parz bilip, zikre meşgul bolmalydyr. Alymlar aýdypdyrlar: «Dostlugyň nyşany iki zatdyr. Birinjisi — dostuň az zadyny köp bilmek. Ikinjisi — köp zat berip, az hasaplamak». Sebäbi Taňry möminlere dostum diýdi we olara dünýäde sansyz köp nygmat berdi. Ol beren köp nygmatyna «az» diýdi. Haktagala bu hakda

---

[1] Zikr — ýatlamak, ýada salmak, agzamak.
[2] Gurhanyň 33-nji («Ahzap») süresiniň 41-nji aýaty.
[3] Gurhanyň 3-nji («Äli Ymran») süresiniň 191-nji aýaty.
[4] Gurhanyň 2-nji («Bakara») süresiniň 152-nji aýaty.

Gurhanda aýtdy: «Dünýäniň maly azdyr».[1] Möminleriň eden az zikrini hem köp hasaplady. Bu barada Gurhanda: «Köp zikr edýän erkekler we aýallar»[2] diýip wasp etdi. Taňryny zikr etmek dört hilidir. Birinjisi — Allatagala tagat-ybadata laýyk, yhlas bilen Taňryny ýatlap, dileg edip zikr etmek. Ikinjisi — günä iş edip, soň toba gelip, zikr etmek. Üçünjisi — nygmat içinde bolup, ol nygmatlara şükür edip, zikr etmek. Dördünjisi — mähnet[3] içinde bolup, şol mähnete-kynçylyga sabyr edip, zikr etmek.

Aýtdylar: «Taňryny köňül bilen ýatlamaly. Kim Taňryny köňli bilen ýatlasa, Taňry ony keramat we beşarat[4] bilen ýatlar». Rowaýata görä Taňry: «Eý, Muhammet, ymmatyňa aýt, eger men size eden ýagşylygymy Jebraýyla, Mikaýyla we ýakyn perişdelerime etsedim, uly keramat etdigim bolardy» diýdi. Alla Muhammet ymmatyna: «Maňa doga ediň, kabul edeýin»,[5] «Meni ýatlaň, men hem sizi ýatlaryn»,[6] ýatlaryn»,[6] «Siz meni tagat bilen ýatlaň, men sizi rehmet bilen ýatlaýyn. Siz meni hajat dilemek bilen ýatlaň, men size dilän hajatyňyzy bermek bilen ýatlaýyn. Siz meni gulluk bilen ýatlaň, men sizi Taňrylygym bilen ýatlaýyn. Siz meni bu dünýäde ýatlaň, men sizi ahyretde ýatlaýyn. Siz meni ýer

---

[1] Gurhanyň 4-nji («Nisa») süresiniň 77-nji aýaty.
[2] Gurhanyň 33-nji («Ahzap») süresiniň 35-nji aýaty.
[3] Mähnet — azap, zähmet.
[4] Beşarat — buşluk, şatlyk.
[5] Gurhanyň 40-njy («Gafyr») süresiniň 60-njy aýaty.
[6] Gurhanyň 2-nji («Bakara») süresiniň 152-nji aýaty.

ýüzünde ýatlaň, men sizi Arşyň üstünde ýatlaýyn» diýdi. Şeýle-de gullara Allanyň enaýaty[1] hem hakdyr.

Bilgin, kim günä iş etmek bilen Taňryny ýatlasa, Taňry ony lagnat bilen ýatlar. Pygamberden: «Köňül posy näme bilen aýrylar?» diýip soradylar. Ol: «Gurhan okamak bilen aýrylar» diýip jogap berdi.

Rowaýata görä, Musa pygamber Taňrydan: «Eý, Rebbim! Gullaryň içinde haýsy gul häkimräkdir?» diýip sorady. Alla: «Nebsine häkim bolan gulumdyr» diýdi. Musa pygamber ýene-de: «Eý, Rebbim! Gullaryňdan haýsy gul ýegräkdir?» diýip sorady. Alla: «Meni ýatlan gulumdyr» diýdi. Musa pygamber ýene-de: «Gullaryň iň baýragy kimdir?» diýip sorady. Alla: «Kanagatly gulum iň baý kişidir» diýdi.

Şakyk Zahyt aýtdy: «Ýagşylyklaryň hemmesi Taňryny ýatlamagyň içindedir. Erbetlikleriň hemmesi dünýäni dost edinmegiň içindedir». Aýtdylar: «Janlaryň hemmesi teşne ýagdaýda çykar. Diňe Taňryny köp ýatlan kişiniň jany teşnelige ganyp çykar». Aýtdylar: «Üç zat Taňrynyň hazynasydyr. Birinjisi Taňryny ýatlan ýürek. Ikinjisi şükür eden dil. Üçünjisi sabyrly beden». Taňry: «Köňli meniň zikrim bilen dileg-doga edýän kişi mömindir» diýdi. Bu barada Gurhanda şeýle diýdi: «Iman edenler we kalplary Allanyň zikri bilen rahatlyk tapanlar».[2]

---

[1] Anaýat — rehim, kömek.
[2] Gurhanyň 13-nji («Ragd») süresiniň 28-nji aýaty.

Aýtdylar: «Kim dünýäni söýse, onuň köňli gara bolar. Kim ahyreti ýatlasa, erkin bolar. Kim Möwlany ýatlasa, nur üstüne nur bolar». Hekimler aýtdylar: «Üç zady unutmaly däldir. Birinjisi ölümi, ikinjisi ahyreti, üçünjisi Taňryny ýatlap durmagy». Haktagalla öz pazly-keremi bilen gaflatdan oýanmagy we öz adyny janu-köňül bilen ýatlamagy Taňrym her bir guluna nesip etdirsin! Enşalla.

## ÝeDINJI BAP: YLYM BABY

Bilgin, ylym talap etmek we öwrenmek ähli musulman erkeklere we aýallara parzdyr. Allatagala Gurhanda ylym öwrenýän hakda şeýle diýdi: «Din ylmyndan habary bolan topar».[1] Pygamberimiz hem: «Ylym öwrenmek ähli musulman erkeklere we aýallara parzdyr» diýdi. Abu Sufýandan[2]: «Ylym öwrenmekmi ýa-da tagat etmek, haýsy ýeg?» diýip soradylar. Ol: «Ylym öwrenmek ýegdir» diýdi. Şonuň üçin hem ylymsyz tagat bolmaz. Taňry Muhammet alaýhyssalama: «Eý, Muhammet! Ylmyň artykmaçlygyny islegil, başga zat islemegil» diýdi. Bu barada Gurhanda şeýle diýdi: «Eý, Rebbim, ylmymy

---

[1] Gurhanyň 9-njy («Toba») süresiniň 122-nji aýaty.
[2] Abu Sufýan — sahabalaryň biri.

artdyr!».[1] Ýene bir aýatda hem şeýle diýdi: «Aýt, heýde bilýänler bilen bilmeýänler deň bolarmy?».[2] Ýagny bilýän adam bilen bilmeýäniň ylmy deň däldir. Tagat-ybadatdan ylymyň ýegdigi belli boldy. Pygamber alaýhyssalam: «Alymlaryň derejesi zahytlaryň[3] derejesinden ýetmiş dereje artykdyr. Aralary ýetmiş ýyllyk ýoldur» diýýär.

Eger alymlaryň abytlardan hem ýegräkdigini bilmek isleseň Adam pygamber bilen perişdeleriň hekaýatyny eşit. Owwal Adam ata ýaradylan wagty Taňry oňa ylym peşgeş berdi. Ol heniz ýeke zerre[4] mukdarda hem tagat etmändi. Perişdeler niçe müň ýyllap tagat we ybadat edipdiler. Haktagala Adam atany perişdelere görkezdi. Perişdeler ylymly bolanlaryň içinde, Adamy päk gördüler. Bu barada Gurhanda şeýle diýdi: «Adama ähli zatlaryň adyny öwretdi».[5] Perişdeleriň ylymlarynyň Adamyňkydan egsikdigi üçin Adamyň ylmynyň bereketinden perişdelere emr edip «Adama sežde ediň» diýdi. Bu barada Gurhanda şeýle diýdi: «Haçan-da Rebbiň perişdelere Adama sežde ediň diýende».[6]

Şeýle hem bilgin, Taňry möminleri atly-abraýly ýaratdy. Iti duýgur ýaratdy. It duýgurlygy bilen

---

[1] Gurhanyň 20-nji («Taha») süresiniň 114-nji aýaty.
[2] Gurhanyň 39-njy («Zümer») süresiniň 9-njy aýaty.
[3] Zahyt — takwa, ybadathon.
[4] Zerre — bir zadyň iň ownuk bölegi.
[5] Gurhanyň 2-nji («Bakara») süresiniň 31-nji aýaty.
[6] Gurhanyň 2-nji («Bakara») süresiniň 34-nji aýaty.

awlamagy öwrense, ol itiň öldüren awy iýilmez, onuň öldüreni myrdar bolar. Bu barada Gurhanda şeýle diýdi: «Allanyň size bildiren zatlaryny öwredip, eldekileşdirilen janawerleriňiz halal edildi. Olaryň size tutup getiren awlaryny iýiberiň».[1] Taňry gullaryna beren zatlary üçin minnet etmedi. Diňe ylym berenine minnet etdi. Bu barada Gurhanda şeýle diýdi: «Saňa seniň bilmeýän zatlaryňy öwretdi we Allanyň uly mähri saňa boldy».[2] Şeýle hem Allatagala Dawut pygamber bilen Süleýman pygambere patyşalyk berenine minnet etmedi-de, ylym berenine minnet etdi. Bu barada Gurhanda şeýle diýdi: «Dawut bilen Süleýmana ylym berdik».[3]

Pygamber alaýhyssalam: «Kim ylymdan kyrk mesele öwrense, ol kişi kyýamat gününde alymlar bilen bile bolar. Oňa şepagat ederin» diýdi. Şeýle hem pygamber alaýhyssalam: «Eger mömin bir meseläni öwrense ýa-da birine öwretse, Taňry oňa ýetmiş syddyk sogabyny berer» diýdi. Ol ýene-de: «Haýsy bir alym ýassygyň üstünde goýup, ylym kitabyna baksa, ýetmiş ýyl tagat edeniň sogabyny tapar» diýdi. Iblis hem: «Bir ýeke alym maňa müň abytdan[4] agyr gelýär» diýdi.

Ata ibn Ýesar aýdýar: «Bir adam Abdylla ibn Omardan: «Kişi haýsy amal bilen uçmaha girer, maňa

---

[1] Gurhanyň 5-nji («Maide») süresiniň 4-nji aýaty.
[2] Gurhanyň 4-nji («Maide») süresiniň 113-nji aýaty.
[3] Gurhanyň 27-nji («Neml») süresiniň 15-nji aýaty.
[4] Abyt — ybadat ediji.

öwret» diýip sorady. Abdylla ibn Omar: «Bar, ylym öwren, şonda uçmaha girersiň» diýdi. Ol hem: «Men senden tagat eder ýaly zat soraýaryn, sen bolsa ylym öwren diýýärsiň» diýdi. Abdylla ibn Omar ýene: «Ylym öwren» diýdi. Ol adam Abu Hureýranyň ýanyna bardy. Ondan hem sorady. Ol hem «Ylym öwren!» diýip aýtdy. Ondan soň hezreti Omaryň ýanyna bardy. Soň Abu Bekriň ýanyna bardy. Hemmesi hem «ylym öwren» diýip jogap berdiler. Soň Hezreti pygamberiň ýanyna bardy-da: «Hemmesi ylym öwren!» diýip jogap berdiler» diýdi. Pygamber hem oňa: «Haýsy mömin ylym öwrense, uçmah ony arzuwlar, kim ylym öwrenmek islemese, tamug ony arzuwlar» diýdi.

Pygamber alaýhyssalam: «Kyýamat gününde şeýle bir kişiler bolar, olar topugyndan tä bogazyna çenli dere gark bolarlar. Hatda şeýle bir derlärler welin, ýetmiş sany suwsan düýe onuň derini içse-de, ýekeje zerresi hem kemelmez» diýdi. Ondan: «Eý, Resulalla, ol derlemekden halas bolmagyň dermany näme?» diýip soradylar Ol hem: «Alymlaryň öňünde oturyp, ylym öwrenmekdir» diýip jogap berdi.

Pygamber alaýhyssalam: «Meniň ymmatymyň alymlary Beni Ysraýylyň pygamberleri ýalydyr. Kyýamat gününde alymlar şepagat ederler. Alymlary yhlas bilen söýüň. Alymlary söýmän, duşman tutan mynapykdyr. Kim alymlara hormat goýsa, maňa hormat goýdugydyr. Kim maňa hormat goýsa, Taňra hormat goýdugydyr. Kim Taňra hormat goýsa, uçmah

onuň barjak ýeridir. Kim alymlary hor tutsa, äsgermese, meni hem hor görüp, äsgermedigidir. Kim meni hor görse, äsgermese, Taňryny hem har tutdugydyr, äsgermedigir. Kim Taňryny hor görse, äsgermese, tamug onuň makamydyr[1]» diýdi. Ol ýene-de: «Alymlaryň dileg-dogasyny olja hasaplaň! Kim bir alymyň yzynda durup, namaz okasa, meniň yzymda namaz okan ýaly sogap alar. Şeýle hem Ybraýym pygamberiň yzynda namaz okan ýaly sogap gazanar» diýdi.

Bilgin, alymlaryň söhbeti bir çemenlikdir. Özi-de uçmah çemenliklerindendir. Bularyň söhbetine ýagyş ýaly rehmet ýagar. Haýsy kişi olaryň ýanyna günäli bolup gelse, olaryň günäleri dökülip gider. Hezreti Omardan rowaýat etdiler: «Bir adam pygamberiň ýanyna geldi-de, ondan: «Eger bir alym mejlis gurup, ylym okadýan bolsa, edil şol wagt bir jynaza gabat gelse, ol alyma mejlisinde oturmagymy ýa-da jynaza barmagy ýegmi?» diýip sorady. Pygamber: «Eger jynazada namaz okap, depin eder ýaly birnäçe adam bar bolsa, ol alymyň mejlisinde oturmagynyň sogaby, müň jynazadan artykdyr. Şeýle-de alymyň mejlisde oturmagy, müň gün agyz beklemekden, müň syrkaw soramakdan, müň altyn sadaka bermekden, müň gezek haja gitmekden, müň gezek gazawat[2] etmekden artykdyr». Taňrynyň birligi we oňa ybadat etmek ylym

---

[1] Makam — orun, dereje.
[2] Gazawat — din üçin mukaddes söweş.

bilen bilinýär. Eger alym ylmyny bir kişini masgaralamak niýeti bilen okasa, ýagny bir alym, kişi bilen basdaşlyk edip okasa, ýa-da soltandan hormat tapaýyn diýse, ýa-da halkdan mal-dowar alaýyn diýse, ol tamuglykdyr.

Hasan Basrynyň ýanyna bir aýal gelip: «Musulmanlaryň din arassaçylygy, din kuwwaty, din göwheri, din görki, din hazynasy nedir?» diýip sorady. Hasan Basry oňa: «Eý, aýal, sen aýtgyl men hem öwreneýin» diýdi. Aýal: «Eý, musulmanlaryň ymamy, tamjagazym ýykyldy. Bir daşyň aşagynda bu sözler ýazylan eken: «Din arassaçylygy — abdest[1] (täret) kylmakdyr. Din kuwwaty — namaz okamakdyr. Din göwheri — Taňrydan we halkdan utanmakdyr. Din hazynasy — ylymdyr. Kim täret almasa, dininiň päkligi ýokdur. Kimiň namazy ýok bolsa, dininiň kuwwaty ýokdur. Kimiň Taňrydan gorkusy ýok bolsa, dininiň göwheri ýokdur. Kimiň ylmy ýok bolsa, dininiň hazynasy ýokdur» diýdi.

Abulkasym Hekim aýdýar: «Kim dünýälik islese, tä kesp edip gazanmasa we zähmet çekmese, ony tapmaz. Kim ahyret islese tä tagat etmese ony tapmaz. Kim ylym öwrenmek islese, tä kynçylyk we horluk çekmezden, ony tapmaz. Kim Taňryny tapmak islese, tä mähnet görmese ony tapmaz. Kim ylym islese, zähmete sabyr etsin. Kim zähmete sabyr etse, rehmete gowşar. Kim dünýäde hormat-sylag islese, hor bolar.

[1] Abdest — täret almak.

Kim horluga sabyr etse, hormat-sylaga gowşar. Aýtdylar: «Alym kişä üç zat gerekdir, bular ýumşaklyk, tamakin bolmazlyk we perhizkärlik».[1] Taňrym öz lutpy-keremi bilen bu üç zady biz gullaryna bagyşlar! Enşalla.

[1] Perhizkärlik — takwalyk, dünýäden daş durmak.

## SEKIZINJI BAP: HIKMET BABY

Bilgin, Taňry kime hikmet beren bolsa, minnet eýledi. Bu barada Gurhanda şeýle diýdi: «We hikmet berdi, ýöne uly haýyr berildi».[1] Käbirleri: «Hikmetiň manysy pygamberlikdir», käbirleri bolsa: «Hikmetiň manysy haram-halaly bilmekdir», käbirleri hem: «Hikmet bir nurdur. Ol ylham bilen şeýtanyň berýän waswasyny tapawutlandyrýar» diýdiler. Waswasa erbet häsiýetdir. Ol köňle gelýändir. Ol şeýtandandyr, ony terk et. Ylham ýagşy we haýyrly häsiýetdir. Ol köňle geler. Ol Alladandyr. Käbirleri hem: «Hikmet — akyldyr we ýagşy sözdür», «Hikmet-özüňi bilmekdir» diýdiler. Käbirleri: «Bende diýmek dört harpdyr. «Bi» — Taňrynyň berenine kanagat etmekdir. «Nun» — Taňrynyň tagatyny söýmekdir. «Dal» — didaryny görmekdir we utanmakdyr. «Hi» — Taňrynyň ýakynlygyna hümmetdir» diýdiler.

Abu Bekr Warrakdan rowaýat etdiler. Ol aýtdy: «Hikmet üç zatdyr. Ylym, pygamberlik we dirilikdir[2].

[1] Gurhanyň 2-nji («Bakara») süresiniň 269-njy aýaty.
[2] Dirilik — ýaşaýyş, durmuş.

Ylym — Gurhany bilmekdir. Pygamberlik — sünnetlerini berjaý etmekdir. Dirilik — tagat etmekdir. Pygamberimiz: «Hikmet — Taňry gorkusydyr» diýdi. Hikmet abraýlylaryň abraýyny has-da artdyrar. Bir gün Lukman Hekim mejlis gurap, halkyň arasynda oturyp, olara pent-nesihat edip oturdy. Bir adam muny görüp haýran galdy. Ol Lukmanyň ýanyna gelip: «Sen pylan kişiniň guly dälmi? Sen goýun bakýardyň?» diýdi. Lukman Hekim «Hawa» diýdi. Ol kişi ýene: «Bu mertebä nädip ýetdiň?» diýdi. Lukman Hekim: «Taňry meni bu derejä hikmet bilen ýetirdi, ýagny iki gorky we iki umyt bilen ýetdim» diýdi. Ol ýene: «Nädip?» diýip sorady. Onda ol: «Birinjiden, Taňry meni tamug we şeýtany dünýä ibermek bilen gorkuzdy. Şeýtanyň gorkuzanlaryny ýalan bildim. Sebäbi men Taňrynyň şu dünýädäki rysgalymy başga birine bermejekdigini bilýärdim. Tamug gorkusyny hakykat bildim. Ikinjiden Taňry maňa uçmah umydyny görkezdi. Iblis maňa dünýä umydyn görkezdi. Dünýäniň umydyn kowdum. Uçmah umydyn sakladym. Bu sebäpden Taňrym meni bu derejä ýetirdi» diýip jogap berdi.

Abulkasym Hekim aýdýar: «Bereket dört zatdyr. Birinjisi az ömürde köp tagat etmekdir. Ikinjisi az ylym bilen köp amal etmekdir. Üçünjisi az nygmata köp şükür etmekdir. Dördünjisi bolsa, az zadyňdan köp sadaka bermekdir». Hezreti Alydan: «Dünýäniň sermaýasy näme? Ahyretiň sermaýasy näme?» diýip soradylar. Ol hem: «Dünýäniň sermaýasy — tagat edip, halk bilen ýagşy gatnaşyk saklamakdyr. Ahyret

sermaýasy — dogry sözlemekdir» diýdi. Ondan ýene-de: «Dünýäde iň uly zat näme?» diýir soradylar. Ol: «Dünýäde iň uly zat ylymdyr. Ylym bilen halym[1] kişi bolmak hem iň uly zatdyr» diýdi.

Bir rowaýatda şeýle diýilýär: «Eger gul günälerinden toba etse, ol zahytlardan bolar. Taňrym bir perişde iberer we onuň köňlünde agaç dikýän ýaly hikmet diker. Kim erbet ýoldaşdan aýrylsa, Taňry oňa ýagşy ýoldaş berer». Abulkasym Hekimden: «Akylly kimdir?» diýip soradylar. Ol: «Üç zady saklaýan akyllydyr. Biri yhlas bilen tagat edip, hakykaty sözlese. Iknjisi halkyň arasynda mürewwetli[2] bolsa. Üçünjisi Taňrynyň beren rysgalyna kanagat etse we belalaryna sabyr etse» diýdi. Aýtdylar: «Kim köp bakyjy bolmasa, Taňrydan gorkýanlygydyr. Kim köp geplemese, hikmetdir. Kim köp ýatmasa, öwülmekdir. Kim köp gülmese, agraslylykdyr. Kim köp gybat etmese, dostlukdyr». Abulkasym Hekim aýdýar: «Kim dört zady saklasa, ylmyň başyny we ahyryny ýerine ýetirdigidir. Owwaly zahyryny[3] arassa saklasa, ikinjisi içki dünýäsini arassa saklasa, üçünjisi halyny arassa saklasa, dördünji özüniň hoş gören zadyny başgalara hem arzuw etse».

Magrypat ýedi zatdyr: «Birinjisi – Taňra şükür etmekdir. Ikinjisi – göz bilen erbet zatlara seretmekden daş durmakdyr. Üçünjisi – gulagyň bilen hikmet eşit-

---

[1] Halym — ýumşak, pespäl, mylaýymlylyk.
[2] Mürewwet — mähribanlyk, merhemetlilik.
[3] Zahyr — daş görnüş.

mekdir. Dördünjisi – köňlüň bilen Taňryny söýmekdir. Bäşinjisi – az zat bilen bu jahanda kanagat etmekdir. Altynjysy – tagat etmäge höwes etmekdir. Ýedinjisi – ahyret üçin gam çekmekdir. Taňry bu öwütleri tutmak üçin bize kömek bersin! Enşalla.

## DOKUZYNJY BAP: GAZYLYK BABY

Gazylyk[1] bäş görnüşdir: «Birinjisi kapyrlar bilen äşgär söweşmek. Bu barada Gurhanda şeýle diýdi: «Eý, Pygamber! Kapyrlar bilen söweş».[2] Ikinjisi kapyr bilen gizlin söweşmek. Ol kapyr hem iblisdir. Bu barada Gurhanda şeýle diýdi: «Hakykatdan hem, şeýtan size duşmandyr. Ony duşman hasaplaň».[3] Üçünjisi mynapyklar[4] bilen göreşmek. Bu barada Gurhanda şeýle diýdi: «Mynapyklara garşylyk görkez».[5] Dördünjisi öz nebsiň bilen söweşmek. Bu barada Gurhanda şeýle diýdi: «Biziň ugrumyzda göreşenleri öz ýolumyza gönükdireris».[6] Bäşinjisi kalby bilen meşgullanmakdyr. Bu barada Gurhanda şeýle diýdi: «Alla ýolunda doly manyda gaýrat-tagalla ediň».[7]

---

[1] Gazy — din ugrunda göreşiji.
[2] Gurhanyň 9-njy («Toba») süresiniň 73-nji aýaty.
[3] Gurhanyň 35-nji («Fatyr») süresiniň 6-njy aýaty.
[4] Mynapyk — ikiýüzli.
[5] Gurhanyň 9-njy («Toba») süresiniň 73-nji we 66-njy («Tahrym») süresiniň 9-njy aýaty.
[6] Gurhanyň 29-njy («Ankebut») süresiniň 69-njy aýaty.
[7] Gurhanyň 22-nji («Haj») süresiniň 78-nji aýaty.

Baýezit Bestamydan: «Sen suwuň üstünde ýöreseňde, näme üçin aýagyň suwa batmaýar?» diýip soradylar. Ol: «Bu hünär däldir. Bir gury agaç hem suwda batmaz» diýdi. Ondan ýene: «Sen nädip, howanyň ýüzünde uçýarsyň?» diýip soradylar. Ol: «Bu hem hünär däldir. Sebäbi, bir guş hem howada uçar» diýdi. Ondan ýene-de: «Sen nädip bir günde Mekgä barýarsyň?» diýip soradylar. Ol: «Bu hem hünär däldir. Çünki, jadygöýler hem jadylary bilen bir günde ýeriň ol ujuna barýar» diýdi. Ondan ýene: «Onda erenleriň hünäri näme?» diýip soradylar. Ol: «Hünär — köňlüň Taňra bil baglamagydyr we hiç bir kişä bil baglamazlykdyr» diýdi.

Hezreti Aly aýtdy: «Är kişiniň hünäri dört zatdyr. Birinjisi – alymlaryň ýanynda ylym ýazyp öwrenmekdir. Ikinjisi – kapyrlara garşy gylyç çekmekdir. Üçünjisi – eneleriň öňünde tagzym etmekdir. Dördünjisi – don arassa bolup, gusul eýläp, Allanyň öňünde namaz okamakdyr. Kapyrlara garşy söweşeni Taňry söýer. Bu barada Gurhanda şeýle diýdi: «Hakykatdan hem Alla öz ýolunda hatar bolup söweşenleri söýer, sylar».[1]

Şeýle hem Allatagala gazylara: «Men size kömek bererin, eger siz meniň ýolumda söweşseňiz» diýdi. Bu barada Gurhanda şeýle diýdi: «Eger siz Alla kömek etseňiz, ol size kömek eder».[2] Şeýle hem Taňry

---

[1] Gurhanyň 61-nji («Sap») süresiniň 4-nji aýaty.
[2] Gurhanyň 47-nji («Muhammet») süresiniň 7-nji aýaty.

gazylary özüne degişli edip «Olar meniň goşunymdyr» diýdi. Bu barada Gurhanda şeýle diýdi: «Olar Allanyň toparydyr».[1] Şeýle hem gazylara sogap, rehmet, magrypat we buşluk berdi. Bu barada Gurhanda şeýle diýdi: «Ynananlardan sebäpsiz ýere öýlerinde oturanlar bilen mallary we janlary bilen gazawat edenleri, dereje taýdan oturanlardan üstün edendir».[2]

Pygamber alaýhyssalamdan rowaýat etdiler. Ol: «Taňry gazylara togsan dokuz rehmet gapysyny açar we olary ýalkar. Haçan-da, gazylar öýlerinden çyksa, ähli ýazyklary, günäleri tenlerinden döküler. Daglar, daşlar, deňizler we ähli ýaradylan zatlar oňa ystygpar[3] aýdarlar, günäsiniň geçilmegini dilärler. Olar haýsy bir ölüm bilen ölseler hem şehit bolarlar» diýdi.

Pygamber alaýhyssalamdan rowaýat etdiler. Ol: «Şehitler kapyrlaryň elinde ölenlerdir. Taňry olara pygamberlere berilmedik bäş zady berdi. Birinjisi – pygamberleri Taňry öldürdi. Bu barada Gurhanda şeýle diýdi: «Sen ölersiň, olar hem ölerler».[4] Şehitler bolsa baky diridir. Bu barada Gurhanda şeýle diýdi: «Alla ýolunda öldürilenleri öli hasaplamaň, olar diridir».[5] Ikinjisi – pygamberleri ýuwup depin edýärler. Şehitleri bolsa, ýuwmazdan ganlary bilen depin edýärler. Üçünjisi – pygamberleri kepene dolap, soň gömýärler.

[1] Gurhanyň 5-nji («Maide») süresiniň 56-njy aýaty.
[2] Gurhanyň 4-nji («Nisa») süresiniň 95-nji aýaty.
[3] Ystygpar — günäni geçmekligi haýyş etmek.
[4] Gurhanyň 39-njy («Zümer») süresiniň 30-njy aýaty.
[5] Gurhanyň 2-nji («Bakara») süresiniň 154-nji aýaty.

Şehitlere kepen geýdirilmeýär. Olary öz lybaslary bilen gömýärler. Dördünjisi – pygamberler bu dünýäde gazylyk arzuw ederler. Şehitler gazylyk ederler. Bäşinjisi – kyýamat gününde şehitler kimiň ýanyna barsa, şepagat ederler. Pygamberler diňe ymmatlaryna şepagat ederler» diýdi.

Bilgin, nebsini we köňlüni Taňrynyň tagatyna öwürmek Allanyň ýoluna beden bilen gazylyk etmekden ýegdir. Bir gün pygamberimiz gazylykdan gelýärdi. Ol: «Biz kiçi gazylykdan gelýäris. Indi uly gazylygy edeliň» diýdi. Ondan: «Uly gazylyk nämedir?» diýip soradylar. Ol: «Şeýtan bilen söweşmekdir. Eger kapyry öldürseň, sen gazy, eger kapyr seni öldürse, seniň ýeriň uçmah bolar. Eger iblis seniň köňlüňi öldürse, onda seniň ýeriň tamug bolar. Bes, uly gazylyk budur. Şonuň üçin iblis seni öldürmänkä, sen iblisi öldürmelisiň» diýdi.

Rowaýat etdiler bir gün Isa pygamber bir goja çopana duş geldi. Oňa: «Eý, bende, sen çöl-beýewanda garrapdyrsyň, ölümiň hem ýakynlaşypdyr. Näme üçin gazylyk etmeýärsiň?» diýdi. Onda çopan oňa: «Ýetmiş ýyldyr gazylyk edýärin» diýdi. Isa pygamber: «Ol nähili?» diýip sorady. Çopan: «Iki ogry bilen mydama söweşýärin. Bir ogry içimde, biri daşymda. Içimdäki ogry — meniň nebsimdir. Meniň ýagşy köňlümi erbet ýere elter. Daşymdaky ogry — iblisdir. Meni tamuga ýagny dowzaha elter» diýdi. Isa: «Bular bilen nähili söweşýärsiň?» diýdi. Çopan: «Meniň atym sabyrdyr. Taňry ýakynlygy meniň ýaragymdyr. Töwekgel meniň

galkanymdyr. Yhlas meniň gylyjymdyr. Taňry gorkusy meniň okum-ýaýymdyr. Taňryny zikr eýlemek meniň gürzimdir» diýdi. Çelebim! Öz pazlyň we enaýatyň bilen saňa tagat etmäge üstünlik bergil. Şeýtany kör we masgara etmegi sen nesip etgil! Ähli mömin gullaryňy iblisden goragyl.

## ONUNJY BAP: JOMARTLYK BABY

Jomartlyk dört hilidir. Birinjisi — mal jomartlygy; Ikinjisi — ten jomartlygy; Üçünjisi — jan jomartlygy, Dördünjisi — köňül jomartlygy. Mal jomartlygy zahytlaryňkydyr[1]. Olar mallaryndan Taňry ýoluna sarp ederler. Ahyreti satyn alarlar. Ten jomartlygy — müjtehitleriňkidir.[2] Olar tenleri bilen Taňrynyň tagatynda durar, onuň bilen hidaýata ýeterler. Jan jomartlygy — şehitleriňkidir. Olar janlaryny Taňry ýoluna bererler. Onuň hoşnutlygyny satyn alarlar. Köňül jomartlygy — aryplaryňkydyr. Olar köňüllerini berip, Taňry dostlugyny satyn alarlar.

Hatam ýaranlaryna: «Eger sizden Hatamdan näme öwrendiňiz?» diýip sorasalar, näme diýerdiňiz?» diýdi. Olar: «Ylym öwrendik diýeris» diýdiler. Hatam: «Eger: «Ol alym däl bolsa, siz ondan näme öwrendiňiz?» diýseler näme diýersiňiz?» diýdi. Onda olar: «Biz näme diýjegimizi bilmeýäris» diýdiler. Ol:

---

[1] Zahyt — namazhon, terkidünýälik.

[2] Müjtehit — gaýrat-tagalla sarp edýän, köp ybadat edýän.

«Baýlyk öwrendik diýiň. Eger: «Baýlyk nämedir?» diýseler, «Kanagatdyr diýiň» diýdi.

Abulkasym Hekim aýdýar: «Bahyllyk üç dürlüdir. Birinjisi – kimdir biriniň başga birine haýyr etmegini islemez. Ony ol haýyrdan daş saklar. Ikinjisi – ýolda musulman sataşsa, salam bermez. Üçünjisi – pygamberiň adyny eşidende, oňa salawat aýtmaz».

Bilgin, Taňry jomardy iman bilen ýatlady. Bahyly küpür bilen ýatlady. Şeýle hem jomardy halas bolmak bilen ýatlady. Jomarda ýagşy wada berdi. Gurhanyň içinde jomartlar barada birnäçe aýatlar gelýär. Döwlet — ryýasyz jomartlyk eden jomartlaryňkydyr.

Taňry Töwratyň içinde: «Eý, Adam ogly! Malyňy meniň ýanymda sakla! Ol oda köýmez, oňa ogry degmez, ertirki gün gerek mahaly men ony saňa bererin» diýdi. Pygamber alaýhyssalam: «Iman — jomartlyk we ýagşy gylyk bilen güýçlener» diýdi. Pygamber alaýhyssalam ýene: «Üç kişi uçmaha girmez. Birinjisi – atasyna we enesine azar beren. Ikinjisi – elmydama şerap içen. Üçünjisi – bahyl kişi. Gysganç zahytdan, pasyk jomart ýegdir» diýdi.

Rowaýat etdiler, bir gün Isa pygamber iblisi gördi. Oňa: «Eý, iblis! Seniň dostuň kim, duşmanyň kim?» diýdi. Ol: «Meniň dostum bahyldyr. Duşmanym jomartdyr» diýdi. Pygamber alaýhyssalam: «Siziň etmeli işiňiz, jomart boluň! Sebäbi, onuň içinde alty zat bardyr. Üçüsi bu dünýäde, üçüsi bolsa ahyretde. Dünýäde bolan üç zat bir ymarata meňzär. Uzynlygy giň bolar, maly köp bolar. Ahyretdäki üç zat sada-

kadyr. Ol başyna kölege bolar. Şerleri dep eder. Onuň bilen arasynda perde bolar» diýdi. Şeýle hem: «Jomart kişi gije düşeginde günäli ýatar, ertir irden düşeginden günäsiz turar» diýdi.

Hezreti Aly: «Ýoksula bir lukma çörek bermek, dilegçä bir altyn berenden ýegdir. Şeýle hem Taňry jomartlary söýer» diýdi. Jomartlyk ähli milletiň içinde, ähli ymmatlaryň içinde halanýandyr, söýülýän zatdyr. Pygamber alaýhyssalam: «Eý, Taňrym! Meni misginleriň[1] bilen direlt we misginleriň bilen öldür. Kyýamat gününde meni misginler bilen turuzgyl» diýdi. Taňry Musa pygambere: «Eý, Musa! Dört ýagdaý sebäpli bendelerimi saňa şikaýat edýärin. Birinjisi – men bulara mal berdim. Karz soradym bermediler. Gysgançlyk etdiler. Ikinjisi – duşmanyňyzdan habardar boluň, daş duruň diýdim, gaçmadylar. Üçünjisi – uçmaha çagyrýaryn weli, gelmeýärler. Dördünjisi – tamugdan gaçyň diýdim, gaçmaýarlar. Özlerini tamuga taşlaýarlar» diýdi.

Kagbul-Ahbar aýdýar: «Üç kişiniň kyýamat gününde ökünji kabul bolmaz. Biri — öýüniň işigindäki jemagata barmaýan. Ikinjisi – ýoksul gapysyna zat sorap gelende, iýýän zadyndan ýoksula hiç zat bermeýän. Üçünjisi — ýagşy işi etmeýän we erbet işden daş durmaýan». Çelebim, enaýat edip, bize özüne laýyk amallary bagyş eder! Enşalla.

---

[1] Misgin — garyp.

## ON BIRINJI BAP: ALLADAN HAÝA ETMEK WE GORKMAK BABY

Hemme ýerde Alladan utanmak we gorkmak gerekdir. Onuň buýrugyndan daş çykmaly däldir. Taňry gizlin we äşgär ähli ýerde häzirdir, biler, eşider. Bu barada Gurhanda şeýle diýdi: «Bilmeýärsiňmi, Allatagala ähli zady görýär».[1] Pygamber alaýhyssalam: «Taňrydan utanyň we doly tagat ediň. Siz ony görmeseňiz hem, ol sizi görýändir. Siz ony görýän ýaly bolup tagat ediň». Bu barada Gurhanda şeýle diýdi: «Ol siziň kalplaryňyzdaky ähli zatdan habardardyr».[2] Kim Taňrydan utansa, dilini gybatdan, garnyny haramdan saklasa, dünýä günälerini terk eder, gaýypdan habar bermez»[3] diýdi. Pygamber alaýhyssalam: ««Kim meniň bu alty nesihatymy tutsa, ol uçmaha girer. Owwaly ýalan sözlemese, ikinjisi – wadasyna biwepa bolmasa, üçünjisi – amanata hyýanat etmese, dördünjisi – gözüni haramdan saklasa, bäşinjisi – elini haram zada uzatmasa, altynjysy – uýat ýerlerini

---

[1] Gurhanyň 96-njy («Alak») süresiniň 14-nji aýaty.
[2] Gurhanyň 67-nji («Mülk») süresiniň 13-nji aýaty.
[3] Ýagny palçylyk, gaýypdan habar bermek bilen meş gul bolmaz.

zynadan saklasa. Haçanda bir iş etseň, Taňrynyň didaryny ýadyňa sal. Haýsy iş Taňrynyň didaryna laýyk bolsa, ony ýerine ýetirgil. Haçanda söz sözlemekçi bolsaň, ol sözüň şahadata[1] muwapyk bolsun we Taňry eşitmäge laýyk bolsun. Bu barada Gurhanda şeýle diýdi: «Men siziň bilendirin. Siz näme işleseňiz eşidýändirin, görýändirin».[2]

Suheýl ibn Abdylla aýdýar: «Bir alym öwüt-nesihat edip: «Diliň aýdan sözleriniň hemmesi şahadatyňa muwapyk[3] bolsun, teniň bilen edýän işiň tagata laýyk bolsun. Köňlüňe salan işiň magrypete laýyk bolsun» diýdi. Abdylla ibn Omar bilen Abdylla ibn Dinar sapara çykdylar. Mekgäniň töwereginde bir ýerde düşlediler. Bir çopanyň goýun bakyp ýörendigini gördüler. Ol çopana: «Bize bir goýun sat» diýdiler. Çopan: «Men bir hyzmatkär, goýuny nädip sataýyn» diýdi. Abdylla ibn Omar: «Sen bize bir goýun sat, hojaýynyňa gurt iýdi diýersiň» diýdi. Onda çopan: «Men näme üçin hojaýynymy aldaýyn, men ýalan sözlesem Taňryny tapmaryn» diýdi. Abdylla ibn Omar ol guly hojaýynyndan satyn aldy we ony azat etdi. Serediň! Ol gul ýalan sözi terk edendigi, ýalan sözlemänligi üçin azat boldy. Taňry öz hakyky söýen gullaryny tamug odundan azat etse geň däldir. Şakyk Balhy aýdýar: «Taňrydan gorkgun. Ol gizlin we äşgär ähli zady bilýändir. Ol Taňrydan umyt etgil. Onuň iki

[1] Şahadat — Allanyň birligini ykrar etmek.
[2] Gurhanyň 20-nji («Taha») süresiniň 46-njy aýaty.
[3] Muwapyk — laýyk, uýgunlaşdyrma.

jahandaky patyşalygy bakydyr. Wadasyna wepa ediji bolan Taňrydan çekin. Oňa günäkär bolmakdan daşda dur. Onuň azaby we netijesi agyrdyr».

Rowaýat etdiler bir gün bir aýal bezenip-beslenip, üst-başyny päkläp, jemaly bilen geldi. Hatamyň öňünde oturdy, ýüzüni açdy we eşiklerini çykardy. Hatam oňa seredip: «Eý, ragna![1] Sen özüňe duşmansyň. Meni hem oda köýdürýärsiň» diýip ondan daş durdy. Soň bolsa: «Eý, ragna, seniň menden isleýän zadyňy etmek üçin dört zat gerek. Birinjisi – soňundan gorky bolmaýan eminlik gerek. Ikinjisi – kynçylyk bolmaýan mertlik gerek. Üçünjisi – soňunda ölüm bolmaýan dirilik gerek. Dördünjisi – soňunda gaýgy bolmaýan şatlyk gerek. Bu dört zadyň hiç haýsy hem mende ýok» diýdi. Ol aýal bu sözleri eşidip toba eýledi. Garyplara sadaka paýlady».

Abulkasym Hekim aýdýar. «Günä işlemek ýüzüň suwuny, utanç-haýany giderýär. Teni zyndanda çüýreder. Köňül jepa oky bilen ýaraly bolar». Bir akyldardan soňky deminde ýatyrka: «Halyň nähili?» diýip soradylar. Ol: «Köňlüm gaýgyly, sapa ýok. Tenim biçäre, tagat ýok. Günäm köp, tobam ýok. Ölüm geldi, halas bolmaga çäräm ýok. Gör garaňky, ýoldaşym ýok. Gün yssy, kölegäm ýok. Dawagär köp, kişiniň hakyny bermek ýok. Tamug yssy, ondan gaçmagyň dermany ýok. Ot ýakýar, rahat ýok. Taňry adyl, delilim ýok» diýdi we jan berdi. Taňry, öz pazly-

[1] Ragna — owadan, gözel.

rehmeti bilen bu gorkulardan emin eýläp ähli möminleri rahatlyga we nygmatlara ýetirsin! Enşalla.

## ON IKINJI BAP: ZYNA BABY

Bilgin, Taňry gullaryna zynany gadagan edip, şeýle diýdi: «Haçan iki sany ýetişen ynsan zyna etseler, dört sany adyl kişi olar zyna etdi diýip şaýat bolsalar, ol ýigit bilen gyza ýüz gamçy jeza urmalydyr». Bu barada Allatagala Gurhanda şeýle diýdi: «Zyna eden aýal we erkege, olaryň her haýsyna ýüz gamçy uruň».[1] Allatagala şeýle hem: «Eger bir erkek bilen aýal ogrulyk etseler, on dirhem ýada bir altyn zat ogurlasalar, olaryň ellerini kesiň» diýdi. Bu barada Allatagala Gurhanda şeýle diýdi: «Ogry erkegiň we aýalyň ellerini kesiň».[2] Eger: «Zyna aýatynda öňürti aýal getirildi, ogrulyk aýatynda öňürti erkek getirildi. Sebäbi we hikmeti näme?» diýip sorasalar, jogaby budur: «Zyna esasan aýallaryň işlerindendir. Aýal razy bolmasa, erkek hiç zat edip bilmez. Ogurlyk esasan erkekleriň işidir. Şonuň üçinem erkek öňürti aýdyldy».

Pygamber alaýhyssalam aýtdy: «Zyna edeniň alty pidasy bardyr. Üçüsi bu dünýäde, üçüsi ahyretdedir.

[1] Gurhanyň 24-nji («Nur») süresiniň 2-nji aýaty.
[2] Gurhanyň 5-nji («Maide») süresiniň 38-nji aýaty.

Dünýädäki üç zadyň biri hormatsyz bolar, görki gider. Ikinjisi – ömri az bolup, gysga bolar. Üçünjisi – rysgaly dar bolar. Ahyretdäki üç zadyň biri Taňry oňa ýowuz darar. Ikinjisi – hasaby agyr bolar. Üçünjisi – tamugda azap görer». Pygamber alaýhyssalam aýtdy: «Zyna ediji adama ýedi gat asman we ýedi gat ýer lagnat okar. Onuň uýat ýerleriniň ysyndan ýaňa, tamug ähli ezýet çekip, perýat ederler». Pygamber alaýhyssalam aýtdy: «Kyýamat gününde Taňry üç hili adama rehmet nazary bilen seretmez. Birinjisi – zyna ediji. Ikinjisi – zalym patyşa. Üçünjisi – tekepbirlik eden ýoksul garyp». Abdylla ibn Mesgut aýdýar: «Pygamber alaýhyssalamdan bir gezek: «Eý, resulalla günäleriň iň ulusy haýsydyr?» diýip soradylar. Ol: «Birinjisi – Taňra şirk goşmak, ýagny Taňrynyň şärigi bar diýmek. Ikinjisi – gan dökmek. Üçünjisi – zyna etmek».

Pygamber alaýhyssalamdan rowaýat etdiler. Ol: «Meniň ymmatym bäş zady etse, olara bäş zat geler. Birinjisi – köp riba[1] iýseler, ýer titreme köp bolar, heläkçilik bolar. Ikinjisi – zynany köp etseler, gyrgynçylyk we ölüm köp bolar. Üçünjisi – zekaty garyplara bermeseler, mal-dowarlar heläk bolar. Dördünjisi – soltanlar zalym bolsa, ýagyş-ýagmyr az ýagar. Bäşinjisi – baýlar garyplara zulum etseler, döwletden düşmegine sebäp bolar» diýdi.

---

[1] Riba — göterim, prosent.

Jebraýyl alaýhyssalam bir gün pygamberiň ýanyna gelip: «Taňry saňa salam iberdi we aýtdy: «Japar Taýýaryň[1] dört işinden hoşnut bolandygy üçin oňa guş ýaly uçmaga ganat berdim. Ol islän ýerine uçar, gonar. Ol dört zady Japardan sorasyn, ol aýdar» diýdi. Pygamber alaýhyssalam Japary çagyrdy. Ondan: «Bu mertebä nädip ýetdiň?» diýip sorady. Japar: «Kapyrlygym bilen musulmanlygymda dört zady ýerine ýetirdim. Birinjisi – butlara ybadat etmedim. Onuň peýdasynyň hem zyýanynyň hem ýokdugyny gördüm. Ikinjisi – şerap içmedim. Onuň akyllary giderýändigini gördüm. Akyly giderýän zady içmegi rowa görmedim. Üçünjisi – zyna etmedim. Kimdir biriniň meniň halalyma we maşgalama zyna etse, onuň meniň köňlüme hoş gelmejekdigini gördüm. Şonuň üçin beýlekilere hem hoş ýakmaz diýip terk etdim. Dördünjisi – ýalan sözlemedim. Sebäbi ýalançy kişiniň dostlarynyň arasynda pes görünýändigini gördüm» diýip jogap berdi.

Abdylla ibn Omardan rowaýat etdiler: «Resul hezretlerinden eşitdim. Beni Ysraýyl kowmunda bir kişi bardy. Onuň adyna Kifl diýerdiler. Dürli günäleri işledi. Günäden daş durmady. Bir gezek owadan bir aýal onuň ýanyna hajat bilen geldi. Ol un satyn almaga geldi. Kifl hem ol owadan aýaly görüp, oňa: «Eý, ragna! Sen özüňi maňa bergil, saňa altmyş altynlyk un bereýin» diýdi. Ol aýal razy bolmady. Soň öýüne gitdi.

[1] Japar Taýýar — Hezret Alynyň dogany.

Äri ondan näme üçin un getirmediň diýip sorady. Aýal: «Kifliň ýanyna baryp, maňa un sat diýdim. Ol hem maňa sen özüňi maňa bagyş et, men altmyş altynlyk un bereýin diýdi welin, men razy bolmadym» diýdi. Onda äri: «Indi näme edeliň. Eger un bolmasa onda oglanjyklarym aç bolar diýgil» diýdi. Aýal gelip Kifle: «Meniň başga çäräm galmady. Indi perman seniňki» diýdi. Kifl hem ol aýaly aldy we halwata (ýalňyzlyga) çekdi. Oňa ýakynlaşjak mahaly aýal titredi. Kifl ondan: «Näme boldy, näme üçin titreýärsiň?» diýip sorady. Aýal: «Taňrydan gorkup titreýärin» diýdi. Kifl: «Eger Taňrydan gorkýan bolsaň, onda näme üçin bu ýere geldiň» diýdi. Aýal oňa: «Açlyk zerarly geldim» diýdi. Kifliň köňlüne ylham düşdi. Ol: « Bu aýal bolup Taňrydan gorkýan bolsa, men erkek bolup gorkmaýaryn» diýdi. Ol işden dändi. Aýala altmyş altynlyk un berip, aýaly öýüne iberdi. Ol aýal oňa doga etdi we oňa «Sen meni azat etdiň, Taňry hem seni otdan halas etsin» diýdi. Taňrynyň permany bilen şol gün gije Kifl öldi. Onuň gapysynda «Zynany terk edendigi üçin Taňry oňa rehmet etdi» diýlip ýazlandygyny gördüler.

Mälik ibn Dinar aýdýar: «Men bir demirçi gördüm. Demiri gyzdyrdy. Eli bilen tutdy. Men oňa: «Bu näme hikmetdir, muny näme üçin etdiň» diýdim. Ol: «Bir aýala aşyk boldum. Müň altyn berdim. Maňa islegimi ber diýdim. Razy bolmady. Bir gün menden ol on altyn karz sorady. Men bermedim, ýüz altyn al-da, meniň islegimi ýerine ýetir diýdim welin, ol razy boldy. Oňa

ýüz altyn berdim we bir çola ýere eltdim. Ol aglady. Men: «Näme üçin aglaýarsyň» diýip soradym. Ol: «Taňrydan gorkýaryn» diýdi. Ol beýle diýensoň çekindim we Taňrydan gorkdum, oňa ýüz altyn berdim we goýberdim. Ol aýal maňa doga edip: «Ylahym iki jahanda hem ody saňa sowuk eýlesin» diýdi. Şondan soň hem dünýä ody maňa sowuk boldy. Umydym ahyretde hem sowuk eder diýýärin» diýdi.

Ýene bir gassap bardy. Bir aýala aşyk boldy. Aýal gassaba: «Eger hiç kimiň görmejek tenha bir ýeri tapsaň, seniň hajatyňy bereýin» diýdi. Gassap hem gidip bir çola ýer tapdy. Aýaly hem ol ýere getirdi. Aýal: «Sözümiz ýerine ýetmedi» diýdi. Gassap: «Ol nähili?» diýip sorady. Onda aýal: «Men saňa hiç kimiň görmejek çola bir ýerini tap diýipdim, emma bu ýerde bizi görýänler bar» diýdi. Gassap: «Eý, aýal, kim görýär» diýdi. Aýal: «Perişdeler görýär, şeýle hem Alla görýär» diýdi. Gassap ah urup, toba we ystygpar eýledi. Bir gün ýaňky gassap şol döwrüň pygamberi bilen ýoldaş boldy. Yssydan gaty ýadadylar. Ol pygamber: «Ýa Reb! Bizi yssydan sen azat et» diýip doga etdi. Gassap «Ämin» diýdi. Birdenkä bir bölek bulut geldi, olara kölege boldy. Olaryň ahyry ýollary aýryldy we her haýsysy bir tarapa gitdiler. Bulut gassabyň üstüne kölege salyp gitdi. Ol pygamber: «Eý, gassap! Men bu bulut meniň dogam bilen geldi diýip pikir edýärdim. Emma ol seniň «Ämin» diýen sözüň bereketi bilen gelen eken. Indi dogryňy aýt! «Seniň näme amalyň bar» diýdi. Gassap: «Men bir aýala aşyk

boldum. Soň Taňrydan gorkdum we toba etdim» diýdi. Ol pygamber: «Ylahym! Men bilýärin, sen toba edýänleri söýýärsiň. Emma beýle derejede söýýändigiňi bilmeýärdim» diýdi.

Mansur ibn Ammardan rowaýata etdiler: «Bir gün Harabat ilinden geçip barýarkam eşitdim. Bir är bir aýala: «Bu gije meniň ýanyma gel, iki akja[1] bereýin» diýdi. Mansur: «Eý, ragna, bu gije maňa gel, men saňa bäş akja bereýin» diýdim. Aýal agşam geldi, görse, Mansur namaz okap otur. Ol: «Meni çagyrdyň. Ýa gel, ýa beren zadyňy yzyna al. Maňa dessur ber» diýdi. Onda Mansur: «Ol beren pulum bilen sen bu gije bu ýerde namaz oka» diýdi. Aýal: «Elbetde hylwatda[2] seniň bilen ýatsam gerek» diýdi. Mansur: «Daş-töweregine seredýärin, emma hylwat ýer bilmeýärin» diýdi. Aýal: «Mundan hylwat bir ýer bolarmy? Diňe sen bilen ýalňyz men bar» diýdi. Mansur: «Seniň bilen aramyzda indi dört kişi bar. Iki perişde sende, ikisi hem mendedir. Olar bizi görüp durlar. Bäşinji Taňry görer. Şunça kişiniň arasynda we olaryň öňünde nädip erbet iş edeli» diýdi. Aýal bu sözi eşidip, gygyryp aglady. Günälerine toba etdi».

Lukman Hekim ogluna aýtdy: «Eý, ogul! Zynadan daş durgul. Ol dünýäde gorkudyr, ahyretde tamugdyr» diýdi. Çelebim! Öz pazlyň we keremiň bilen ähli

---

[1] Akja — pul.
[2] Hylwat — çala, gizlin.

mömünleri zyna şerinden sen sakla, rehmete we keramata ýetişdir! Enşalla.

## ON ÜÇÜNJI BAP: LOWATA (BEÇJEBAZLYK) BABY

Bilgin, Taňry gullaryna lowata (beçjebazlyk) etmegi gadagan etdi. Bu barada Gurhanda şeýle diýdi: «Näme üçin siz aýallaryňyzy goýup, nebsiňizi gandyrmak üçin erkeklere barýarsyňyz. Ýok siz hetden aşyjy kowumsyňyz».[1] Ýene bu barada Gurhanda şeýle diýdi: «Ýok siz nadan bir kowumsyňyz».[2] Ýene bir aýatda şeýle diýdi: «Olar pis işleri edýärler».[3] Ýene-de bir aýatda bu barada şeýle diýdi: «Ýok siz peselen, aşak bolan bir kowumsyňyz».[4]

Bes, Gurhan içinde näçe ýerde ýatlady, gorkuzdy we lowatadan daş duruň diýdi. Hezreti Aly: «Lowata edeni beýik bir ýerden ýa-da minaradan başaşak zyňmak gerek» diýdi. Pygamber alaýhyssalam: «Alty kişä Allatagala rehmet nazary bilen seretmez we tamuga taşlar. Birinjisi – eli bilen jübütlenen.[5] Ikinjisi –

[1] Gurhanyň 7-nji («Agraf») süresiniň 81-nji aýaty.
[2] Gurhanyň 27-nji («Neml») süresiniň 55-nji aýaty.
[3] Gurhanyň 21-nji («Enbiýa») süresiniň 74-nji aýaty.
[4] Gurhanyň 6-nji («Şugara») süresiniň 166-njy aýaty.
[5] Ýagny öz eli bilen özüni kanagatlandyrýan erkek.

lowata eýleýän. Üçünjisi – şerap içen. Dördünjisi – ata-enesine azar beren. Bäşinjisi – goňşusyny bizar eden. Altynjysy goňşusynyň aýaly bilen zyna eden» diýdi. Haçanda lowata etseler arş Taňrynyň gorkusyndan titräp: «Ylahy! Emr et, olary ýeriň düýbüne salaýyn» diýer. Taňry: «Men olary ýakaryn we olaryň hasabyny beýlekilerden uzyn eýlärin» diýer. Pygamber alaýhyssalam: «Kim bir oglany şöhwet bilen öpse, bes ýüz ýyl tamugda azap görer» diýdi. Her kim bir oglan bilen jymag etse[1] uçmahyň ysyny almaz. Uçmahyň ysy ýüz ýyllyk ýola barar».

Bir gezek Abdylla ibn Omar öýüniň gapysynda durdy. Bir görmegeý oglanyň geçip barýanyny gördi we öýüne girdi. Ondan: «Näme üçin öýe girdiň?» diýip soradylar. Ol: «Men pygamberden eşitdim, oglanlara hem gyzlara bolşy ýaly şöhwet bar. Olara seretmek haramdyr. Kim olar bilen jymag etse, melgundyr we tamug ählidir. Kim bulary şöhwet bilen öpse, ýetmiş gezek enesi bilen zyna eden ýalydyr. Enesi bilen ýatmak, ýetmiş gyz bilen zyna etmek ýalydyr. Gyz bilen zyna etmek, ýetmiş aýal bilen zyna eden ýalydyr. Kim bir aýal bilen zyna etse, onuň görüne, tamugdan ýetmiş deşik açarlar. Tamugyň tütüni bardyr. Oňa kyýamata çenli dürli azaplar bererler» diýdi.

Abdylla ibn Mesgutdan rowaýat etdiler. Pygamber alaýhyssalam: «Haýsy kişi aýalynyň yz tarapyndan ýanaşsa ýa-da dilsiz mala ýanaşsa, Taňrynyň gazaby

---

[1] Jymag etmek — jynsy gatnaşyk etmek.

olaryň üstüne agyr bolar» diýdi. Pygamber alaýhys-salam: «Haýsy kişi aýalynyň aýbaşly mahaly, yz tarapyndan barsa we ony halal hasaplasa kapyr bolar» diýdi.

Süleýman pygamber iblisi görüp, ondan: «Eý, melgun! Saňa duşman we Taňra dost kimdir?» diýdi. Iblis: «Maňa duşman Taňra dost — namaz okaýjydyr. Maňa dost Taňra duşman — lowata edýändir» diýdi. Rowaýat etdiler bir gezek Hezreti Omaryň ýanyna bir oglan getirdiler. «Bu oglan hojaýynyny öldürdi» diýdiler. Omar: «Eý, oglan! hojaýynyňy näme üçin öldürdiň?» diýdi. Onda oglan: «Maňa lowata ederdi» diýdi. Hezreti Omar ol oglany öldüriň diýip buýruk berdi. Onda Abdylla ibn Mesgut: «Ol oglany öldürmäň. Onuň hojaýynynyň görüni açyň. Eger ony görüň içinden tapsaňyz, bu oglan ýalan sözleýär, onda ony öldüriň. Eger ony görüň içinden tapmasaňyz, öldürmäň. Men pygamberden eşitdim: «Lowata kowmy ölensoň, ony ýedinji gat ýere sokarlar. Kim lowata etse, olary ol ýerde saklaýarlar» diýdi. Hezreti Omar: «Ol kişiň görüni açyň» diýdi. Onuň görüni açdylar. Ony ol ýerden tapmadylar. Onda Omar: «Taňrynyň resuly dogry aýdypdyr» diýdi. Bes, ol oglany azat eýledi.

Rowaýat etdiler, bir gün Sufýan Söwri hammama girdi. Onuň ýany bilen bir oglan hem girdi. Onda Sufýan: «Ol oglany çykaryň. Her aýalda bir şeýtan bardyr. Bir sakalsyz oglanda on iblis bardyr» diýdi. Rowaýat etdiler, Mälik ibn Dinar ýogaldy. Ölenden soň zahytlar ony düýşünde gördüler. Onuň maňlaýy

daglanypdyr: «Bu ne alamatdyr?» diýdiler. Ol: «Dünýäde bir oglana gözüm düşüp, seredipdirin» diýdi.

Bir alymyň bir şägirdi bardy. Bir oglana şöhwet bilen seretdi. Ol alym oňa: «Saňa bir musybet[1] geler» diýdi. Aradan ep-ýesli wagt geçdi. Ol şägirt Gurhany unutdy. Ol ussadyna: «Ol oglana seredenim üçin Gurhany unutdym» diýdi. Çelebim! Pazlyň we enaýatyň bilen biz gullaryňy azgynçylykdan saklap dogry ýoldan aýyrmagyl. Enşalla.

---

[1] Musybet — bela.

## ON DÖRDÜNJI BAP: MEDREBAZLYK[1] BABY

Bilgin, pygamber alaýhyssalam: «Peýda umyt edip, ammarlara gulp urup, gytlyk isleýän bezirgenler (söwdagärler) Taňrynyň lagnatyna sezewar bolar» diýdi. Kagbul-Ahbar: «Kim bir gün gytlyk islese, kyrk amaly batyl bolar» diýdi. Pygamberimiz: «Alty kişi tamuga hasapsyz girer. Birinjisi – gytlyk isleýän, Ikinjisi – ýalan sözleýän bezirgen. Üçünjisi – köňli öli bolan baý, dördünjisi – ylmy bolmadyk nadan kowum. Bäşinji, adalatsyz hökümdar, Altynjysy – nähak ýere adam öldüren» diýdi. Pygamberimiz: «Haýsy mömün gytlyk bolsun diýip kyrk gün un gizlese, ol Taňrydan bizar we Taňry ondan bizardyr. Kim goňşusy aç bolup, özi dok ýatsa ol dok ýatan, Taňrynyň birligine ynanmadygydyr. Ol azapdan aman bolmaz we ol Alla gorasyn, agyr azaba sezewar bolar» diýdi.

[1] Medrebazlyk — harydy gytçylykda gymmat satmak üçin gizläp goýmak.

## ON BÄŞINJI BAP: RIBA[1] BABY

Bilgin, Taňry riba iýýäne bäş zat wada berendir. Owwaly däli edip direldiler. Bu barada Gurhanda şeýle diýdi: «Süýthor bolan kimseler (kyýamat güni gabyrlaryndan) jyn uran ýa-da aklyndan azaşan ýaly bolup turarlar».[2] Ikinjisi – tagaty batyl bolar. Bu barada Gurhanda şeýle diýdi: «Alla süýthorlugy ýazgarar».[3] Üçünjisi – Taňry we pygamberi bilen söweşer. Bu barada Gurhanda şeýle diýdi: «Onda Alla we pygamberi tarapyndan yglan edilen urşy bilip goýuň».[4] Dördünjisi – Alla ony söýmez. Bu barada Gurhanda şeýle diýdi: «Alla her hili (süýthorlugy halal hasaplan) ärleri we kapyry söýmez».[5] Bäşinjisi – tamugda ebedi galar. Bu barada Gurhanda şeýle diýdi: «Olar dowzah ählidir, olar ol ýerde ebedi galarlar».[6]

---

[1] Riba — süýthorluk.
[2] Gurhanyň 2-nji («Bakara») süresiniň 275-nji aýaty.
[3] Gurhanyň 2-nji («Bakara») süresiniň 276-njy aýaty.
[4] Gurhanyň 2-nji («Bakara») süresiniň 279-njy aýaty.
[5] Gurhanyň 2-nji («Bakara») süresiniň 276-njy aýaty.
[6] Gurhanyň 2-nji («Bakara») süresiniň 275-nji aýaty.

Abdylla ibn Omar rowaýat etdiler. Ol pygamberden: «Uly günäler näçedir?» diýip sorady. Ol: «On birdir. Dördi başdadyr. Üçi garyndadyr. Biri eldedir. Biri aýakdadyr. Biri ferçdedir (uýat ýerlerdir). Biri ähli bedendedir. Başda bolan dört zadyň birinjisi – şirk getirmek. Ikinjisi – ýalan ant içmek. Üçünjisi – ýalan şaýat bolmak. Dördünjisi – töhmet atmak. Garyndaky üç bolan zadyň birinjisi – şerap içmek. Ikinjisi – ýetimleriň malyny iýmek. Üçünjisi – riba (süýthorluk) iýmek. Eldäki bolan zat, nähak ýere adam öldürmek. Aýakdaky bolan zat, kapyrlar bilen söweşden gaçmak. Ferçde (uýat ýerde) bolan zat, haram ýere şöhwet dökmek. Bütin endamynda bolan zat, ene-atasyna azar bermekdir» diýdi. Pygamber alaýhyssalam: «Ribada üç kişi melgundyr. Birinjisi – riba iýen, ikinjisi – ribanyň hatyn ýazan, üçünjisi – şaýat bolan» diýdi. Pygamber alaýhyssalam: «Ribadan bir ýarma iýmek, otuz alty zyna etmeklikden agyr günädir» diýdi. Pygamber alaýhyssalam ýene: «Halk kyýamat güni on hili turar. Bir bölek elsiz-aýaksyz gopar. Ikinji bölek, doňuz suratynda turar. Üçünjisi bölek, aýy suratynda turar. Dördünji bölek, garaýüzli turar. Bäşinji bölek, maýmyn suratda turar. Altynjy bölek, myrdar iýýän ýaly bolup turar. Ýedinji bölek, dili ýeňsesinden çykan hökmünde turar. Sekizinji bölek, däli turar. Dokuzynjy bölek, gözsüz turar. Onunjy bölek, alaýüzli turar. Ol elsiz-aýaksyz turjaklar, musulmanlara azar berenlerdir we goňşularyny ynjydanlardyr. Doňuz suratyndaky bölek,

namazy äsgermedikler we zekat bermediklerdir. Aýy ýaly bolup turjaklar, ylym öwrenmekligi ar-namys bilenlerdir. Maýmyn suratynda turjaklar, masgarabazlyk edenlerdir. Gara ýüzli bolup turjaklar, günäden tobasyz ölenlerdir. Myrdar iýýän ýaly turjaklar, buta ybadat edenlerdir. Däli turjaklar, riba iýenlerdir. Gözsüz turjaklar, Gurhany unudanlardyr. Alaýüzli bolup turjaklar, şugulçylardyr. Dili ýeňsesinden çykjaklar, şaýatlyklaryny gizlin saklap, ýalan ýere şaýat bolanlardyr» diýdi.

Pygamberimiz aýtdy: «Doňuz we maýmyn bolup turjaklar, ribada hile edenlerdir. Dawut pygamberiň kowmy hile etdiler, Taňry olara: «Ruh güni balyk tutmaň» diýip emir berdi. Bes, galan günlerde balyk gelmezdi. Ruh güni balyk köp gelerdi, aw ederdiler. Bes, olar hile etdiler, duzak gurdular. Ruh güni gelen balyklar duzaga düşdiler. Ol balyklar soň deňze gidip bilmediler. Dynç güni bardylar we balyklary tutdular. Bes, bu hiläni edendikleri üçin Taňry olaryň suratyny doňuzyň we maýmynyň suratyna öwürdi» diýdi. Pygamberimiz alaýhyssalam: «Bäş zat bäş zatdan halas bolmaz. Birinjisi – soltanyň ýanynda bolan we soltanyň islegine görä söz sözleýän. Kim soltanyň göwni üçin söz sözlese, tamugdan halas bolmaz. Ikinjisi – kim oglanlar bilen köp oýnasa, lowatadan (beçebazlykdan) halas bolmaz. Kim lowata etse, tamugdan halas bolmaz. Üçünjisi – ylym bilmeýän bezirgenler ribadan halas bolmaz. Kim riba iýse, tamugdan halas bolmaz. Dördünji, haýsy kişiniň eşigi

ýüpekden bolsa, tekepbirlikden halas bolmaz. Kim tekepbirlik etse, tamugdan halas bolmaz» diýdi.

Beýik alymlar aýtdylar: «Ribadan gazanylan mal, üç beladan halas bolmaz. Ony ýa garakçylar alar, ýa haram ýere harçlanar ýa-da ony iýeniň ömri az bolar». Pygamberimiz aýtdy: «Kim ribadan ýa-da başga haramdan bir lukma iýse, kyrk gün onuň ybadaty we dogasy kabul edilmez. Kim haram iýmekden daş dursa, ýetmiş haj sogabyny alar. Rehmetli Çelebim, biz günäkär gullaryny haram lukma iýmekden öz pazly bilen saklasyn we üstünlik bagyşlasyn! Enşalla.

## ON ALTYNYJY BAP: ŞERAP IÇMEK BABY

Bilgin, Taňry şerap içmeklige we humar oýnamaklyga, myrdardyr we şeýtanyň amallaryndandyr diýdi. Bu barada Gurhanda şeýle diýdi: «Hakykatdan hem şerap, humar oýnamak, butlara çokunmak we pal daşlary nejisdir. Olar şeýtanyň amallaryndandyr. Ondan daş duruň, belki halas bolarsyňyz».[1] Allatagala şerap barada: «Şerap içmek we humar oýnamak uly günädir» diýdi we bu barada Gurhanda ýene şeýle diýdi: «Aýt, onda günäler bardyr».[2]

Pygamber alaýhyssalam: «Şerap içmek buta ybadat etmek ýalydyr» diýdi. Rowaýat etdiler, bir gezek Sagt ibn Wakkas[3] ensarlar[4] bilen şerap içýärkä, sögüşdiler. Biri-birleriniň kellesini ýardylar. Hezreti Omar ony görüp: «Bu şerap mallary zaýalaýar, akyly giderýär, her zatlar aýtdyrýar. Ylahym, munuň sypatyny beýan et» diýdi. Mundan soň pygamberimize bu aýat indi:

---

[1] Gurhanyň 5-nji («Maide») süresiniň 90-njy aýaty.
[2] Gurhanyň 2-nji («Bakara») süresiniň 219-njy aýaty.
[3] Sagt ibn Wakgas — sahabalaryň biri.
[4] Ensar — medineli musulman.

«Senden şerap we humar barada sorarlar».[1] Hezreti Omar aýtdy: «Ylahym! Has aýan bildirgil». Ondan soň bu aýat indi: «Serhoş wagtyňyz namaza ýakynlaşmaň».[2]

Rowaýat etdiler, bir gün Abdyrahman ibn Awf gonaklyk[3] etdi. Dostlaryny iýdirdi-içirdi. Namaz wagty geldi. Birini öňe geçirip, ymam etdi. «Käfirun»[4] süresini okady. Haçanda «Lä»[5] sözüne ýetende, ony goýup gitdi. Sebäbi serhoşdy. Näme diýýändigini bilmeýärdi. Bes, bu aýat indi: «Serhoş mahalyňyz namaza ýakynlaşmaň». Taňry şerap içeni müşrükler bilen deň tutdy. Müşrüklere we şerap içenlere namaza ýakynlaşmaň diýdi. Şeýle hem haýyz (aýbaşy) görnen aýal bilen şerap içeni deň tutdy. Sebäbi haýyz görnen aýalyň şaýatlygyny kabul etmeýärler, şeýle-de şerap içeniň hem şaýatlygyny kabul etmeýärler.

Alymlar: «Ähli günäler bir öýüň içindedir. Ol öýüň açary şerap içmekdir. Kim şerap içse, galan günäleri etmek oňa aňsat bolar. Şerap içmek doňuz etini iýmekden erbetdir. Şonuň üçin hem kim doňuz etini iýip, namaz okasa namazsyz hasaplanar, şerap içse namazdan ýykylar. Şerabyň myrdarlygyna delil budur. Iblisiň onda artygy bardyr. Ol elini güpe[6] sokar, şol

---

[1] Gurhanyň 2-nji («Bakara») süresiniň 219-njy aýaty.
[2] Gurhanyň 4-nji («Nisa») süresiniň 43-nji aýaty.
[3] Gonak — myhman. Gonaklyk etmek — myhman kabul etmek.
[4] Gurhanyň 99-njy («Käfirun») süresi.
[5] Lä — ýok diýmek.
[6] Güp — suw gaýnadylýan uly galaýy çelek.

sagat şerap gaýnar ody bilen gaýnar. Şerabyň ysy iblisiň eliniň ysydyr. Şeýle hem şerabyň ysy şeýle manydadyr, ýagny buty tapanlar, Taňryny bilmezler. Şerap içen serhoş bolup, Taňryny bilmez. Şonuň üçin hem şerap içen buty tapan ýalydyr» diýdiler. Şerap içen şeraba halal diýse, kapyr bolar.

Omar ibn Hattap aýdýar. «Kagbul-Ahbardan: «Günäleriň iň ulusy haýsydyr?» diýip soradym. Ol: «Şerapdyr. Ol ähli günä işleriň enesidir» diýdi. Iblis: «Men adam oglundan iki zatda ýeňiş gazandym. Bularyň biri zyna etmekde. Ikinjisi şerap içmekde» diýdi. Aýtdylar: «Kim şerap içse, serhoş bolsa, ondan on sany ýagşy zat kemeler. Biri akyl. Ikinjisi gadyr-gymmaty. Üçünjisi mürewwet[1]. Dördünjisi ar-namys. Bäşinjisi öwüt. Altynjysy tagat. Ýedinjisi şepagat, mähir. Sekizinji mal. Dokuzynjy ylym. Onunjy magrypat. Şeýle hem agzyndan talak sözi çykanyň, küpür[2] sözi çykar».

Abdylla ibn Mesgut aýtdy: «Bir adam serhoş bolsa, ony tussag ediň. Onuň başynyň üstünde agaç diksinler, eger onuň başy doňuz ýaly bolmasa ýa-da ýüzi kybladan dönmese, meni şol agaçdan asaýyň» diýdi. Kim serhoş bolsa, Müňkür we Nekir gelip, ony serhoş ýagdaýda tapar we kyýamat gününde serhoş bolup turar, tamugda hem serhoş bolar. Dowzahyň içinde bir derýa bardyr, oňa «Sekeran» (serhoş) diýerler. Onuň

[1] Mürewwet — mertlik, jomartlyk.
[2] Küpür — kapyrlyk, dine ynanmazlyk.

azabyndan tamug perýat eder. Şerap içenleri ol derýa atarlar. Pygamberimiz aýtdy: «Meni dogrulyga salan ol Taňrynyň haky üçin, haýsy kişi bir käse şerap içse, eger toba etmese, kyrk gün onuň tagaty kabul bolmaz. Şeýle hem şerap içene, Taňry dowzah ähliniň teninden akan sary suwlary içirer. Kyýamat gününde ýüzi gara, gözleri çukur, dodaklary çişen, göwsüniň üstüne akyp ýatan ýagdaýda dünýäden suwsuz giderer. Ol näçe Gurhan aýatyny bilýän bolsa, kyýamat gününde onuň bilen dawaçyl bolar «Näme üçin üstüme şerap guýduň» diýer. Pygamber aýtdy: «Bäş kişiniň tagaty kabul bolmaz. Biri, ýagşy ahlakly we salyh bolan äri bilen ýaraşmaýan aýal. Ikinjisi – nähak ýere musulmanlara gaharlanýan. Üçünjisi – hojaýynyndan gaçan gul. Dördünji, şerap içen, tobasyz ölen. Bäşinji, jemagatyna güýç bilen ymamlyk eden ymam».

Pygamber alaýhyssalam aýtdy: «Haýsy kişi şerap içene salam berse ýa-da bir lukma tagam iýdirse, ol kişi musulman dinini weýran edendir. Her kim şerap içen bilen otursa gözsüz gopar». Taňrytagala aýdar: «Eý, Jebraýyl! Meniň duşmanlarym şerap içýärler, olary jynlar bilen dowzaha taşla». Jebraýyl aýdar: «Ylahy, duşmanlaryň köpdür, haýsysyny aýdýarsyň». Haktagala aýdar: «Şerap içenleri we zyna eýleýänleri».

Abdylezizden rowaýat etdiler. Ol aýtdy: «Medinede gije metjide gidýärdim. Owratlar (zenanlar) gördüm welin aglaşýardylar. Meni çagyrdylar, men bardym, görsem bir ýigit ölüm duzagyna düşüpdir. Ol ýigide üç gezek şahadat getirdim, ol şahadat getirmedi. Küpür

sözledi we jan berdi. Men: «Bu myrdaryň jynazasyny okamaň» diýdim. Soň: «Munuň näme ýowuz pygly bar» diýdim. Olar: «Gije-gündiz şerapdan boş durmazdy» diýdiler. Şeýle hem Nuhuň kowumy serhoş bolansoňlar, Nuhuň yzyna düşmediler. Salyhyň kowumy serhoş bolmankalar, köşegiň başyna ybadat etmediler. Bes, bilgin, ähli ýazyklaryň enesi şerap içmekdir. Taňry mömin gullaryny öz pazly bilen saklasyn we şerap içenlere toba nesip etsin! Enşalla.

## ON ÝeDINJI BAP: RYSGAL BABY

Bilgin, Taňrytagala gullarynyň rysgalyna kepildir. Bu barada Gurhanda şeýle diýdi: «Ýer ýüzündäki ähli jandarlaryň rysgalyny Alla berýändir».[1] Ýene-de bu barada Gurhanda şeýle diýdi: «Ol asmanlaryň we ýeriň Taňrysydyr. Hakykatdan hem bu hakykatdyr».[2] Alymlardan: «Bu aýatlar rysgal üçin geldi, Alla gullaryny nädip synag edýär» diýip soradylar. Alymlar şeýle jogap berdiler: «Taňrytagala: «Gullarymy men bäş zat bilen synaryn. Biri gorky bilen. Biri açlyk bilen. Biri mallaryny azaltmak bilen. Biri öldürmek bilen. Biri sabyr bilen» diýdi.

Ýahýa ibn Mugaz aýtdy: «Rysgal üç dürlüdir. Birini islemek parzdyr, ol uçmahdyr. Ikinjisi nadanlykdyr, ol rysgal tamugyň azabydyr Üçünjisi dünýädäki rysgal, ol hem ony berip uçmahy satyn alarlar».

Pygamberimizden rowaýat etdiler. Ol: «Taňry heniz janlary ýaratmanka, gullarynyň rysgalyny dört müň ýyl öňünden takdyr eýledi». Bu barada Gurhanda şeýle

---

[1] Gurhanyň 11-nji («Hud») süresiniň 6-njy aýaty.
[2] Gurhanyň 51-nji («Zariýat») süresiniň 23-nji aýaty.

diýdi: «Onda onuň rysgalyny takdyr edip goýdy».[1] Pygamber alaýhyssalam: «Her bir tagamda, her bir iýmişde «Bu pylan oglunyň rysgalydyr» diýlip ýazylandyr» diýdi. Pygamber alaýhyssalam: «Çünki kişi ölümden gaçyp-gizlenip halas bolmaz. Rysgal hem şeýledir. Ol kişini isläp tapar» diýdi.

Rowaýat etdiler, bir kişi pygamberiň ýanyna gelip: «Eý, Resulalla! Eger men tagata meşgul bolsam, maňa rysgalymy kim getirer» diýdi. Pygamber: «Taňry emr eder, gökden ýagyş ýagar we daýhan gullaryna buýrar, ekin ekerler. Taňry bitirer, ondan saňa rysgalyňy ýetirer» diýdi. Enes ibn Mälik aýdýar: «Bir gün pygamber bilen awa çykdym, suw getirdim, täret aldym. Maňa: «Eý, Enes, bäri gel» diýdi. Men bardym. Bir gözsüz guş burnuny agaja berip oturdy. Pygamber: «Eý, Enes! Bu guş aýdýar. «Eý, Ylahym! Meniň gözümi kör, garnymy aç eýlediň. Meniň rysgalymy bergil» diýýär» diýdi. Enes: «Men çekirtgeleriň uçup gelip, ol gözsüz guşuň agzyna girýändigini gördüm» diýdi.

Rowaýatdyr kim, bir gün bir saky[2] suw getirip satýardy. Pygamber alaýhyssalam: «Ýer ýüzündäki ähli jandarlaryň rysgalyny Alla berýändir»[3] aýatyny okady. Ol saky bu aýaty resulyň mübärek dilinden eşidip, meşigini sadaka etdi. Soň hem oturyp: «Men hem bir janawerlerden bir janawer. Taňry, maňa hem

---

[1] Gurhanyň 41-nji («Fussilet») süresiniň 10-njy aýaty.
[2] Saky — suwçy, suw daşaýan adam.
[3] Gurhanyň 11-nji («Hud») süresiniň 6-njy aýaty.

rysgalymy ber» diýdi. Üç günläp oturdy tagata meşgul boldy. Garny gaty ajykdy. Jebraýyl uçmahdan bir käse şerap getirdi-de, oňa içirdi. Ondan soňra ýigrimi ýyllap sag boldy we hiç nahar içmäge hajaty bolmady».

Wehp ibn Munabbeh pygamberden rowaýat etdi. Bir gün Musa pygamberiň köňli, rysgaly üçin meşgul boldy. Gaýgy, aladaly boldy we oňa hakdan perman gelip: «Eý, Musa, hasaňy ýere ur» diýdi. Musa hasasyny ýere urdy. Ýer ýaryldy, suw çykdy. Ýene «hasaňy suwa urgul» diýip perman geldi, ol hasasyny ýene suwa urdy welin, ol ýerden bir daş çykdy. Soňra aýtdy: «Daşa urgul», ol urdy. Daş iki para boldy, içinden bir ýaşyl gurçuk çykdy. Agzynda gök otuň ýapragyny iýýärdi. Ol gurçuga perman geldi. Ol: «Eý, Musa, men munça ýyllap bu daşyň içinde, ertir we gije hiç meniň rysgalym egsik bolmaz. Sen näme üçin munça gussalanýarsyň» diýdi. Bes, bu sebäp bilen Musa pygamberiň köňli aram eýledi.

Rowaýat etdiler kim, Taňry Musa pygambere wahy edip aýtdy: «Eý, Musa, men gullaryma üç närsäni berdim we olar närsäni etseler hem olary yzyna almaryn. Birinjisi – men gullarymy ýaratdym, rysgallaryny hem men berdim. Meniň beren rysgalymy iýip, menden kesekä ybadat etmeseler, beren rysgalymy yzyna almaryn. Ikinjisi – men zalym däl, gullarym zulum etseler hem yzyna almaryn. Üçünjisi – gullaryma ertirki namazy bu gün okaň we orazany bu gün tutuň diýmerin. Ertirki rysgaly üçin bu gün gussa iýmezler ýaly, olardan ýüz öwürmerin. Bir alymdan

rowaýat etdiler. Ol: «Töwrat içinde ýazylypdyr. Haçan bir gul: «Maňa rysgalymy berme» diýse, Taňry aýdar: «Eý, nadan, seni men ýaratdym, saňa rysgalyňy berdim. Sen nadanlyk edip, başga birine ybadat edýärsiň. Men rysgal wadasyna ters eýlemerin». Gul: «Eý, Rebbim! Maňa rysgalymy bergil» diýse, onda Taňry aýdar: «Men saňa eneň garnynda dokuz aý rysgalyňy egsik[1] etmedim. Indi näme üçin egsik edeýin» diýer. Onda gul: «Eý, Rebbim! Rysgalyma bereket ber» diýse, Taňry aýdar: «Bereket meniň ygtyýarymdadyr, kime islesem şoňa bererin, islemesem bermerin» diýdi.

Ýezit Rakkaşydan rowaýat etdiler. Ol şeýle diýdi: «Töwratda şeýle ýazylypdyr: «Eý, adam ogullary! Rysgal üçin näme gussa batýarsyňyz? Men guzgun guşunyň[2] çagasyna kyrk günläp rysgalyny berýärin, ýagny ýumurtgadan çykan mahaly jüýjäniň reňki ak bolýar. Guzgun onuň aklygyny görensoň, ürküp, kyrk günläp jüýjesiniň ýanyna gelmeýär. Ol kyrk gün içinde Taňrynyň permany bilen jüýjeleriň daşyna siňekler üýşýärler. Olar siňekler bilen iýmitlenýärler. Kyrk günden soň onuň ýelekleri çykýar we soňra enesi gelip olary ekleýär. Kyrk günläp guşuň jüýjesine rysgalyny egsik etmeýän Taňry, gullarynyň rysgalyny egsik edermi?»

---

[1] Egsik — kem.
[2] Guzgun — garaguş.

Bilgil, Taňry bu halkyň rysgalyny dört zat bilen berýär. Ol dört zat içinde ejizdir we oňa garaşlydyr. Owwal, gökden ýagyş ýagar. Ikinjisi – ýerden dürli tagam biter. Üçünjisi – çeşmeden suw gelýär. Dördünji agaçlara dürli ir-iýmişler biter. Bu dört zatdan älem-jahanyň rysgaly hasyl bolar. Japar Sadykdan: «Taňry näme üçin gullaryna rysgalynyň hemmesini birden bermeýär? Hikmeti näme?» diýip soradylar. Japar Sadyk: «Bäş zat sebäpli birden berilmeýär. Owwaly ol, eger hemmesini birden bersedi, ony saklamazdylar. Ikinjisi ol, eger birden bersedi, belki ony ogurladardy ýa-da biri gije saklap, elinden alardy. Ol hem rysgalsyz galardy. Üçünjisi – eger rysgalyny birden bersedi, Taňrydan gullary hajatsyz bolardylar. Taňrynyň söýen gullary hem her dem ondan hajat dilärler. Dördünji, eger rysgalyny birden berse, ony hem iýip gutarsa, ol kişiniň haçan öljekdigi mälim bolardy. Ol ölüminiň gelendigini biler we ýaşaýyş oňa lezzetsiz bolar. Gije-gündiz gaýgyly bolardy. Bes, Taňrynyň şeýle etmek gerekdigi, onuň hikmetidir. Ol kişi ölensoň, onuň rysgaly hem gutarar. Bir kemsiz ähli rysgaly ol kişä berler» diýdi.

Şakyk Balhydan rowaýat etdiler. Ol: «Men bir müň ýedi ýüz ymama şägirtlik eýledim. Nijeme gatyr ýükli kitaby okadym. Men kişiniň Taňrynyň ýoluna işlän dört zadyny bildim. Owwaly, onuň rysgaly üçin köňli arkaýyn, gaýgysyz bolar. Ikinji, yhlas bilen edilen tagat. Üçünji, iblis bilen söweşer, ýagny iblise laýyk işi bolmaz, dördünji, ölümini unutmaz, ýaragyny aýlap

durar» diýdi. Isa pygamber: «Ertirki rysgal üçin bu gün gaýgy-gussa batmak gerek däl. Sebäbi gullaryň rysgaly, her gün egsilmez, kim rysgal wadasyna ynanmasa ýazykly bolar» diýdi. Weýsel Gara[1]: «Eger asmandaky perişdeler ýaly tagat etseň, tä Onuň birligine, perişdelerine, kyýamat gününe, ýagşy-ýamanyň takdyryna rysgal wadasyna ynanmasaň, Taňry ony kabul etmez» diýdi.

Rowaýat etdiler, bir adam gelip Hatamdan: «Nireden iýýärsiň?» diýir sorady. Ol: «Allanyň hazynasyndan, ol hiç egsilmez» diýdi. Ol adam: «Ýok. Sen musulmanlaryň zadyndan iýýärsiň» diýdi. Hatam: «Heý, seniň zadyňy iýdimmi?» diýdi. Ol adam: «Sen gaty delilçi kişi sen» diýdi. Hatam: «Kyýamatda hem delil gerekdir» diýdi. Ol: «Sen sözli kişi sen» diýdi. Hatam: «Gurhan hem Taňrynyň sözüdir» diýdi. Ol: «Bes, seniň rysgalyň gökden inýärmi?» diýdi. Hatam: «Ähli mahlukatyň rysgaly gökdendir. Alla bu barada Gurhanda şeýle diýdi: «Asmanda size wada berlen rysgallaryňyz bar»[2] diýdi. Ol adam: «Çünki gökde iýmiş bolsa, bes seniň rysgyň bajadan[3] inýärmi?» diýip sorady. Hatam: «Dokuz aý ene garnynda ýatanyňda, rysgalym bajadan inerdi» diýdi. Ol adam: «Şeýle çalkynda[4] ýatyrkaň, saňa rysgalyň gelermi?» diýdi.

---

[1] Weýsel Gara — Weýis baba.
[2] Gurhanyň 51-nji («Zariýat») süresiniň 22-nji aýaty.
[3] Baja — asman.
[4] Çalkyn — ene ýatgysy.

Hatam: «Iki ýyl beşikde[1] ýatyrkaň, maňa rysgalym gelerdi, men bolsa iýerdim» diýdi. Ol adam: «Sen bugdaý ekýärsiň, ekmän iýermisiň?» diýdi. Hatam: «Pyrgaun kowumy ekdi. Musa kowumy gelip iýdi» diýdi. Ol adam bu sözleri eşidip toba edip: «Maňa öwüt ber» diýdi. Hatam: «Halkdan tagamyňy kesseň, bular saňa gysgançlyk etmez. Sen özüňi Taňra laýyk etseň we Taňra tagat edip, tabyn bolsaň, hemmeler saňa hormat goýarlar» diýdi.

Hatam aýdýar: «Eşekler otlaýan ýerlerini bilerer. Mynapyklar rysgalyň gökden inýändigini bilmezler, öz gazançlaryndan bilerler». Hatamdan: «Rysgal wadasyna ynanmakda senden has ýegräk barmy?» diýip soradylar. Ol: «Meniň aýalym bu ýolda menden ýegräkdir» diýdi. Şonuň üçin men haja gitmäge hyýallandym we aýalyma: «Saňa näçe harajat goýaýyn» diýdim. Ol: «Maňa ýaşaýyş beren mukdaryňda harajat goýgul» diýdi. Men: «Ýaşaýyş menden däldir, Taňrydandyr» diýdim. Aýalym: «Bes, rysgalym, harajatym senden däl-de, Taňrydandyr. Men oňa töwekgel edýärin» diýdi. Soň ýola rowana boldum. Men gidenimden soň ondan: «Hatam, saňa näçe harajat goýdy» diýip sorapdyrlar. Ol: «Men Hatamy rysgal iýiji gördüm, rysgal beriji görmedim» diýipdir. Ybrahym Edhem bir zahytdan: «Sen nireden iýýärsiň?» diýip sorapdyr. Ol: «Men özümiň nireden iýýändigimi

[1] Beşik — sallançak.

bilemok, rysgaly berenden sora, ol nireden berýär» diýipdir.

Abulkasym Hekim aýdýar: «Eý, biçäre adam! Dişleriň rysgal köňlüň gussa çekýär. Sen iýýän rysgalyň kimiňkidigini, sen öz rysgalyň nirededigini bilmersiň. Bes, bilip goý, seniň rysgalyň beýlekileriňkiden aýrydyr. Şonuň üçin hars urmak gerek däl. Ol Taňry her getiren güni üçin rysgal hem berer. Ol Taňry getiren gijesi üçin don hem berer. Bes, malyň üçin gussa çekmek nämä gerek».

Rowaýat etdiler, Taňry melekul-möwt[1] bolan Ezraýyl perişdeden: «Eý, ölüm perişdesi, munça janlary alýarsyň, hiç kime ýüregiň awamadymy?» diýip sorady. Onda ol: «Ylahym! Iki kişä ýüregim awady. Biri bir aýala. Ol bir ýere gidip barýardy, emdirýän oglanjygy bardy. Maňa perman geldi. Men hem ol aýalyň janyny aldym. Onuň oguljygy gyzgyn çölüň içinde ýalňyz aglap galdy. Meniň oňa gaty ýüregim awady. Ikinjisi bir patyşa ýüregim awady. Ol gowy adamdy. Nygmaty, gullary, garabaşlary we maly köpdi. Maňa perman geldi. Men onuň janyny aldym. Onuň ownuk çagalaryndan we malyndan aýrylandygyna gaty gynandym» diýdi. Taňry: «Eý, ölüm perişdesi! Ol yssy gumda ýalňyz galan oglan, seniň ol ýüregiň awan patyşadyr. Men ol oglany gorap sakladym, uly patyşalyga ýetirdim. Il, welaýat, mal, dowar berdim. Men özümiň gudratymyň bilinmegi

[1] Melekul-möwt — ölüm perişdesi.

üçin şeýle etdim» diýdi. Taňry özüniň we rehmeti bilen biz gullaryna rysgal wadasyna ynanmagy çyn ýürekden töwekgel nesip etsin! Enşalla.

## ON SEKIZINJI BAP: KANAGAT BABY

Bilgin, Taňrytagala: «Gün-güzerana kanagat etmek möminlere parzdyr we lazymdyr» diýdi. Bu barada Gurhanda şeýle diýdi: «Biz olaryň arasynda olaryň ýaşaýşyny paýladyk».[1] Pygamber Abuzere: «Eý, Abuzer! Bir kişiniň dowary köp bolsa, siz oňa baý diýersiňizmi?» diýdi. Abuzer: «Hawa» diýdi. Pygamber: «Kimiň dünýäde dowary az bolsa, oňa ýoksul diýýärsiňizmi?» diýdi. Abuzer: «Hawa» diýdi. Pygamber: «Baýlyk, mata we mal däldir. Baýlyk köňül baýlygydyr. Ol hem kanagatdyr» diýdi. Kişileriň iň gowusy Taňrynyň berenine kanagat edýän, kişileriň ýowuzy bolsa, tamakin bolup kanagat etmeýändir.

Pygamber: «Adam ogly garradygyça, iki zady ýigdeler. Birinjisi nebisjeňlik. Ikinjisi ömrüniň uzynlygyny islemek» diýdi. Ýene-de aýtdy: «Ýazygyň enelerinden daş duruň. Biri — tekepbirlikdir. Ikinjisi — bahyllykdyr. Üçünjisi — dünýäni söýmekdir. Tekebirligi ilkinji bolup, iblis etdi. Ol adama sežde etmedi, kapyr boldy. Bahyllygy öňürti Kabyl etdi.

[1] Gurhanyň 43-nji («Zuhruf») süresiniň 32-nji aýaty.

Habylyň gurbany kabul bolup, meniňki bolmady diýip bahyllyk etdi. Ol Habyly öldürdi. Nebisjeňligi öňürti Adam ata etdi. Biribar uçmah içinde dürli nygmatlar barka, oňa bugdaýy iýme diýdi. Ol nebisjeňlik etdi we bugdaýy iýdi. Uçmahdan çykdy. Adamyň öň bakylyk saraýy uçmahdady. Harsydünýäligi sebäpli dünýä mähnetlerine düşdi. Haçanda harsydünýälik bu pany saraýynda bolsa, deňäp gör, seret, iş nirä barýar». Ýene-de aýtdy: «Meniň ymmatymda uçmah patyşalary dünýä ýoksullygyna kanagat eýlänlerdir».

Pygamber alaýhyssalam aýdýar: «Men bir hebeşi adam gördüm. Ýük daşaýardy. Men oňa: Günde näçe gazanýarsyň?» diýdim. Ol: «Günde bir ýarmak[1] gazanýaryn» diýdi. Men: «Gel, Gurhany öwren, saňa günde bir ýarmak bereýin» diýdim. Ol gelip, on gün oturdy, Gurhany öwrendi. Men hezreti Ala: «Oňa on ýarmak ber» diýdim. Hezreti Aly oňa on ýarmak berdi. Öýüne eltdi, iki sany dany[2] üç ýarmak eken. Hezreti Ala getirip berdi. Doly çykdy, öýüne getirdi. Sanady üç ýarmak iki dany eken. Jebraýyl geldi we şeýle diýdi: «Eý, Resulalla! Taňry aýdýar: «Men oňa üç günde bir ýarmak takdyr eýledim, sen meniň takdyrymdan artyk bermek isleýärmiň. Oňa üç ýarmak iki dany bergil, artyk bermegil» diýdi.

Rowaýat etdiler, bir gün Süleýman pygamber tagt üstünde oturdy. Ruhaýyl[3] tagtyny göterip, howa

[1] Ýarmak — pul birligi, kümüş puluň bölegi, oňa ýarymlyk hem diýlipdir.
[2] Dany — pul birligi, dirhemiň altydan bir bölegi.
[3] Ruhaýyl — perişde.

ýüzünde gidip barýarka, uzyn boýly görmegeý birini gördi. Ol ýyrtyk don geýip geçip barýardy. Süleýmanyň oňa ýüregi awady. Ýele buýurdy-da, «Tagty ýeriň ýüzüne gondur» diýdi. Ol adamy çagyryp, oňa bir altyn kürsi berdi. Ol adam doga etdi we ony alyp gitdi. Ol üç gezek durdy. Don edinmek üçin kürsüni satjak boldy, satyp bilmedi. Soraýanlar hem demir-mis bahasyna soraýardylar. Ol Süleýmanyň ýanyna gelip: «Bu beren zadyňy meniň elimden ýedi ýarmaga dileýärler, artyk bermeýärler» diýdi. Süleýman haýran galdy. Soň Jebraýyl geldi. Taňrynyň salamyny getirdi: «Eý, Süleýman! Taňrytagala men oňa ýedi ýarmak berdim. Sen meniň takdyrymy bozmak isleýärmiň, oňa ýedi ýarmagy berip, ol altyn kürsüni yzyna algyl» diýýär» diýdi.

Rowaýat etdiler, kyýamat munadalary[1] gygyrarlar: «Eý, meniň ýagşy gullarym! Nirede siz?» Perişdeler aýdarlar: «Eý, bar Hudaýa! Ýagşy gullaryň kimlerdir?». Ol aýdar: «Dünýäde az zada kanagat edenler we meniň ýazgydyma razy bolanlar».

Hasan Basry aýdýar: «Töwrat içinde bäş zat bar. Owwal baýlyk — kanagat eýlemekdir. Ikinjisi – salamatlyk — ýalňyzlykdyr. Üçünjisi – azatlyk— arzuw etmekdir, ýagny tamakin bolmazlykdyr. Dördünji — dostluk — dünýä meýil etmezlikdir. Bäşinji — halas bolmaklyk — dogry sözlemekdedir». Hasan Basry ýene-de: «Men dört zady isledim, ýöne

[1] Munady — jar, jarçy.

biderek garaşdym. Biri, baýlygy köp mal bilen isledim. Emma baýlyk kanagatda eken. Rahatlygy köp ýaşda isledim, emma ol az ýaşda eken. Sylag-hormaty halkdan isledim, emma perhizkärlikde tapdym. Nygmaty iýmekde we geýmekde isledim. Emma musulmançylykda tapdym» diýdi.

Abulkasym Hekim: «Kimde-kim tamakin bolsa, onda hormat-sylag ýok, kimde-kim kanagatly bolsa onda horluk ýok. Bilgin, ynsany tanan gul bolar. Gullar kanagat bilen azat bolar» diýdi. Abulkasym Hekim ýene-de: «Bäş zat bäş zady giderer. Kakymak[1] sabry giderer, açlyk ody giderer, tekepbirlik dini gidirer, tamakinçilik hikmeti giderer, ýalançylyk haýany giderer» diýdi.

Rowaýat etdiler, Abdylla ibn Mübärek bir köre: «Lä ilähe illalla» diýgil» diýdi. Ol kör: «Bu söz örän owadan sözdür. Emma, ol barada köp işler bardyr» diýdi. Abdylla: «Näme işleriň bar?» diýip sorady. Onda kör: «Siz sorag-hasap hakdyr diýýärsiňiz. Emma näme üçin köp baýlyk dileýärsiňiz. Tagat etmek hakdyr diýýärsiňiz, emma näme üçin ýaltalyk edýärsiňiz, rysgal beriji hakdyr diýýärsiňiz, emma näme üçin hars urýarsyňyz?» diýdi. Abdylla oňa: «Olar öwrener ýaly bir zat däl ahyry» diýdi. Onda kör: «Kine tutujy, dinli bolmaz, Taňryny söýen, halky söýüp Taňryny yzarlamaz. Dini söýen mala tama edip, dünýäni kowalamaz. Ahyret isleýän dünýä işine meşgul

[1] Kakymak — gaharlanmak.

bolmaz» diýdi. Soňra ol «Lä ilähe illalla Muhammedun resullallah» diýip musulman boldy.

Abu Bekr Wasyty aýdýar: «Haçan adam ogullarynyň köňli dünýä meýil etse, ol köňli bilen iblisiň ulagy bolar. Her gün ol ulagyna üç gezek gamçy bilen urar. Bir gamçysynda tama dörär. Ikinji gamçysynda, mal ýygnamak dörär. Üçünji gamçysynda, Taňrynyň bagyşlan zadyny bermezligi tama etse, hor bolar. Tamakinçilik bolsa, mal toplamaga elter. Mal ýygnamak bolsa gysyklyga elter, gysyklyk bolsa jomartlygy ýakar, munuň hemmesi gysgançlyga elter, gysgançlyk bolsa şek getirer, şek küpür bolar, küpür bolsa tamug oduna sezewar bolar».

Abulkasym Hekim aýdýar: «Gaýgy iki hilidir. Biri açlykdyr, ol bir döwüm etmek[1] bilen dep bolar. Ikinji gaýgy, harsydünýälikdir. Ol harsydünýälik gaýgysynda, bütin jahan onuňky bolsa-da onuň gaýgysy gitmez we gözleri doýmaz». Ýene-de bilgin «Kanagat eden kişi rysgally bolar. Harsydünýä kişi rysgaldan mahrum bolar». Taňrynyň enaýaty bilen ähli musulmanlara kanagat etmek nesip etsin! Nesip eder enşalla!

[1] Etmek — ekmek, çörek.

# ON DOKUZYNJY BAP: DÜNÝÄNI PES HASAPLAMAK BABY

Abu Hureýradan rowaýat etdiler: «Pygamber alaýhyssalam el galdyryp, doga etdi: «Eý, rebbim! Meniň sahabalaryma we ymmatyma ýeterlik derejede rysgal bergil. Rysgalyň iň gowusy ýeterlik derejede ýegräkdir» diýdi. Abu Hureýra: «Eý, Resulalla! Ymmatyň üçin rysgal dileýärsiňmi?» diýdi. Ol: «Hawa. Emma ýeterlik derejede dileýärin. Ýeterlik derejede hem iýmek we geýmek derejesinde bolýandyr, artyk bolmaýandyr. Artygy günädir, kyýamat gününde ol hem jezadyr» diýdi. Pygamber dogasynyň içinde: «Ylahym! Her kim meni söýse, oňa ýeterlik derejede rysgal bergil. Her kim meni söýmese, onuň malyny we ogul-gyzyny artdyr. Şonuň üçin hem maly köp kişi, tagatdan beter dünýä meşgul bolar. Ol Taňryny ýatlamaz. Şeýle hem onuň eden ýazyklary artar, kyýamat gününde hasaby agyr bolar» diýdi.

Pygamber alaýhyssalam bir gün öýünden daşary çykyp: «Eý, dünýä aldananlar! Dünýä kän meýil etmäň!» diýip iki gezek gygyryp: «Haýsy kişi ýeterlik derejeden artyk islese, kyýamat gününde hasap

bermekde, bela sezewar bolar» diýdi. Pygamber alaýhyssalam: «Ahyrzaman kowumy, gije mömin, ertir irden kapyr bolar ýa-da ertir irden mömin, gije kapyr bolar. Olar dünýäni söýendikleri üçin dinlerini satarlar, şeýle hem patyşalaryň ýanynda orun almak üçin nähak söz sözlärler» diýdi.

Rowaýat etdiler, bir gün pygamber alaýhyssalam hüjresinden çykdy. Egindeşleriniň ýanyna gelip: «Iki düýe göwherli bolmak isleýärsiňizmi?» diýdi. Olar: «Ony kim islemez» diýdiler. Pygamber alaýhyssalam: «Her kim metjide girip, iki aýat Gurhan okasa, iki düýe ýükli göwher gazanan ýaly bolar. Her kim üç aýat okasa, üç düýe ýükli göwher gazanar» diýdi.

Rowaýat etdiler bir gezek iblis: «Baýlar menden halas bolup bilmezler, sebäbi men dünýäni olaryň köňlüne süýji edip görkezerin. Olar zekatlaryny hem bermezler, mallaryna göterim goşarlar. Olary nähak ýere harçlarlar. Şeýle hem olary harsydünýä ederin. Kazasyna görä köp ýagşylyk ederin» diýdi. Pygamber alaýhyssalam: «Ýagşy bagtlylyk nyşany iki hilidir. Birinjisi – tagat içindedir, dünýäde tagat edýänleri özünden ýegräk görer. Ikinjisi – mal içindedir, özünden peslere seredip öz halyna şükür eder» diýdi.

Ymam aýdýar: «Taňry pygamberi dünýä iberdi. Ol wagtyň jynlary we perileriniň hemmesi direldiler we iblisiň ýanyna gelip: «Adam ogullary dünýäni söýýärler» diýdiler. Onda iblis: «Eger olar dünýäni söýseler, siz hiç zady gaýgy etmäň! Olar menden halas bolup bilmezler. Men olary butlara ybadat etdirerin,

olaryň käbirlerini güýç bilen, käbirini nähak ýere harç eýlemek bilen, üç zat bilen ýoldan çykararyn. Kim halal gazanjyny haram işe sarp etse, tamuglyk bolar. Her kim haramdan gazansa, halal ýere harç eýlese, hasabyny berer. Hasaby soralanda, bir lukma çöregi, bir içim suwy, nämeden gazandyň, nirä harçladyň?» diýip sorarlar» diýdi.

Pygamber alaýhyssalam: «Eý, adam ogly! Halallygyň hasabyny bermelisiň, haramyň azabyny görmelisiň. Haýsy kişi «Pylan ýerde yssy[1] bardy. Men ondan peýdalanmadym, haýp ol pursaty gaçyrdym» diýse, ol tamuga ýakyn barar. Haýsy kişi «Pylan ýerde müjde[2] bardy, haýp men oňa barmadym» diýse, uçmaha ýakyn bolar. Kim dünýäni dilese, Taňry ýoksullygy onuň iki gözüniň arasynda goýar. Haýsy kişi ahyret islese, dünýä talabynda bolmasa, baýlygy onuň iki gözüniň arasynda goýar» diýdi.

Pygamber alaýhyssalam: «Eý, Aly! Dört zat betbagtçylygyň nyşanydyr. Birinjisi – Taňry gorkusyndan aglamazlyk. Ikinjisi – köňül gatlagynda ejizleri görüp ýüregiň awamazlyk. Üçinjisi – uzyn ömür arzuw eýlemek. Dördünjisi – dünýäni söýmek. Kim dünýäni ymarat eýlese, ýoksullaryň köňlüni weýran eýlär. Taňry oňa dört dürli gahar-gazap eder. Açlyk berer, ýagmyr ýagmaz, soltanlara zulum eder, kazylar haýynlyk eder, haky dogry ýerine ýetirmez».

---

[1] Yssy — peýda, bähbit.
[2] Müžde — buşluk, ýagşy iş.

Soň bilgin, duşman ondan üstün çykar. Taňry «Eý, dünýä! Kim seni tapsa, saňa guldur, kim meni tapmasa, sen onuň guly bolgul» diýdi. Isa pygamber: «Malda birnäçe dert bardyr» diýdi. Ondan: «Näme derdi bar?» diýip soradylar. Ol: «Zekat bermek bar» diýdi. Oňa: «Zekat bermese näme bolar»? diýdiler. Onda: «Ýoksullara näz etmek bar» diýdi. Oňa: «Eger näz etmese näme bolar?» diýdiler. Onda: «Taňryny az ýat eder» diýdi.

Pygamber alaýhyssalam: «Haçanda ölüniň jynazasy okalanda, onuň jany üç gezek çagyrylar. Ony ol öýüň adamlaryndan galan ähli janly-jandarlar eşider. Merhum aýdar: «Eý, garyndaşlarym, Eý, dostlarym, dünýäde men näme gazanan bolsam, soňkulara miras goýdum. Bular meniň günälerimden hiç zat götermediler. Siz meni göre salýarsyňyz. Müňker-Nekire tabşyrýarsyňyz. Meniň gazananym başgalara, kyýamat gününde hasabyny bolsa menden sorarlar».

Isa pygamber: «Bir gün üç adam bilen ýoldaş boldum. Ýolda barýarkak, ýoluň üstünde iki altyn bölegini ýerden tapdylar. Men: «Geliň geçip gideliň, bu bir zyýandyr» diýdim. Ol üç kişi etmediler we ol ýerde galdylar. Isa pygamber gitdi, ol üç kişiden birini şähere iberdiler. Oňa: «Aş we çörek algyl, hem-de palta algyl, bu altynlary bolsa, bölüşeliň» diýdiler. Ol şähere bardy-da, alan naharyna awy gatdy, iki ýoldaşyna nahar iýdirip, olary öldürmekçidi, altynlary bolsa özi almakçydy. Ol iki kişi hem öz aralarynda dil düwüşdiler. «Ol nahar bilen çöregi getirensoň, ony

öldüreliň, iki altyny hem ikimiz alaly» diýdiler. Şähere giden nahar bilen çöregi alyp geldi. Bu iki kişi hem ony öldürdiler, soň oturyp ol nahary iýdiler. Soňra olar hem zäherlenip öldüler. Altyn bolsa ýene öňki ýerinde galdy. Soň Isa pygamber gelip görse, üç kişi ölüp ýatyr. Altynlar bolsa şol öňki ýerinde durdy. Isa pygamber ol altyny ýere gömüp, «Eý, pitne[1]» diýdi-de, geçip gitdi. Taňrytagala pazly we enaýaty bilen biz günäli gullaryny dünýä söýgüsinden we mal pitnesinden aman saklasyn! Enşalla.

[1] Pitne — zyýan.

## ÝIGRIMINJI BAP: YBADAT BABY

Bilgin, Taňry gullaryna özüne tagat etmeklerini emr etdi. Bu barada Gurhanda şeýle diýdi: «Alla ybadat ediň, oňa ortak goşmaň».[1] Ýene bir aýatda şeýle diýdi: «Eý, ynsanlar: Rebbiňize ybadat ediň».[2]

Pygamber alaýhyssalam aýdýar: «Taňry maňa tagat etmegimi we tesbih[3] eýlemegimi buýurdy. Bu barada Gurhanda şeýle diýdi: «Rebbiň hamdyny tesbih et we sežde edijilerden bol».[4] Şeýle hem ylahym maňa tä ölýänçäm oraza tut, namaz oka diýdi. Bezirgenler bilen duş diýmedi». Taňry aýtdy: «Eý, Gullarym! Eger parzlaryňyzy berjaý etseňiz abytlardan bolarsyňyz. Eger günä işlerden daş dursaňyz, takwa bolarsyňyz. Eger beren zadyma kanagat etseňiz, baý bolarsyňyz».

Halyt ibn Welit[5] bir gün pygamberiň ýanyna gelip: «Ýa Resulalla! Senden bir zat sorajak» diýdi. Ol: «Sora» diýdi. Halyt: «Men adamlaryň hormatlanýany

---

[1] Gurhanyň 4-nji («Nisa») süresiniň 36-njy aýaty.
[2] Gurhanyň 2-nji («Bakara») süresiniň 21-nji aýaty.
[3] Tesbih — Hudaýy ýatlap namaz doga okamak.
[4] Gurhanyň 15-nji («Hyjr») süresiniň 98-nji aýaty.
[5] Halyt ibn Welit — sahabalaryň biri.

bolmak isleýärin» diýdi. Onda pygamber: «Taňrydan gorkýan bol, şeýtseň adamlaryň hormatlaýan adamsy bolarsyň» diýdi. Ýene ol: «Men baýlardan bolmak isleýärin» diýdi. Pygamber: «Taňrynyň berenine kanagat eýleseň, baýlardan bolarsyň» diýdi. Ýene-de: «Men ýagşylardan bolmak isleýärin» diýdi. Pygamber: «Adamlara peýdaň degsin, ýagşylardan bolarsyň» diýdi. Ol ýene: «Yhlaslylardan bolmak isleýärin» diýdi. Pygamber: «Her işiňde Taňryny ýatla, şonda yhlaslylardan bolarsyň» diýdi. Ýene-de: «Abraýlylardan bolmak isleýärin» diýdi. Pygamber: «Ölümiňi unutma, abraýlylardan bolarsyň» diýdi. Ol ýene: «Taňrydan gorkýan bolaýyn» diýdi. Pygamber: «Äşgär we gizlin işleriň deň bolsun!» diýdi. Ýene-de ol: «Arassa gezmek isleýärin» diýdi. Pygamber: «Özüňi hyýanatdan sakla, şonda arassa bolarsyň» diýdi. Ýene-de ol: «Taňrynyň maňa rehmet etmegini isleýärin» diýdi. Pygamber: «Garyp-pukaralara rehim et. Taňry hem saňa rehmet eder» diýdi. Ýene-de: «Güýçlülerden bolaýyn» diýdi. Pygamber: «Taňra töwekgel et, güýçlülerden bolarsyň» diýdi. Ýene: «Ömrüm uzyn bolsun» diýdi. Pygamber: «Ata-eneňe, goňşularyňa, ähli musulmanlara ýagşy söz aýt, ömrüň uzyn bolar» diýdi. Ýene: «Imandan aýrylmaýyn» diýdi. Pygamber: «Möminleri söýgül we saňa näme ýaramaýan bolsa, beýlekilere hem rowa görme» diýdi. Ýene: «Şehitlik bilen öleýin» diýdi. Pygamber: «Elmydama täretli gezgin, täret bilen ýatgyn» diýdi. Ýene-de: «Dogam kabul bolsun» diýdi. Pygamber: «Haram iýme» diýdi.

Ýene: «Kyýamat gününde ýalaňaç bolmaýyn» diýdi. Pygamber: «Özüňi zynadan sakla, hiç kimiň aýbyny açma» diýdi. Halyt soň: «Eý, Resulalla! Günä näme bilen gidýär» diýdi. Pygamber: «Toba bilen, ene-ata razylygy bilen we Taňrynyň zikrini[1] etmek bilen gider» diýdi. Halyt soň ýene: «Eý, Resulalla! «Günäniň ýeterlik derejesi nämedir? Pygamber: «Adamlaryň arasynda ýagşy gylykly bolmak». Ýene-de: «Ýagşylyk we sogap nämäni giderir» diýdi. Pygamber: «Adamlaryň halamaýan ýowuz häsiýetini» diýdi. Ýene-de ol: «Taňrynyň belasyny näme gaýtarar» diýdi. Onda ol: «Sadaka bermek müň belany gaýtarar» diýdi. Ýene-de ol: «Tamug oduna näme zat galkan bolar» diýdi. Pygamber: «Agyz beklemek» diýip jogap berdi.

Isa pygamber gojalary görende: «Utanyň! Gapyl bolmaň, eken agajyň orular» diýerdi. Ýigitleri görende: «Niçe ýigitler bolar, edil gojalar ýalydyr» diýerdi. Baýlary görse: «Habardar boluň, bu malyň sizi Taňry tagatyndan alyp galmasyn» diýerdi. Haçanda ýoksullary görende: «Bu dünýäde ýoksullyk çekdiňiz, habardar boluň, ahyretde hem ýoksullyk çekmäň. Dünýäň ýoksullygyna sabyr ediň, berenine kanagat ediň. Ahyretde patyşa bolarsyňyz» diýerdi. Çelebim! Öz pazlyň we keremiň bilen möminlere ahyret rahatlygyny bergil! Enşalla.

[1] Zikr — ýatlama, ýat etme.

# ÝIGRIMI BIRINJI BAP: ÖLÜMI ÝATLAMAK BABY

Bilgin, ölüm ahyretiň ýoludyr. Dünýäden ötensoň oňa bararsyň. Ahyretiň owwalky menzili gördür we ölümden gaçana hiç hili halas bolmak ýokdur. Bu barada Gurhanda şeýle diýdi: «Aýt. Olaryň gaçýan ölümleri, olar bilen duşuşar».[1]

Ölüm bir gapydyr, ähli kişiler ol gapydan geçerler. Ölüm bir öýdür, ähli kişiler oňa girerler. Ölüm bir şerbetdir, hemmeler ondan içerler. Bu barada Gurhanda şeýle diýdi: «Onuň üstündäki zat panydyr».[2] Bes, bu aýat gelensoň perişdeler «Ýer halky pany bolar, asman halky pany bolmaz» diýdiler. Ondan soň: «Alladan galan ähli zat heläk bolupdyr, höküm onuňkydyr we oňa baryljakdyr»[3] aýaty geldi. Ýagny Taňrydan galan ähli zat heläk bolar diýmekdir. Perişdeler bu aýaty eşidensoňlar, özleriniň hem öljekdiklerini bildiler.

Pygamber alaýhyssalym: «Meniň bedenim hem ölümiň dadyny dadar». Çünki Allatagala Bu barada

---

[1] Gurhanyň 62-nji («Jumuga») süresiniň 8-nji aýaty.
[2] Gurhanyň 55-nji («Rahman») süresiniň 26-njy aýaty.
[3] Gurhanyň 28-nji («Kasas») süresiniň 88-nji aýaty.

Gurhanda şeýle diýdi: «Ähli janly zat ölümi dadar».[1] Oňa: «Eý, Resulalla! Jümle hem seniň dostlugyňa ýaradyldy. Taňry hezretlerinden ölmezligiňi dileseň» diýdiler. Pygamber alaýhyssalym: «Taňry dostlaryny bu pany dünýäde köp saklamaz. Dostuň-dosta gowuşmagy uly nygmatdyr. Bagtly kişiň jany, Taňry hezretine iman bilen baran kişidir» diýdi.

Abu Hureýradan rowaýat etdiler. Ol: «Izä jäýe nasrullahi» («Allanyň kömegi gelen bolsa»)[2] süresi Medinede indi. Pygamber ony okandan soň aglap: «Meniň köňlüm şeýle şaýatlyk berýär. Meniň ajalym ýakyn gelipdir. Sebäbi her bir zat maksadyna ýetse, tamam bolar» diýdi. Oňa: «Näme üçin beýle aglaýarsyň Taňry seni ýalkady, günäleriňi bagyşlady, rehmet etdi» diýdiler. Ol: «Hany jan bermegiň kynçylygy, hany munça zaman görde ýatmak, hany kyýamat gününde ýene turmagy, hany kyýamat gününiň agyrlygy. Ol günüň uzynlygy elli müň ýyllyk ýoldur. Ol günde Ybraýym Halyl Ysmaýyly we Yshagy dilemez, öz nebsini dilär. Musa dogany Haruny dilemez, öz janyny dilär. Isa ejesi Merýemi dilemez, öz janyny dilär. Men öz janymy dilärin, Ybraýym bilen Patmany dilemerin. Hasan-Hüseýini dilemerin, belki ymmatymy dilärin» diýdi.

---

[1] Gurhanyň 3-nji («Äli Ymran») süresiniň 185-nji, 21-nji («Enbiýa») süresiniň 35-nji, 29-njy («Ankebut») süresiniň 58-nji aýatlary.
[2] Gurhanyň 99-njy («Käfirun») süresi.

Abu Hureýra aýdýar: «Izä jäýe nasrullahi»[1] süresi inenden soň, pygamberiň endişesi[2] köpeldi. Gije ukusyny az alardy. Aýaklary çişdi, horlandy, tagat üstünde durmakdan we aglamakdan gözleri harap boldy. Resul hezretleri bir gün Patmanyň ýanyna bardy. Görse Patma gülýärdi. Ondan: «Eý, Patma! Näme gülýärsiň. Ölüm perişdesi janyňy aljakdygyny unutdyňmy? Janyň çykjakdygyny unutdyňmy? Müňker-Nekiriň sowalyna jogabyňy berdiňmi? Görüň, uçmahdan bir bossanmy ýa-da tamugdan çukurmy, bildiňmi? Kyýamat gününde täzeden direljekdigiňi unutdyňmy? Sag eliňe ak depder, çep eliňe bolsa gara depder, haýsynyň öňürti geljekdigini bilýäňmi? Bilýärmiň, gör ahyretiň owwalky menzilidir. Bilmeýärmiň, bu dünýä ol kişileriň myradydyr. Olaryň ahyretde saraýy ýokdur. Bu dünýäde şat bolmak, akyly bolmadyk kişileriňkidir. Şeýle hem bu dünýäniň malyny, hasabyndan habarly kişiler kabul eder. Eý, gyzym Patma! Ýaprak iýip, arpa çöregin iýgin! Taňrynyň berenine kanagat etgin. Ol güni ýatlap durgun. Görden çykanyňdan soň, hasap bermeli bolarsyň! Eý, gyzym Patma! Doýýançaň iýip, ýoksullary unutmagyl. Malyň bolsa zekatyny bergil. Jebraýyl maňa aýtdy: «Haýsy kişi zekatyny dogry bermese tamugdan çykmaz». Eý, gyzym Patma! Şükür eýlegil, Taňry saňa zekat, wajyp boljak derejede mal

[1] Şol ýerde.
[2] Endişe — gaýgy, gam-gussa.

bermedi. Zekat sebäpli, dowzah azabyna giriftar[1] bolmaweri» diýdi.

Rowaýat etdiler, bir gün hezreti Resulyň ýanyna bir adam geldi. «Eý, Resulalla! maňa wesýet eýlegil» diýdi. Resul Huda: «Şeýle iş işlegin, iki gije-gündizde ýöresin» diýdi. Ol: «Bu gijeleri we bu gündizleri maňa mälim eýlegil» diýdi. Resul Huda: «Biri ol gündür ölüm Ezraýyl perişdesi janyňy almaga gelende bilmersiň, ol buşluk bilen ýa-da gahar-gazaply geler. Ikinjisi budur, kyýamat güni bolanda, ol gün bilmersiň, seniň ýazgylaryň sag eliňe gelermi ýa-da çep eliňe? Gijeleriň biri budur. Ikinji gije göre bararsyň. Görersiň, ogul-gyz, dogan-garyndaş, mal-mülk senden aýrylandyr. Senden Müňker-Nekir sorag sorar. Sen bilmersiň ol haýbatly sorarmy, ýa rehmet bilen sorarmy? Şeýle hem görüň aýdyň boljakmy ýa-da garaňky boljakmy? Ikinji ol gije görden çykarsyň, ertesi, kyýamat güni bolar» diýdi.

Rowaýat etdiler Jebraýyl alaýhyssalam bir gün geldi. Pygambere: «Saňa dört zady habar bereýin. Owwaly — budur, hökman barjak ýeriňi harap etme, ýagny gabryňy günä iş bilen harap eýleme. Ikinji — hökman barjak ýeriň göwnüne degme, ýagny günä etmek bilen Taňrynyň gazabyna duçar bolma, tagat bilen ony hoşnut eýlegil. Üçünji — seni gözlän, seni tapmasa durmaýan zat üçin aýrylmagyl, ol seniň

[1] Giriftar — sezewar bolma.

rysgalyňdyr. Dördünji — Taňrynyň hoşnut bolan zadyny islegil we işlegil» diýdi.

Rowaýat etdiler bir adam gelip Şakyk Balha: «Maňa ylym öwret, men onuň bilen amal edip, amal bilen halas bolaýyn» diýdi. Şakyk Balhy: «Dirileriň amaly gerekmi ýa-da ölüleriňki, uçmah amaly gerekmi ýa-da tamug amaly gerekmi?» diýip sorady. Ol adam: «Hemmesi gerek» diýdi. Şakyk Balhy aýtdy: «Dirileriň amaly budur, dünýäde näçe bolsaň, Taňrydan gork we azyk edin. Çünki Taňry dirilere: «Azyk ediniň, iň haýyrly azyk takwadyr» diýdi. «Ölüleriň ylmy budur, haçan olara ölüm gelip gaflat[1] bilen gitjekleri mahal aýdar: «Eý, Rebbim! Meni yza — o dünýä eltgil. Salyh amal edeýin» diýer. Indi hiç gaflat bilen gitme. Bu hakda Gurhanda aýdýar: «Aýtdy: «Eý, Rebbim! Meni salyh amal eder ýaly yzyma iber».[2]

Uçmah amaly budur, bir kişi uçmaha girse, özünden ýagşylaryň derejesini görüp puşman bolar. «Haýp[3], men hem näme üçin köp tagat etmedim, ol derejä ýetmedim» diýer. Sen ol wagt haýp degmez ýaly ýagşy amal bilen ol derejeleri gazan. Tamug amaly budur, tamug ähli haçanda tamugda azap görseler: «Eý, biziň Rebbimiz! Bizi ýagşy amal işlär ýaly mundan çykar» diýerler. Sen hem olardan bolma. Bu hakda Gurhanda aýdýar: «Eý, Rebbimiz! bizi bu ýerden çykar, biz

---

[1] Gaflat — gapyllyk, habarsyzlyk.
[2] Gurhanyň 23-nji («Muminun») süresiniň 100-nji aýaty.
[3] Haýp — ökünç.

ýagşy amal ederis».[1] Şakyk: «Otuz ýyl jahany gezdim. Ýaşulularda hasratlygy we puşmanlygy köp gördüm» diýdi.

Abukasym Hekim aýdýar: «Ýer ýüzünde näme görseň ybratdyr. Saçyň, sakgalyň bitýän, ýagyşyň ýagýan, otlaryň bitýän, janawerleriň ýaradylan, iýmişleriň bitýän ähli oňa meňzeş we ýer üstündäki ybratlary görüp, gapyl bolýan ýeriň aşagyndakylar, şol derejede hasrat çekerler. Ol hem waspa sygmaz, şeýle hem haýp näzenin durmuşy gaflat bilen geçirerler» diýip özleri ýanarlar». Hoja Fakyh aýdýar: «Biziň hemmämiz öljekdigimizi şeksiz we gumansyz bilýäris. Emma onuň azygyny aýdýan kişini görmeýäris. Tamugyň bardygyny gumansyz bilmeýäris. Uçmahyň hakykatdanam bardygyny bilýäris. Emma ony isleýän kişini görmeýäris.

Abulkasym Hekim aýdýar: «Menden: «Haýsy janaweriň başyny kesseň, tekebirlik eýlär?» diýip soradylar. Men: «Adam ogullarynyň. Olar tamugyň we görüň öňünde dursalar hem, olara barjakdyklaryny bilseler hem, pygamberleriň hüjjetini eşitseler hem, kitaplaryň sözlerini eşitseler hem, köňülleri ýumşamaz. Bilgin, a:m halk göri, kyýamat gününi, namalarynyň okalýandygyn gözleri bilen görerler. Emma haslar buşluk umyt etmek üçin ölümi söýerler, göri söýerler. Keramat umydy üçin, kyýamat gününi söýerler. Taňra

[1] Gurhanyň 35-nji («Fatyr») süresiniň 37-nji aýaty.

ulaşmak üçin namalarynyň okalmagyny söýerler» diýdim.

Abu Derda aýdýar:[1] «Halk üç zady söýmez, men söýerin. Käbirleri ýoksullygy söýmez, men pespäl bolmak üçin ýoksullygy söýerin. Halk sabyr etmegi söýmez, men günälerime keffarat[2] bolmagy üçin ony söýerin. Käbirleri ölümi söýmez, men Taňra gowuşmak üçin ölümi söýerin». Pygamber alaýhyssalam: «Möminleriň ýazygyna ölüm keffaratdyr. Möminlere ölüm rahatlykdyr. Şonuň üçin ol ýowuz kişilerden daş bolar, gybat we töhmet atýanlardan daş bolar, ýazykdan we şeýtan waswasyndan daş bolar» diýdi.

Bilal Hebeşi hezretleri janyny tabşyrjak bolup ýatan mahaly, aýaly: «Wa aharaýa»[3] diýip aglap gygyrdy. Onda Bilal oňa: «Sen Wa aharaýa» diýme, «wa ataraýa»[4] diýgil, sebäbi bu ölüm maňa şatlykdyr. Men pygamberi görerin, dostlarymy-ýaranlarymy görerin diýdi. Abu Zerden: «Kim nygmat içinde?» diýip soradylar. Ol: «Ölüp, toprak içinde teni azapdan aman bolan kişi» diýdi. Abulkasym Hekim aýdýar: «Möminleriň döwleti üç zatdyr. Biri — dirikä tagat içinde bolmak. Ikinjisi — ölende şehitlik bilen ölmek. Üçünjisi — kyýamat gününde göründen turup, oňa uçmahy buşlasalar». Aýtdylar: «Ten ölüminden

---

[1] Abu Derda — sahabalaryň biri.
[2] Keffarat — günä işleriň jezasy üçin töleg.
[3] Wa aharaýa — «Waý maňa gynanç» diýmek.
[4] Wa ataraýa — «Waý maňa şatlyk» diýmek

gorkmagyl, ölüm kişini halkdan aýrar. Köňül ölümi halkdan aýrar. Kişiniň teni ölse, ony hasrat suwy bilen ýuwarlar. Kimiň köňli ölse, ony betbagtlyk suwy bilen ýuwarlar».

Çelebim! Biz gullaryňa ähli möminler bilen ýagşy bagtlylyk nesip etsin. Pazly we enaýaty bilen bizi betbagtlykdan aman saklasyn! Enşalla.

## ÝIGRIMI IKINJI BAP: SABYR BABY

Bilgin, pygamber alaýhyssalam aýtdy: «Sabyr üç dürlüdir. Biri musybata[1] sabyr eýlemekdir. Kim musybata sabyr eýlese, Taňry oňa ýagşy dereje berer. Uçmah içinde ýer bilen gök arasy ýaly ýer bolan, bir derejeden orun berer. Ikinjisi — tagat etmäge sabyr eýlemek, kim tagata sabyr etse, Taňry oňa alty ýüz dereje berer. Her derejäniň arasy, ýedi gat ýeriň aşagyndan, ýedi gat gök üstüne çenli ýalydyr. Üçünjisi — ýazyk kylmaga sabyr etmek. Kim ýazyk işe ýönelen mahaly, sabyr edip saklansa, Taňry oňa dokuz ýüz dereje berer. Ol derejäniň uzynlygy arşyň ýüzündäki baýlykdan artyk bolar».

Pygamber alaýhyssalam: «Kim sabyr eýlese, Taňry oňa sabyr berer. Ynsana peşgeş berlen zatlaryň ulusy sabyrdyr» diýdi. Pygamber alaýhyssalam: «Kimiň başyna bir ýas düşse, ol bu ýas üçin aglasa, başga biri hem oňa öwüt berse, ol öwüt bereniň sogaby sabyr edenden artykdyr» diýdi. Pygamber alaýhyssalam: «Sabyr eýlemek uçmah hazynalaryndan bir hazynadyr»

[1] Musybat — bagtsyzlyk, ýas.

diýdi. Pygamber alaýhyssalam: «Biriniň maly ýasa ugrasa, ol kişi hakdan halka geldi diýip sabyr eýlese, ol guluň ýalkanmagy haka wajyp bolar. Haýsy mömün kesellese, sabyr eýlese, ýazyklary teninden ýylanyň gany ýaly döküler» diýdi.

Rowaýat etdiler, bir gün pygamber alaýhyssalam bir gassaba duş geldi. Salam bermek isledi. Jebraýyl gelip: «Taňry seniň ol gassaba salam bermegiňi emr etmedi» diýdi. Pygamber alaýhyssalam hem oňa salam bermedi. Ertesi gün yzyna geçip barýarka, ýene ol gassaba salam bermekçi boldy. Salam bermänkä, Jebraýyl gelip: «Eý, Muhammet! Gassaba salam ber» diýdi. Pygamber alaýhyssalam: «Eý, garyndaşym Jebraýyl, düýn maňa bu gassaba salam bermegi gadagan etdiň. Bu gün bolsa salam ber diýip buýurdyň. Hikmet näme?» diýdi. Jebraýyl: «Eý, Muhammet ol kişi gassap bolanlygy üçin gaty uly günälidir, oňa salam berme diýdim. Düýnki gün sen onuň ýanyndan geçeniňden soň, ol gassabyň ysytmasy tutdy. Altmyş ýyllyk ýazygyna duçar boldy» diýdi. Pygamber alaýhyssalam: «Haýsy mömin keselläp aglasa, onuň ähli ýazygy döküler. Hazan wagtynda agaçlaryň ýapragyny döküşi ýaly, döküler. Haýsy mynapyk[1] kesellese we aglasa bir döwüň gygyryp, ýyglap, arkan çaşyp, dyzyny urşuna meňzär. Agyrydan we zähmetden artyk hiç peýdasy ýokdur» diýdi.

[1] Mynapyk — iki ýüzli adam, aýdýany bilen edýäni başga.

Rowaýat etdiler, bir gün bir arap pygamber alaýhyssalamyň ýanyna geldi. Sözüň arasynda ysytma sözi çykdy. Arap: «Ysytma näme?» diýip sorady. Resul huda: «Et bilen deriniň arasynda bolan bir gyzgynlykdyr» diýdi. Onda arap: «Men ony hiç görmedim» diýdi. Onda pygamber alaýhyssalam: «Eý, sahabalar! Eger tamug ählini görmek isleseňiz, şu adamy görüň» diýdi.

Rowaýat etdiler, Dawut pygamber bir gezek: «Eý, Rebbim! Senden dört zat dileýärin. Dört zady hem dilemeýärin. Dileýän dört zadymyň biri dilim zikrli[1] bolsun. Ikinjisi – tenim sabyrly bolsun. Üçünjisi – köňlüm şükürli bolsun. Dördünjisi – dilegim maňa bir aýal ber. Ol maňa din içinde kömekçi bolsun. Dilemeýän dört zadymdan hem perýat edýärin. Ony menden daş edeweri. Biri — meniň sözümi tutmaýan ogul berme. Ikinjisi – maňa azap boljak maly berme. Üçünjisi – men garramankam garratjak, köp sözleýän we haýasyz bolan aýal berme. Dördünjisi – maňa ýagşylygymy gizläp ýamanlygymy sözleýän goňşy berme» diýdi. Çelebim, bu dört zatdan musulmanlary sen aman saklagyl!

Rowaýat etdiler, Uzeýr pygambere wahy geldi: «Eý, Uzeýr! Haçan bir günä iş işleseň, onuň kiçiligine bakma, seret kime asy bolduň? Haçan saňa rysgal gelse, onuň azlygyna bakma, ony saňa kim berdi, şoňa seret. Haçan menden saňa bir bela gelse, halka şikaýat

[1] Zikr — doga, dileg.

eýlemegil. Eger sen günä işleseň, men hem perişdelere senden şikaýat eýlemäýin» diýdi. Hezreti Aly: «Eger Taňry birine bela bermek islese, Hakyň ygtyýarydygy we şikaýat eýledigi üçin onuň takdyryny yzyna öwürmez. Emma ol sabyr etse, sogap alar» diýdi.

Sabyr dört dürlüdir. Biri tendedir, ol Eýýup[1] pygamberiň sabrydyr. Bu barada Gurhanda aýdýar: «Biz ony sabyrly we örän gowy gul hökmünde gördük».[2] Ikinji sabyr köňüldedir. Ol Ýusup pygamberiň sabrydyr we ol onuň bilen beýiklik tapdy. Bu barada Gurhanda aýdýar: «Şeýdip biz ondan erbetligi we ýamanlygy dep etdik».[3] Üçünji sabyr jandadyr. Ony Ysmaýyl pygamber etdi. Ýakynlyk tapdy. Bu barada Gurhanda aýdýar: «Oňa uly bir gurbany pida etdik».[4] Dördünji sabyr maldadyr. Ony Ybraýym pygamber etdi. Bu barada Gurhanda aýdýar: «We Ybraýymy dost tutundy».[5]

Baýezit Bestamy: «Eger bir kişä bela gelse, heläk bolmaz. Eger ol bela sabyr eýlemese, heläk bolar» diýdi. Şeýle hem ondan: «Bela sabyr eden ýegmi ýa-da şükür eden?» diýip soradylar. Onda ol: «Şükür ediji, ýarym adamdyr. Sabyr ediji bitewi adamdyr. Şonuň üçinem sabyr ýegdir, sabyr eýlemek köňle

---

[1] Eýýup — dini rowaýatlara görä Ýakubyň neslinden bolan pygamberleriň biri.
[2] Gurhanyň 38-nji («Sad») süresiniň 44-nji aýaty.
[3] Gurhanyň 12-nji («Ýusup») süresiniň 24-nji aýaty.
[4] Gurhanyň 37-nji («Saffat») süresiniň 107-nji aýaty.
[5] Gurhanyň 4-nji («Nisa») süresiniň 125-nji aýaty.

muwapykdyr»[1] diýdi. Abulkasym Hekimden: «Bela näme» diýip soradylar. Ol: «Ýa keramatdyr, ýa keffaratdyr[2], ýa jezadyr. Kim bela sabyr etse keramat tapar. Günälerine sabyr eden keffarat tapar. Belasyna, sabyr etmedik jezasyny tapar» diýdi. Ol ýene-de: «Haýsy kişi nygmata şükür eýlemese magrurlyk[3] bolar. Haýsy kişi bela uçrap, sabyr eýlemese iki jahan belasyna sezewar bolar. Haýsy kişi yhlas sözi bilen amal etmese, ömri zaýa bolar» diýdi. Abulkasym Hekim aýdýar: «Otuz ýyllap ylym öwrendim, tä üç zady öwrenýänçäm hiç peýda tapmadym. Birinjisi – kimiň ylym içinde amaly bolmasa, onuň ylmy we öwüdi hiç kime peýda bermez. Ikinji, kimiň sabry bolmasa, dini salamat bolmaz. Üçünji, kimiň takwasy bolmasa, Taňra ýakyn bolmaz».

Çelebim! Bizi öz pazlyň we enaýatyňda, ähli möminler bilen sabyrlylardan we şükür edýänlerden eýlegil. Enşalla.

[1] Muwapyk — laýyk, uýgunlaşdyrma.
[2] Keffarat — dini düşünjelerine görä, edilen günäni ýuwmak.
[3] Magrurlyk — tekepbirlik, men-menlik etmek.

# ÝIGRIMI ÜÇÜNJI BAP: ŞÜKÜR BABY

Bilgin, Taňrynyň beren nygmatlaryna şükür etmek parzdyr. Bu hakda Gurhanda aýtdy: «Allanyň size beren nygmatlaryna şükür ediň».[1] Taňry: «Meniň beren nygmatlaryma şükür etseňiz men ony size artdyraryn»[2] diýdi. Zahhak aýdýar: «Kim nygmata şükür etse, Taňry onuň iki jahandaky nygmatyny artdyrar, eger kim şükür etmese, nygmat ondan gider. Şükür etmek guly baýlyga ýetirer. Nygmat üç hilidir, dünýä nygmaty, din nygmaty, ten nygmaty. Dünýä nygmaty-hiç kime mätäç bolmazlykdyr. Ten nygmaty-tagat etmekdir, ahyret üçin uçmah nygmatlaryny almakdyr. Din nygmaty-perhizkärlikdir. Terkidünýä etmekdir. Şükür hem üç hilidir. Dil şüküri, ten şüküri, köňül şüküridir. Dil şüküri — «Elhamdu lilläh» (hudaýa şükür) diýmekdir. Ten şüküri-tagat etmekdir. Köňül şüküri-Taňryny bir bilmekdir». Nuh pygamber tagat edendigi üçin, ol barada Gurhanda şeýle diýdi: «Hakykatdan hem ol şükür ediji bir guldy».[3] Ybraýym pygambere:

---

[1] Gurhanyň 16-njy («Nahl») süresiniň 114-nji aýaty.
[2] Gurhanyň 14-nji («Ybraýym») süresiniň 7-nji aýaty.
[3] Gurhanyň 17-nji («Isra») süresiniň 3-nji aýaty.

«Özüne berlen nygmatlara şükür edýär»[1] diýdi. Lut pygambere: «Şükür edenleriň şeýdip biz sylagyny bereris»[2] diýdi.

Bir gün Isa pygamber gidip barýarka, ýagyş ýagdy. Bir tilkini gördi, baryp onuň hinine girdi. Isa: «Eý, Rebbim! Tilkiniň hini bar-da, meniňki ýok» diýdi. Haktagala wahy edip: «Eý, Isa! Men seniň teniňi tagat bilen arassa etdim. Diliňi towhyt we şahadat bilen arassa etdim. Köňlüňi magrypat we hikmet bilen arassa etdim. Näme üçin menden şikaýat edýärsiň» diýdi. Isa pygamber: «Şikaýat eder ýaly seniň bu beren nygmatlaryň şükürini ödäp bildimmikäm?» diýdi.

Sufýan Söwri aýdýar: «Japary Sadykdan: «Haýyr näme zat?» diýip soradym. Ol: «Haýyr on zatdyr. Bäşi bu jahanda, bäşi ol jahanda. Bu jahandaky bäş zadyň biri ylymdyr. Ikinjisi amaldyr. Üçünjisi yhlasdyr, dördünjisi tagatdyr. Bäşinjisi – ýazgyda razy bolmakdyr. Ahyretdäki bäş zadyň birinjisi ýüz aklygy, ikinjisi terezi agyrlygy, üçünjisi Syraty geçmek, dördünjisi dowzah odundan halas bolmak, bäşinjisi uçmaha girmekdir. Haýsy kişi gaýgyly bolsa, «Lä hawle welä kuwwete illä bilähil-alyýýyl-azym»[3] diýse, gaýgysy gider. Haýsy kişi dili bilen şükür etse, teni we köňli bilen şükür eýlemese, onda ol dony lybasy bar bolup, geýmän, ýalaňaç gezip ýören ýalydyr» diýdi.

[1] Gurhanyň 16-njy («Nahl») süresiniň 121-nji aýaty.
[2] Gurhanyň 54-nji («Kamar») süresiniň 35-nji aýaty.
[3] Manysy «Beýik we belent Alladan başga güýç we kuwwat ýokdur» diýmek.

Çelebim, biz gullaryňy şükür edijileriň sogabyndan mahrum etmegin! Enşalla.

## ÝIGRIMI DÖRDÜNJI BAP: YHLAS BABY

Bilgin, tagatlary yhlas bilen etmek parzdyr. Haýsy tagatda yhlas bolmasa Taňry ony kabul etmez. Bu hakda Gurhanda şeýle diýdi: «Aýt: Hakykatdan hem men dinimi päkläp, Alla ybadat etmäge buýrulandyryn».[1] Pygamber alaýhyssalam aýtdy: «Kim yhlas bilen «Lä ilähe illalla» diýse, uçmaha girer» diýdi.

Bir gün bir adam gelip pygamber hezretlerine: «Men namaz okaýaryn, oraza tutýaryn, zekat berýärin, jomartlyk edýärin, emma adamlaryň meni tanamagyny we ýatlamaklaryny isleýärin, maňa näme maslahat berýärsiň?» diýdi. Pygamber alaýhyssalam: «Meger munuň jogabyny Ylahym berer» diýdi. Bir sagatdan soň Jebraýyl gelip: «Kim Taňrynyň didaryny görmek islese, amaly salyh işlesin we eden amalyny halk görsün diýip işlemesin. Alla üçin etsin»[2] diýdi. Rowaýat etdiler, Isa pygamberden: «Yhlas näme zat?» diýip soradylar. Ol: «Yhlas Taňra tagat etmekdir. Eden

[1] Gurhanyň 39-njy («Zumer») süresiniň 11-nji aýaty.
[2] Gurhanyň 18-nji («Kehf») süresiniň 110-njy aýaty.

ybadatyňy Hak görsün, görenler bu kişi tagat eken diýsin» diýdi. Ondan ýene: «Nasyh[1] kimdir?» diýip soradylar. Ol: «Nasyh — kimiň iki işi bar bolsa, biri Taňry işi, biri dünýä işi bolsa, onda dünýä işini goýup, yhlas bilen Taňry işini işleýändir» diýdi.

Hezreti Aly Pygamber alaýhyssalamdan: «Yhlas näme?» diýip sorady. Pygamber alaýhyssalam hem Jebraýyldan sorady. Jebraýyl hem Taňrydan sorady. Taňry: «Yhlas men bilen gullarymyň arasynda bar bolan bir syrdyr. Men ol syry söýen gullarymyň köňlüne guýaryn» diýdi. Pygamber alaýhyssalam: «Kyýamat gününde yhlas bilen şirk[2] ikisi deň gelerler. Taňrynyň öňünde çökerler, Taňry yhlasa: «Sen öz ähliň bilen uçmaha bar» diýer. Şirke: «Sen öz ähliň bilen tamuga bar» diýer» diýdi.

Pygamber alaýhyssalam: «Kyýamat gününde ymmatym üç bölek bolup direler. Öňürti yhlas bilen tagat eden, ikinji ryýa bilen tagat eden, üçünji dünýälik üçin tagat eden. Bu üç bölegi Taňrynyň ýanyna getirerler. Taňry bulardan: «Dünýäde tagaty näme üçin etdiňiz?» diýip sorar. Ryýa üçin eden aýdar: «Halk bizi öwsün diýip etdik». Ikinji bölek aýdar: «Biz dünýä tamakin bolmak üçin etdik». Üçünji bölek aýdar: «Biz dünýäde namazymyzy ne dowzahdan gorkup okadyk ne-de uçmahy arzuwlap, seniň didaryň üçin etdik» diýerler. Ol iki bölegi tamuga ibererler we yhlas bilen

---

[1] Nasyh — nesihat beriji.
[2] Şirk — köphudaýlylyk, butparazlyk.

edenleri şatlyk bilen uçmaha ibererler» diýdi. Pygamber alaýhyssalam: «Zynhar[1], namazyňyzy yhlas bilen okaň, ryýa etmäň. Ýedi gat asman içinde perişdeler bardyr. Sizdäki perişdeler tagatyňyzy alyp göge çykyp barýarka, ýolda perişdelere duşarlar. Ol tagatyňyzy bulara görkezerler. Birinji — asmanyň perişdeleri gybat edýänleriň tagatlaryny geçirmezler. Ikinji — asmanyň perişdeleri namaz okaýarka, köňli dünýä bähbidinde bolanyň tagatyny geçirmezler. Üçünji — asmanyň perişdeleri namaz içinde köňlüni uly tutup, tekepbirlik edeniň namazyny geçirmezler. Dördünji — asmanyň perişdeleri namazda özüni gören kişiniň namazyny geçirmezler. Bäşinji — asman perişdeleri bahyllyk eden kişiniň namazyny geçirmezler. Altynjy — asman perişdeleri köňlünde şepagat bolmaýan namazyny geçirmezler. Ýedinji — asmanyň perişdeleri dünýä tama üçin namaz edeniň namazyny geçirmezler, yzyna ibererler. Resul alaýhyssalam şeýle diýensoň, Mugaz zar-zar aglap: «Eý, Resulalla! bizi Taňry kabul eder ýaly nädip ybadat edeliň?» diýdi. Pygamber alaýhyssalam: «Eý, Mugaz! Diliňi musulmanlardan sakla. Hiç kimi aýyplama we özüňi öwme, okan namazyň sogabyny hiç kime aýtma. Dünýä işini ahyret işinden öňde tutma. Ähli musulmanlary hor görme we ähli halky hoş gör. Eger bulary etmeseň, tamug itleri seni ýyrtarlar» diýdi.

[1] Zynhar — ätiýaçly bol, ägä bol.

Hezreti Aly şeýle diýdi: «Ryýagärleriň[1] dört nyşany bardyr. Biri namaz içinde ýalta bolar. Ikinjisi – halk içinde namazyň wagtyny uzadar. Üçünjisi – hiç kim ony öwmese tagatyny artdyrmaz. Dördünjisi – biri ony tankytlasa, namazyny terk eder». Abulkasym Hekim aýdýar: «Möminiň mysaly tazy ýalydyr. Mynajatyň mysaly towuk ýalydyr. Tazy garnynda müň altynlyk guşy göterer, hiç belli bolmaz, towuk bir ýumurtga guzlasa, halky gygyryp örüzýär. Ol ýumurtganyň bahasy bir puldur». Abulkasym Hekim aýdýar: «Haçan nygmatly bolsaň, halka näz edersiň, haçan mähnetli bolsaň, halka hile edersiň. Haçan tagat etseň, bir zat umyt edersiň. Oglanlykda oýnarsyň, ýigitlikde şöhwet kowarsyň. Gojalykda sussupes bolarsyň. Bilim agyrýar, namazy okamadym diýersiň, Taňra haçan ybadat etjek». Çelebim, ähli musulmanlary beýle ryýadan sen gora. Sydk we yhlas bilen bolar ýaly sen towpyk ber! Enşalla.

[1] Ryýa — ikiýüzlülik, özüňi erbet işlerden saklaýan edip görkezme.

# ÝIGRIMI BÄŞINJI BAP: TOBA BABY

Bilgin, günä işe toba etmek parzdyr. Bu hakda Gurhanda şeýle diýdi: «Eý, iman edenler, Alla nesuh[1] tobasyny ediň».[2] Taňry toba edenleri söýer. Çünki Allatagala Gurhanda şeýle diýdi: «Hakykatdan hem Alla toba edenleri we arassalary söýýär».[3] Haktagala toba edenleri ýalkar. Çünki Allatagala Gurhanda şeýle diýdi: «Hakykatdan hem men toba edenleriň günäsini geçijidirin».[4] Şeýle hem toba edenleriň günälerini sogaba öwrer. Çünki Allatagala Gurhanda şeýle diýdi: «Alla toba edenleriň olaryň günälerini ýagşylyga öwrer».[5]

Pygamber alaýhyssalam: «Nesuh tobasynyň üç alamaty bardyr. Birinjisi — eden günäsine puşman bolar. Ikinjisi – dili bilen günälerini bagyşlamagyny soraýanlardan bolar. Üçünjisi – teni bilen köňlüni şeýle bir berkider welin, indi ol işi işlemez» diýdi. Taňry

[1] Nesuh — päk, ak ýürek, erk bilen ýerine ýetirilen.
[2] Gurhanyň 66-njy («Tahrym») süresiniň 8-nji aýaty.
[3] Gurhanyň 2-nji («Bakara») süresiniň 222-nji aýaty.
[4] Gurhanyň 20-nji («Taha») süresiniň 82-nji aýaty.
[5] Gurhanyň 25-nji («Furkan») süresiniň 70-nji aýaty.

Musa pygambere: «Eý, Musa! Gullaryma öwüt ber, olar bir iş etseler, men olary uçmaha salaryn» diýdi. Musa aýtdy: «Ylahym! Ol näme iş?» diýdi. Taňry: «Hiç kimiň köňlüni urmak ýa-da sögmek bilen ynjytma. Ýa-da malyny almak bilen köňlüni agyrdan bolsaň, soň onuň köňlüni hoş eýleseň, men seni uçmaha salaryn». Musa aýtdy: «Ylahym! Toba edip eden işine puşman bolan mahaly, ol garşydaşy ölen bolsa näme etsin?» diýdi. Taňry: «Men diri Taňrydyryn, maňa hergiz ölüm ýokdur. Toba edip, meni hoşnut etse, men ony ýalkaryn» diýdi. Musa: «Ylahym! Seni näme bilen hoşnut etsin?» diýdi. Taňry: «Dört zat bilen, owwaly — eden işine köňülden puşman bolsun. Ikinji — ol eden günälerini ýatlap, gözýaşyny akytsyn. Üçünji — teni bilen ol işi etmekden daş dursun. Dördünji — teni bilen tagat etsin, men hem onuň duşmanyny hoşnut ederin» diýdi. Alymlar aýdýarlar: «Nesuh tobasynyň alamaty ondur. Biri — meňziň sary etmek, ikinjisi — alymlardan zat öwrenmek, üçünji — jemagata barmak, dördünji — galan namazlarynyň kazasyny almak, bäşinji — ýowuz işlerden yrak bolmak, altynjy — ystygfar[1] etmek, ýedinji — ýene günä iş etmezlik, sekizinji — eşigiňi sünnete laýyk geýmek, dokuzynjy — açlara tagam iýdirmek, onunjy — tobany köňlünde berkitmek. Hatda, eger meni öldürseler hem ol işe razy bolmaýyn diýmek» diýdi.

[1] Ystygfar — günäň geçilmegini dilemek.

Aýtdylar: «Haýsy kişi nesuh tobasyny etse, Taňry oňa dört zat berer. Owwal — ähli eden günälerini bagyşlar. Ikinji — adamlaryň arasynda söýler, üçünji — ýoksullykdan halas bolar, dördünji — jan berjek wagtynda oňa buşlap aýdarlar: «Taňry seni azapdan aman eýledi». Pygamber alaýhyssalam: «Eger bäş zat bolmasa, ýazykly uçmaha girmezdi. Owwaly — toba, ikinji — syrkawlyk, üçünji — ýagşylaryň dogasy, dördünji — meniň şepagatym, bäşinji — Taňrynyň rehmeti. Ähli zatdan onuň rehmeti ýegdir» diýdi. Resul alaýhyssalam: «Taňry aýdýar: Haýsy gul meniň rehmetimden umydyny kesmese, men ony ýalkaryn, mahrum etmerin. Ikinji — dirileriň dogasyny ölülere ýetirerin. Ol doganyň bereketinden ölüleri ýalkaryn. Üçünji — kimiň ýazygyny örtsem, meniň adym keremdir, ahyretde hem örterin. Dördünji — kim maňa şirk goşmasa, onuň galan ähli günälerini bagyşlaryn. Bäşinji — möminler jan beren mahaly tobasyny kabul ederin we ony bagyşlaryn» diýdi. Eý, möminler! Günäni siz işlärsiňiz, Taňry keremi bilen ony örter. Indi eden ýazyklaryňyzdan ystygfar ediň. Ystygfar günäleriňizi dep eder. Toba gapysy iki zatdyr. Biri — ýalkanmagyňy islemek, ikinjisi — dostluk etmek.

Ýahýa ibn Mugaz aýdýar: «Tobadan soň bir günä, ýetmiş günäden erbetdir». Aýtdylar: «Üç kişiniň tobasy kabul bolmaz. Owwaly — iblisiňki, ol tekepbirlik eýledi. Ikinji — Kabylyňky, ol bahyllyk eýledi. Üçünjisi – pygamberi öldürenleriň. Bu üç kişiniň

tobasy hergiz kabul bolmaz. Taňry ähli Muhammet ymmatyny günälerden saplasyn. Enşalla.

# ÝIGRIMI ALTYNJY BAP: ORAZA TUTMAK BABY

Bilgin, oraza tutmak ähli tagatyň iň sogaplysydyr. Bu hakda Gurhanda şeýle diýdi: «Es-saýyhyne (Agyz beklänler)».[1] «Saýyh» diýip azyksyz agyz bekläp, sapara çykana, gündiz aç ýöräp hiç zat iýmeýäne diýilýär. Käbirleri aýtdylar: «Saýyh ol gezer, bir hoş ýer islär, niresi köňle hoş gelse, ol ýerde dynç alar». Haktagala öz kelamynda oraza tutýan erkeklere we aýallara buşluk berdi: «Agyz bekleýän erkekler we aýallar».[2]

Abdylla ibn Apbas aýdýar: «Kyýamat güni halaýyk günüň yssysyndan başlary jokran mahaly we hasaba turanlarynda agyz beklänler arşyň kölegesinde bolarlar. Kim bir gün agyz beklese, müň rahatlyk görer we agzy müşk kimin ys berer». Hezreti Aly aýdýar: «Resul Hudanyň ýanyna geldim. Ol maňa: «Eý, Aly! Jebraýyl saňa salam iberip şeýle diýdi: «Her aýda üç gün agyz beklesin! Owwalky günüň sogaby on müň ýyl agyz

[1] Bu söz Gurhanda köp aýatda agzalýar.
[2] Gurhanyň 33-nji («Ahzap») süresiniň 35-nji aýaty.

beklän ýalydyr. Ikinji günüň sogaby ýüz ýyl agyz beklän ýalydyr. Üçünji günüň sogaby iki ýüz müň ýyl agyz beklän ýalydyr» diýdi. Men: «Eý, Resulalla! Bu sogap diňe maňamy ýa-da ähli ymmatyňamy?» diýdi. Ol: «Hemmelere, bu günler her aýyň 13-14-15 günleridir. Bu günlere «eýýamyl-beýz»[1] diýilýär» diýdi. Men: «Eýýamyl-beýziň» manysy näme?» diýdim. Ol: «Manysy budur. Adam pygamber uçmahdan çykansoň bedeni garaldy. Jebraýyl geldi we aýtdy: «Eý, Adam! Teniň agarmagyny isleseň, her aýyň 13-14-15 günleri agyz bekle» diýdi. Adam owwalky güni oraza tutdy, teniniň üç bölüminiň biri agardy, ikinji gün tutdy, ikinjisi agardy, üçünji gün tutdy, bedeniň ähli ýeri agardy. Şonuň üçin bu günlere: «eýýamyl-beýz» diýdiler. Her kim remezan aýynda oraza tutsa, Baýram aýynda hem alty gün tutsa, bir ýyl oraza tutanyň sogabyny berer».

Pygamber alaýhyssalam: «Oraza tutýanyň uklap ýatany tagatdyr, aýdan sözi tesbihdir[2], onuň dogasy kabul bolar» diýdi. Pygamber alaýhyssalam ýene-de: «Üç hili kişi ol uçmahy arzuwlar. Owwaly — bir günde iki ýüz aýat Gurhan okaýan, ikinji — dilini gybatdan saklaýan, üçünji — Taňry üçin ajy doýurýan» diýdi. Resul Huda aýtdy: «Remezan aýynyň her gününde we gijesinde altmyş müň tamuglygy azat eder. Bütin remezanda tamug wajyp bolanlardan 600

[1] Eýýamyl-beýz — ak günler.
[2] Tesbih — zikr, Allanyň adyny tutup ýatlamak.

müň adamy azat eder. Emma juma gününde remezan hepdesiniň içinde azat edeni ýaly şonça adam azat eder. Remezan aýynda näçe azat eden bolsa, gadyr gijesi bolsa şonça azat bolar. Bütin aý içinde näçe azat bolsa, baýram gününde şonça azat eder. Elhamdu lillähi rabbil alemin[1]. Onuň patyşalygyna ýüz müň şükür. Jomartlyk oňa ýaraşar. Abulkasym Hekim aýdýar: «Oraza üç hilidir: biri — beden orazasy, ol aşdan, suwdan we jemden ybaratdyr. Ikinjisi – akyl orazasy, ol köňle dilegini bermezlikdir. Üçünji — jan orazasy. Ol ajaly ýakyn bilmekdir. Oraza arap dilinde «sawm» diýilýär. «Sad» harpy teniň syýanetidir,[2] «waw» harpy teniň weliligidir, ýagny ten elmydama tagatda durar. «Mim» mudawemet[3] etmekdir. Ýagny, Haktagalanyň ybadatynda yzygiderli bolmakdyr. Resul hezretleriniň ýanyna bir adam geldi. Resul sahabalary bilen tagam iýýärdi. «Bismillä» diýip, ol adam elini bir gezek uzatdy. Ikinji gezek uzatmady. Oňa: «Iý» diýdiler ol: «Semiz it ýaly doýupdyryn, garnym dok» diýdi. Resul Huda: «Kim bu dünýäde köp iýse ahyretde ähli halkdan aç bolar. Her kim bu dünýäde az iýse, ahyretde dok bolar. Az iýmegi, az ýatmagy, az sözlemegi pişe ediniň? Sebäbi iblis adam oglunyň teniniň içinde göýä damaryň içinde gan ýöreýän ýaly ýörär. Ol iblisiň ýerini dar etmek oraza we zekat bilen

[1] «Älemleriň rebbi bolan Alla awyn bolsun!»
[2] Syýanet — goramak.
[3] Mudawemet — yzygiderlilik.

ýerine ýetirýär. Kim oraza tutsa, iblis onuň içine girmez» diýdi.

Ýahýa ibn Mugaz aýdýar: «Ýahýa pygamber bir gün ýöräp barýarka, iblisi gördi, onuň elinde bir topar zat bardy. Ol: «Eý, melgun! Bu eliňdäki zat näme?» diýip sorady. Iblis: «Kim günä iş etse kyýamat gününde oňa şaýat bolmak üçin her haýsyndan bir alamat alýaryn» diýdi. Ýahýa pygamber: «Menden, heý, nyşan aldyňmy?» diýip sorady. Ol: «Aldym» diýdi. Onda ol: «Nädip nyşan aldyň?» diýip sorady. Onda ol: «Sen pylan günde agyz beklediň. Aşgazanyň doldy. Ol gije köp ýatdyň, ertir namazyny kaza goýduň» diýdi. Ýahýa pygamber: «Indi men hiç haçan tä doýýançam iýmerin» diýdi. Şonuň üçinem köp iýilse, aşgazan dolýar, pikir gidýär, hikmet çöňňelýär. Endamlar tagat etmäge ejiz bolýar. Tagat etse hem ýüzli bolmaz. Abulkasym Hekim aýdýar: «Köp iýen, suwy köp içer. Ýüregini çişirer, ukusy tutar, köp ýatmak gaflatdan[1] bolar. Gaflat adamy tamuga elter. Çelebim! Ähli möminler bilen bizi gaflat belasyndan esen saklagyl! Enşalla.

[1] Gaflat — gapyllyk, habarsyzlyk.

## ÝIGRIMI ÝeDINJI BAP: GIJE NAMAZYNY OKAMAK BABY

Bilgin, gije namazyny okanlary Ylahym Gurhan içinde ýatlap aýdýar: «Säherlerde ystygfar aýdarlar».[1] Muhammet alaýhyssalamyň gije namazyny okamakdan ýaňa aýaklary çişerdi. Oňa: «Eý, Resulalla! Taňry seniň öňki ähli günäleriň we geljek günäleriň hemmesini ýalkady. Beýle derejede tagat nämä gerek?» diýdiler. Pygamber: «Iman görki ylymdyr, ylym görki hem tagatdyr» diýdi. Soňra Taňry maňa: «Meni söýgül, sen maňa gelersiň. Hiç kimiň zadyna tama etme we bu pany dünýä meýil eýleme, sen diňe tagat et. Mömininiň mynajaty[2] we kömekçisi namazdyr» diýdi.

Haýsy kişi gije namazyny okasa, Taňry ony oýandyrar, köňüldäki söýgüsini keser, ýowuz pikirlerini we ýaramaz endişelerini pasyk[3] hyýallary we şeýtan was-wasasyny çykarar. Köňlünde başy açylar. Tagat we namaz onuň köňlüni saýhallar. Çünki

[1] Gurhanyň 3-nji («Äli Ymran») süresiniň 17-nji aýaty.
[2] Mynajat — doga-dileg, ýalbarma.
[3] Pasyk — bozuk, azgyn, ýoldan çykan.

bir ussat bir poslan demiri ýüz görner ýaly nurlandyrar. Içinde ýüz görner. Indi namaz hem şol günäsi garalan köňlüni aýdyň eder». Hezreti Resul şeýle diýdi: «Kim munda köp namaz okasa, uçmahda hüýrleri köp bolar. Haýsy kişi bu dünýäde bir sagat namaz okasa, altmyş haj we altmyş umra[1] sogabyny tapar. Rehmet gapysy onuň üstüne açylar. Rebbimiň dergähinden enaýat we magpyrat saçylar. Perişdeler: «Eý, bagtly, sagadatly gul. Eger sen mynajaty edeniň kimdigini we nähili mertebä ýetendigiňi bilseň, bir sagat tagatdan boş bolmazdyň» diýip gygyrarlar.

Pygamber alaýhyssalam aýdýar: «Haýsy gul, gijesi bilen namaz okasa, Taňrytagala ähli perişdeleri şaýat tutar we perişdeleriň ýanynda buýsanar. Aýdar: «Eý, perişdelerim! Görüň, meniň gullarym düşegini goýdy, ukusyny haram eýledi, turup meniň hoşnutlygymy isleýär. Şaýat boluň, men ol guly ýalkadym we gorkusyndan aman etdim». Hezreti Resul Huda aýdýar: «Gul tä namazyny okamasa, imanyň tagamyny bilmez. Gije namazy gör azabyny we Müňker-Nekiriň soragyny ýeňil eýlär».

Hasan Basrydan rowaýat etdiler: «Haktagala Musa pygambere: «Eý, Musa! maňa ybadat et» diýdi. Musa: «Eý, Rebbim! Saňa kabul eder ýaly haçan doga edeýin» diýdi. Haktagala: «Eý, Musa, garaňky gijäniň içinde maňa doga etgil, kabul ederin» diýdi.

[1] Umra — Gurban aýyndan başga wagt haj etmek.

Dawut pygamber Jebraýyldan: «Haçan doga etmek ýegräkdir?» diýip sorady. Ol: «Arş titreýän wagty ýegräkdir. Ol hem säher wagtydyr. Sebäbi bagtly kişi ol wagty eziz tutar we toba etmäge meşgul bolar» diýdi.

Ýakup pygamberiň oglanlary atalaryna: «Biziň üçin Taňrydan doga dilegil» diýdiler. Ýakup pygamber: «Rebbimden ystygfar dilärin» diýdi we säher wagtyna wada eýledi. Lut pygamber säher wagtynda halas boldy. Bu hakda Gurhanda şeýle diýdi: «Ony säher wagtynda halas etdik».[1]

Oraza tutýanlaryň esenligi we ýalkanmagy säher wagtyndadyr. Olar turarlar, selälik iýerler, sogap taparlar. Pygamber aýdýar: «Günä bilen kesellänlere bäş zat dermandyr. Ol hem keselli köňli nurlandyrar. Owwaly — alymlar bilen bile oturyp ylym diňlemek, ikinji — Gurhan okamak, üçünji — gije namaz okamak, dördünji — säher wagtynda zary-tazarrug edip namaz okamak, bäşinji — halal iýmek».

Rowaýat etdiler, Mekgede bir adam bardy. Ady Suhaýpdy. Gije namaz okap, gündizlerine oraza tutardy. Oňa owaz geldi: «Eý, Suhaýp! Özüňi tagat içinde heläk etdiň» diýdi. Ol: «Eý, Rebbim! Meni melamat eýleme![2] Haçan tamug ýadyma düşse, ukym gidýär. Haçan didaryňy ýatlasam tagata höwesim artýar» diýdi. Mugaz ibn Jebel aýdýar: «Eger namaz

[1] Gurhanyň 54-nji («Kamar») süresiniň 34-nji aýaty.
[2] Melamat eýlemek — ýazgarmak.

guş bolsa, bir ganaty oraza bolardy. Başy yhlas, göwresi towpyk bolardy. Janym bularyň içinden bir pursat aýry bolmazdy». Çelebim, tagat we ybadat etmäge sen ähli iman älemine towpyk bergil! Enşalla.

# ÝIGRIMI SEKIZINJI BAP: DYMMAKLYK BABY

Hak Subhan we Tagala Gurhanyň içinde şeýle diýdi: «Öz bilmeýän zadyň yzyna düşme».[1] Pygamber alaýhyssalam: «Kim sebäpsiz ýalan sözlese, segsen müň perişde oňa lagnat okar».

Lukman Hekim ogluna şeýle diýdi: «Eý, ogul! Kim dilini gybatdan, ýaramaz geplerden saklasa hormatly bolar, kim köp geplese, hor bolar. Eý, ogul! Diliňi sakla, öz-özüňe hormat goý, eger sen özüňi hor tutsaň, kim saňa hormat goýar. Eý, ogul, eger sen söz sözlemek isleseň, owwaly ol sözüň jogabyny bil, soňra aýtgyn. Eger jogabyny bilmeýän zadyňy aýtsaň, onda birini ok bilen uran ýaly bolarsyň. «Ok ýarasy biter, söz ýarasy bitmez» diýen halk içinde söz bar. Abu Bekr Syddyk on ýyllap agzynda bir daş saklady. Haçan bir zat sözlejek bolanda seredip görýärdi, netijesi näme? Eger haýyrly boljak bolsa, ol daşy çykarardy-da, aýdardy, soň bolsa ýene agzyna salardy. Wehp ibn Munebbeh aýdar: «Sogaply iş ondur. Biri —

[1] Gurhanyň 17-nji («Isra») süresiniň 36-njy aýaty.

dymmakdyr». Mansur ibn Mugtym kyrk ýyllap söz sözlemedi. Bir zahyt ýigrimi ýyllap onuň ýanynda boldy. Oňa iki sany zat aýtdy. Bir gezek: «Eneň-ataň barmy?» diýip sorady. Ol: «Bardyr» diýdi. Mansur: «Olary hoş tutgul» diýdi. Ikinji sözi bolsa budur, ol: «Siziň mähelläňizde näçe sany metjit bar» diýdi. Ol sözi aýdanyna puşman bolup: «Ah, bu sözler nämä gerekdi» diýip dymdy.

Rowaýat etdiler, Hasanyň awy berlip, öldürilen günleriniň biridi. Rabyg ibn Huşeým diýen bir adam bardy, hiç söz sözlemezdi. Meger bu gün bir zat sözlär diýdiler. Oňa Hasanyň ölendigini aýtdylar. Ol: «Sen ýalňyz bendeleriň arasynda olaryň dawalaşyp öten närseleri hakynda höküm eder sen»[1] diýdi, başga zat aýtmady.

Rowaýatdyr, dört sany adyl patyşa bir ýerde jemlenip her haýsy bir söz aýtdylar. Kaýsary Rum: «Meger, gaty hajat bolmasa, ähli zatdan iň gowusy, hergiz hiç zat sözlemezlikdir» diýdi. Çyn Maçyn patyşasy: «Ähli zatdan iň gowusy, kişi özüniň çägini bilmelidir, çäginden artyk sözlemeli däldir» diýdi. Hindistan patyşasy: «Ähli zatdan iň gowusy, kişiniň özi gowy bolup, gowulygyna aldanyp arkaýyn bolmasa» diýdi. Pars patyşasy hem: «Iň gowusy diliň hem Taňrynyň ýazgydyna razy bolup, kanagat eýlese» diýdi.

---

[1] Gurhanyň 39-njy («Zümer») süresiniň 46-njy aýaty.

Mälik ibn Dinar aýdýar: «Haçan sözüň gaty bolsa, teniň sust bolsa, güzeranyň dar bolsa bilgin, sen işiňe gelmeýän bir söz aýdansyň». Lukman Hekim aýdýar: «Dört zat sözleme. Owaly — ýalan sözleme, ikinji — Taňrydan gile[1] eýleme. Üçünji — öz-özüňi öwüji bolma. Dördünji — hiç kimi ýazgarma, aýypsyz kişi ýokdur». Akyldarlar, alymlar aýtdylar: «Dil otdur — ýandyrar, itdir — dişlär, gurtdur — ýyrtar, arslandyr — iýer, kesgir pyçakdyr — keser». Hatam aýdýar: «Haýsy mejlisde üç zat bolsa, ol mejlisden rehmet gider. Owwaly — dünýä sözüni sözlemek, ikinjisi – gülüşmek, üçünjisi — gybat etmek».

Ýahýa ibn Mugaz aýdýar: «Möminleriň ýagşysy üç hilidir. Biri musulmanlara kynçylyk döretmez, ikinji, musulmanlary begendirer, üçünji, musulmanlaryň ýagşylygyny aýdar we hiç kime peýdasy degmese, zyýany hem degmez. Eger ýagşylygyny aýtmasa, ýowuzlygyny hem aýtmaz» diýdi. Haktagala dilimizi ýalandan we gybatdan saklasyn! Enşalla.

---

[1] Gile — şikaýat, zeýrenme.

## ÝIGRIMI DOKUZYNJY BAP: UZLAT (ÝaLŇYZLYK) BABY

Bilgin, Resul hezretleri: «Ähli zatdan iň gowusy çola ýerde Rebbimiň adyny zikr eýlemekdir. Bir gezek pynhan zikr eýlemek, ýetmiş gezek äşgär zikr eýlemekden ýegdir» diýdi. Pygamber alaýhyssalam: «Bäş kişi uçmahlykdyr (ýagny jennetidir). Owwaly — Taňrynyň öýüne zyýarat eden. Ikinji — gazawat eden, üçünji — metjide jemagata baran, dördünji — syrkaw soran, bäşinji — Taňry adyny gorky bilen zikr eden» diýdi.

Rowaýat etdiler, Abu Musa Eşgary[1]: «Ýagşy kişi bilen oturmak ýalňyz oturmakdan ýegdir» diýdi. Pygamber alaýhyssalam: «Ýagşy kişi bilen oturmak, göýä müşk göterýän bilen oturan ýalydyr. Müşk göterýän hem ýa müşkünden bagyşlar ýa-da satar, ýa-da ondan gowy ys geler. Ýowuz kişi bilen oturmagyň mysaly, demirçi dükanynda oturana meňzär, onuň üstüne ot saçar ýa donuň ýanar ýa-da erbet demriň, kömrüň we tütüniň ysy geler» diýdi. Abulkasym

[1] Abu Musa Eşgary — sahabalaryň biri.

Hekim aýdýar: «Eger sogap jemagat bilen bolsa, salamatlyk ýalňyzlykdadyr».

Süleýman Darany aýdýar: «Ýalňyzlyga çekilmek dört hilidir. Biri — dünýäden eliňi çekmek, ol zahytlaryň işidir. Ikinji — ten we jan uzlaty,[1] ol aryplaryň işidir. Üçünji — halka goşulmazlykdyr, ol akyllylaryň işidir. Dördünji — jepa beriji uzlatdyr, ol nadanlaryň işidir».

Abulkasym Hekim aýdýar: «Halal lukma islemek agyz beklemekden ýegräkdir. Haýyr sözlemek dilsiz durmakdan ýegräkdir». Çelebim, öz pazlyň we enaýatyň bilen biz gullaryňy ýowuz söz sözlemekden gora! Enşalla.

---

[1] Uzlat — ýekelik, çete çykmak

# OTUZYNJY BAP: GORKY BABY

Bilgin, Taňrydan gorkmak parzdyr. Bu hakda Gurhanda şeýle diýdi: «Eý, iman edenler! Alladan doly manyda gorkuň!».[1] Abdylla ibn Apbas aýdýar: «Taňrydan gorkmak, oňa tabyn bolup tagat etmekdir. Göz-ýumup açylýança onuň emrinden daş çykyp asy bolmazlykdyr we Taňryny hergiz unutmazlykdyr. Kimiň gorkusy bir hili bolsa, ol magrypat ähli dir. Bu hakda Gurhanda şeýle diýdi: «Ol takwa we bilim ählidir».[2]

Pygamber alaýhyssalam aýtdy: «Men Gurhanyň bir aýatyny bilýärin. Kim ony bilýän bolsa, ol oňa ýeter we ol aýat budur: «Alla özüne garşy çykmakdan çekinen kişä halas boluş ýoluny berer we onuň garaşmadyk ýerinden rysgal berer».[3]

Alymlar aýdýarlar: «Gorky dört dürlüdir. Owwaly — howpdur, ikinji — huşugdyr[4]. Üçünji — haşýetdir[5],

---

[1] Gurhanyň 3-nji («Äli Ymran») süresiniň 102-nji aýaty.
[2] Gurhanyň 74-nji («Muddessir») süresiniň 56-njy aýaty.
[3] Gurhanyň 65-nji («Talak») süresiniň 2-nji aýaty.
[4] Huşug — gorky.
[5] Haşýet — gorky-ürki.

dördünji — takwadyr. Howp — nygmatda bolar. Bu hakda Gurhanda aýdýar: «Hasap gününden gorkarlar».[1] Huşug — namaz içindedir. Bu hakda Gurhanda aýdýar: «Namazlaryny gorky bilen okarlar».[2] Haşýet günäkärçilik içindedir. Bu hakda Gurhanda aýdýar: «Gullarynyň içinde Alladan esasan alymlar gorkarlar».[3] Takwa — haram lukmadan we şübheli geýimden ähli günä işlerden daşda durmakdyr».

Pygamber alaýhyssalam: «Mömin iki gorkynyň arasynda bolar. Biri eden tagaty kabul boldumy diýip gorkar, şeýle hem gelýän rysgaly üçin Taňrym maňa näme takdyr eder diýip gorkar» diýdi. Lukman Hekim aýdýar: «Taňrydan gorkýanyň on hili alamaty bolar. Owwal — tagaty yhlas bilen bolar. Ikinji — teni dünýäde päk bolar. Üçünji — teninde janyny amanat hasaplar, dördünji — dünýäni pany biler. Bäşinji — «ölüm perişdesi gelip, meni tagat içindemi ýa-da asyllylyk içinde tapar» diýip gaýga batar. Altynjy — jany imany bilen gidermi ýa-da imansyz gider diýip gussalanar. Ýedinji — görüm uçmah çemenlerindenmi ýa-da tamug çukurlaryndan bolarmy diýer. Sekizinji — terezim agyr gelermi ýa-da ýeňil gelermi diýer. Dokuzynjy — sogabym artyk bolarmy ýa-da kem gelermi diýer. Onunjy — uçmah ýolunamy ýa-da tamug ýolunamy ugradardar diýip çyndan gaýgy eder».

---

[1] Gurhanyň 13-nji («Ragd») süresiniň 21-nji aýaty.
[2] Gurhanyň 23-nji («Muminun») süresiniň 2-nji aýaty.
[3] Gurhanyň 35-nji («Fatyr») süresiniň 28-nji aýaty.

Abulkasym Hekim aýdýar: «Dört zat zatsyz batyl bolar. Owwaly — ylym öwrenmezden zahytlyk eýlemek batyldyr bolar. Ikinji — ylym bilmezden, amal gazanjyn el urmak batyldyr. Üçünji — ahyretde halyň nähili boljakdygyny bilmän şatlyk eýlemek batyldyr». Fuzaýl ibn Aýaz: «Kim tagatda alym bolmasa, onda haýyr ýok, ylymda amal bolmasa, onda haýyr ýok» diýdi.

Fuzaýl aýdýar: «Bäş zat sagadat alamatydyr. Owwaly, köňül ýakynlygy, ikinji, dünýäden saklanmak, üçünji, Taňrydan unutmak, dördünji, diniňi saklamak, bäşinji, Taňrydan gorkmak. Bäş zat betbagtlylygyň alamatydyr. Owwaly — köňül gatylygy, ikinji — ýüz garalygy, üçünji — Taňrydan gorkmazlyk, dördünji — dünýäni söýmek, bäşinji, ömür uzynlygyny söýmek». Omar ibn Abduleziz aýdýar: «Men Allanyň jezasyndan gorkýaryn. Sebäbi iblise hem perişdeleriň ulusy bir gezek sežde et diýdi, sežde etmedigi üçin melgun[1] we merdut[2] etdi, kapyr boldy. Adam pygamberi bir gün buýruk bolup, uçmahdan kowdy. Indi biz günde şunça ýazyklar işleýäris. Ajap biziň halymyz nähili bolar». Çelebim, yzzatyň we jemalyň haky üçin biziň günälerimize görä azap berme! Sen bizi rehmetiňden aýyrma! Enşalla.

[1] Melgun — näletlenen, şeýtan.
[2] Merdut — kowlan, ret edilen.

# OTUZ BIRINJI BAP: UMYT BABY

Bilgin, mömininiň günäsi her näçe köp bolsa-da, Taňrynyň rehmetinden umyt kesmez. Bu hakda Gurhanda şeýle diýdi: «Allanyň rehmetinden umyt üzmäň» diýdi.[1] Bilgin, üç zada umyt ediler. Birinji — Taňrynyň rehmeti bilen ýalkanmaga, ikinji — pygamberiň şepagat eýlemegine, üçünji — kyýamat gününde Taňrynyň öňünde hasabat bermäge. Haktagala pygambere: «Aýt gullaryňa, hakykatdan hem men ýalkaýjy we bagyşlaýjydyryn» diýdi.[2] Bu hakda Gurhanda şeýle diýdi: «Kim maňa töwekgellik etse[3], men oňa ýeterin».[4]

Üç pygamber oňa töwekgel eýledi. Üçüsiniň hem hajatlaryny rowa etdi. Owwal, kapyrlar Ybraýymy oda zyňdy. Ybraýym Taňra töwekgel etdi. Howadan oduň üstüne inip barýarka, Jebraýyl gelip: «Eý, Ybraýym hajatyň barmy?» diýdi. Ol: «Bar, ýöne Jebraýyldan däl,

[1] Gurhanyň 39-njy («Zümer») süresiniň 53-nji aýaty.
[2] Gurhanyň 15-nji («Hyjr») süresiniň 49-njy aýaty.
[3] Töwekgel etmek — bil baglamak.
[4] Gurhanyň 65-nji («Talak») süresiniň 3-nji aýaty.

Jelildendir,[1] oňa töwekgel ederin» diýdi. Bereketi bilen ody gül we reýhan eýledi. Ybraýym sag-salamat halas boldy. Bu hakda Gurhanda şeýle diýdi: «Aýt: «Eý, ot! Ybraýyma sowuk we salamat bol».[2]

Ikinji — Musa pygambere habar berdiler, Pyrgun goşuny bilen ýetip gelýär. Deňziň gyrasyna gelip, Musa Taňra töwekgel etdi. «Taňry meniň bilendir. Bize ýol berer» diýdi. Bu hakda Gurhanda şeýle diýdi: «Rebbim meniň bilendir, ol hökman geler».[3] Haktagala ol töwekgeliň bereketinden deňiz içinden oňa ýol berdi. Pyrguny goşuny bilen suwda gark etdi. Üçünji — Muhammet Mustapa sallallahy alaýhy wesellem Abu Bekr Syddyk bilen gaçdylar. Bir gowaga girdiler. Abu Bekr: «Abu Jehliň goşuny geldi. Näme edeliň» diýdi. Muhammet alaýhyssalam Taňra töwekgel edip: «Gorkma, Allatagala biziň bilendir»[4] diýdi. Töwekgelleriniň bereketi bilen ol goşunyň şerinden Taňry olary gorady.

Rowaýat edildi, pygamber alaýhyssalam: «Kim özüniň güýçlülerden bolmagyny islese, Taňra töwekgel etsin. Kim hajatyny hakdan dilemese, hergiz dilemekden halas bolmaz. Kim Taňra töwekgel etse, halka mätäç bolmaz» diýdi. Pygamber alaýhyssalam: «Kime bir bela gelse, ol Taňra töwekgel etmese, halka daýansa, Haktagala aýdar: «Ol kişiniň köňlündäki

---

[1] Jelil — beýik, Allanyň ady.
[2] Gurhanyň 21-nji («Enbiýa») süresiniň 69-njy aýaty.
[3] Gurhanyň 26-njy («Şugara») süresiniň 62-nji aýaty.
[4] Gurhanyň 19-njy («Meryem») süresiniň 40-njy aýaty.

hajaty ýoluny baglaryn we aýagynyň ýerini berkiderin. Ony öz-özi bilen meşgul eýlärin».

Rowaýata görä, bir gün Ybraýym Edhem Käbeden gelýärdi, gaty ajykdy, iýmäge hiç zat tapmady. Taňry oňa näme gerek bolsa bererdi. Ýöne şol mahal oňa hiç zat bermedi. Ybraýym: «Ylahym, her wagt meniň rysgalymy bererdiň. Bu gün köp sakladyň. Meniň rysgalymy näme sebäpli sakladyň» diýdi. Gaýypdan owaz geldi: «Eý, Ybraýym! Sen hemişe maňa töwekgel ederdiň, rysgalyňy bererdim. Bu gün ýarmak[1] pula töwekgel etdiň, şonuň üçin rysgalyňy bermedim». Ybraýym elini jübüsine urdy, gördi dört ýarmak bar. Olaryň alyp daşary zyňdy. Şol sagat onuň rysgy häzir boldy.

Rowaýatdyr, bir kişiniň üç ýüz para kümüş bergisi bardy. Ähli welaýaty gezdi, dilendi. Hiç kim oňa zat bermedi. Taňra töwekgel edip, iki rekat namaz okady. Elini galdyrdy, doga edip: «Ylahym! Men ejiz guluň hajatyny senden başga beriji ýokdur. Meniň bergim gaty köpdür. Sen medet ber» diýip aglady. Abdylla ibn Mübärek ony düýşünde gördi, oňa: «Eý, Abdylla, pylan ýerde pylan kişiniň pylan kişä üç ýüz para kümüş bergisi bar. Tur oňa eltip ber» diýdiler. Ol turup gitdi, üç ýüz para kümüş aldy, ol kişä eltip berdi. Ol: «Eý, pylan, al muny haçan hajatyň bolsa, meniň ýanyma gel» diýdi. Ol: «Meniň Taňrydan näme kinäm bar, ony goýup, saňa haýyş edeýin. Mundan öň on gezek

[1] Ýarmak — pul birligi, kümüş puluň bölegi.

geldim, bir pul bermediň. Men Taňra töwekgel eýledim» diýdi. Abdylla ibn Mübärek: «Ylahym, gije ýarynda meni turuzdy, onuň hajatyny bitir» diýdi. Çelebim, lutpy keremiň bilen bizi töwekgel ähilinden et! Enşalla.

# OTUZ IKINJI BAP: DÜNÝÄDEN GAÇA DURMAK BABY

Bilgin kim, Taňry tagala Gurhanyň köp ýerinde dünýäni ýazgaryp: «Bu dünýä höwes etmäň, ahyrete höwes ediň» diýdi. Owwaly «Bu dünýäniň maly arzuwdyr» diýdi. Bu hakda Gurhanda şeýle diýdi: «Aýt dünýäniň maly az zatdyr».[1] Ýene bir aýatda şeýle diýdi: «Bu dünýäniň ýaşaýşy bolsa, diňe aldaýjy zatdyr».[2] Ýene bir aýatda şeýle diýdi: «Dünýäniň ýaşaýşy diňe oýundyr».[3]

Rowaýatdyr, bir gün pygamber hezretleriniň ýanyna bir adam gelip: «Esselämu aleýkum, ýa resulalla!» diýdi. Pygamber onuň salamyny aldy. Ol adam: «Saňa birnäçe soragym bar» diýdi. Pygamber: «Soraber» diýdi. Ol adam: «Bu dünýä näme zat?» diýdi. Pygamber: «Ýatyrkaň düýş gören ýalydyr, oýananyňdan soň hiç zat ýok ýalydyr» diýdi. Ol adam: «Ahyret näme?» diýdi. Pygamber: «Halkyň biri-birlerinden aýrylyp, käbirleriniň tamuga, käbiriniň

[1] Gurhanyň 4-nji («Nisa») süresiniň 77-nji aýaty.
[2] Gurhanyň 3-nji («Äli Ymran») süresiniň 185-nji aýaty.
[3] Gurhanyň 6-njy («Engam») süresiniň 32-nji aýaty.

uçmaha barjak ýeri» diýdi. Onda ol: «Uçmah näme?» diýdi. Pygamber: «Uçmah dünýä ýalanyna aldanmadyk kişileriň barjak ýeri» diýdi. Onda ol: «Tamug näme?» diýdi. Pygamber: «Ol ýerde dünýäni söýenler bardyr» diýdi. Onda ol: «Ymmatyň ýagşysy kimdir?» diýdi. Pygamber: «Yhlas bilen tagat eden kişidir» diýdi. Onda ol: «Ärlik näme zat?» diýdi. Pygamber: «Är kişi tagat ybadatyny doly ýerine ýetirendir» diýdi. Onda ol: «Bu dünýäniň uzynlygy näçedir?» diýdi. Pygamber: «Bir kerweniň öňi göçüp, soňy göçmekde näçe eglenýän bolsa, şol dereje bolar» diýdi. Ol adam: «Bu dünýä bilen ahyretiň arasy näçe bolar?» diýdi. Pygamber: «Göz ýumup açýança» diýdi. Ol adam soraglary sorady we jogabyny eşidensoň gaýyp boldy. Pygamber alaýhyssalam: «Bu Jebraýyl, size nähili öwütler berdi» diýdi. Pygamber alaýhyssalam: «Bu dünýäde ýaşaň, dünýä aldanmakdan daş duruň we Gurhan okaň. Hakyň buýrugyny ýerine ýetiriň, onuň hoşnutlygyny isläň. Ähli günäleriň başy dünýäni söýmekdir, ähli ýagşylyklaryň başy dünýä meýil etmezlikdir. Ähli ýagşylyklaryň başy towpykdyr. Taňrydan gorkuň we towpyk isläň» diýdi.

Abulkasym Hekim aýdýar: «Dünýä ýyldyrym ýalydyr, geçer, kölege ýalydyr, gider. Ýagşylyk ýaz çemeni ýalydyr, tiz gider we düýş ýalydyr, geçer. Düýşünde mal-mülk we nygmat görer, oýanar hiç zat tapmaz». Bir zahyt: «Zahytlyk dünýä höwes etmezlikdir. Hemmeler bu dünýäni hakykat hasaplaýar, ýöne dünýäniň hünäri bar. Birinjisi – nähili geçirseň,

şonuň ýaly geçer. Ikinjisi – ahyretiň azygy munda düzüler, ahyreti dünýäligi bilen alarlar» diýdi. Çelebim bize ahyrete laýyk amaly, sen nesip etgil! Enşalla.

# OTUZ ÜÇÜNJI BAP: NEBSIŇI TANAMAK BABY

Bilgin, nebis üç dürlüdir. Birinjisi «ammaradyr». Ikinjisi «lowwamadyr». Üçünjisi «mutmeinnedir». «Ammara» nebis hakda Gurhanda şeýle diýdi: «Rebbimiň merhemeti bolmasa, nebis erbetligi emr eder».[1] «Lowwama» nebis Gurhanda şeýle diýdi: «We puşman bolan nebisden ant içýärin» diýdi.[2] «Mubmeinne» Gurhanda şeýle diýdi: «Eý, rahatlyk içindäki nebis!».[3] Alymlar bu meselede dürli garaýyşlary öňe sürdüler. Käbirleri aýtdylar: «Ammara» zalym tendir, «lowwama» muktasyt[4] tendir, «mutmeinne» sabyk[5] tendir». Käbirleri aýtdylar: «Ammara dünýädir, lowwama köňüldir, mutmeinne jandyr». Käbirleri aýtdylar: «Ammara dünýädir, lowwama ahyretdir, mutmeinne ölüm wagtydyr».

---

[1] Gurhanyň 12-nji («Ýusup») süresiniň 53-nji aýaty.
[2] Gurhanyň 75-nji («Kyýamat») süresiniň 2-nji aýaty.
[3] Gurhanyň 89-njy («Fejr») süresiniň 27-nji aýaty.
[4] Muktasyt — hüşgär, örän seresaply.
[5] Sabyk —dereje taýdan öňde bolan, weli, zahyt.

Suheýl aýdýar: «Ammara ten şöhwetidir,[1] lowwama nebisjeňlikdir, mutmeinne magrypatdyr». Ýahýa ibn Mugaz aýdýar: «Men öz tenimi bilmeýärin, ony Taňrym bilýär». Wasyty aýdýar: «Ten garaňkylykdyr. Onuň çyrasy syrdyr. Kimiň syry bolmasa ten garaňkylyk içinde geçer. Bilgin, özüňi bilmek, gullugyň binýadydyr. Kim özüni bilmese, Taňryny hem bilmez. Kişiniň özüni bilmegi ýagşy baýlykdyr. Tagat öz teniňi ýazykdan arassalamakdyr. Öz teniňi zyýan içinde küpürden[2] we günäkärçilikden arassalamakdyr». Fuzaýl aýdýar: «Öz nebsiňizi (janyňyzy) öldürmäň» diýmegiň manysy «Öz nebsiňizi günäkärlik we gapyllyk[3] bilen öldürmäň» diýmekdir».

Resul Huda aýdýar: «Gazawatyň[4] iň gowusy öz nebsiň bilen söweşmekdir. Nebsiň goşunyny ýeňmekdir. Sebäbi ähli duşmanlaryň iň erbedi nebisdir». Abulkasym Hekim aýdýar: «Nebsiň saňa şu iki zadyň biridir, ýagny dostdur ýa-da duşmandyr. Eger dost bolsa sen ony dünýä bulaşmaga goýma. Bu hakda Gurhanda şeýle diýdi: «Nebis gazanan zadyna girewdir».[5] Haýyrdan we şerden näme gazanan bolsa, kyýamatda soralar. Abdylla ibn Mübärek aýdýar: «Edep üçin örän köp zat aýtdylar. Men aýdýaryn, edebiň başy öz gadyryňy bilmekdir». Hezreti Aly

[1] Şöhwet — jynsy isleg.
[2] Küpr — kapyrlyk, dine ynanmazlyk.
[3] Gapyl — habarsyz, bihabar.
[4] Gazawat — din ýolunda uruşmak.
[5] Gurhanyň 74-njy («Muddessir») süresiniň 38-nji aýaty.

aýdýar: «Öz gadyryny bilmedik kişi heläk bolar». Abulkasym Hekim aýdýar: «Bir kişiniň ýüz hünäri bolup, bir aýby bar bolsa we ony görmeýän bolsa onuň bilen dostluk gurma. Öz gadyryny bilýän kişiniň hernäçe aýby köp bolsa hem onuň bilen dostluk eýle». Ýahýa ibn Mugaz aýdýar: «Akyl sagadatdyr. Halkyň köpüsi akylsyzdyr. Olar uçmah ebediligini köňlüniň söýen zadyna satýarlar». Çelebim, jümle musulmanlary nebsiň arzuwyndan gorap sakla! Enşalla.

# OTUZ DÖRDÜNJI BAP: ALÇAKLYK BABY

Bilgin, gullaryň köňli pes bolsa, Taňrytagala olara kömek eder. Eger gul özüniň ejizdigini bilse, Taňrytagala ony eziz edip, kömek berer. Kim özüni uly tutsa, Taňrytagala ony hor eder. Pygamber alaý-hyssalam Bedr söweşinde[1] goşunyny az gördi. Taňry oňa kömek berdi. Bu hakda Gurhanda şeýle diýdi: «Alla size uly goşunyň öňünde kömek berdi»[2]. Emma Huneýn[3] söweşinde pygamberiň goşuny on müňden geçýärdi. Goşunyny köp görüp: «Bu gün kapyr goşunyny biz ýeňeris» diýdiler. Bu hakda Gurhanda şeýle diýdi: «Huneýn söweşinde siz öz köplügiňize buýsandyňyz»[4]. Ol gün özlerini görendikleri üçin pygamberiň goşunyna giň ýerler dar boldy. Ýene bir aýatda: «Az goşun köp goşuny ýeňer»[5] diýdi. Owwal, özüni uly gördi, goşunyny köp hasaplady, ejiz geldi.

[1] Bedr söweşi — hijriniň ikinji ýylynda musulmanlar bilen müşrükleriň arasynda bolan söweş.
[2] Gurhanyň 9-njy («Toba») süresiniň 25-nji aýaty.
[3] Musulmanlar bilen müşrükleriň arasynda bolan söweş.
[4] Şol ýerde.
[5] Gurhanyň 2-nji («Bakara») süresiniň 249-njy aýaty.

Haçan özüni ejiz görende güýçli we kömek edilýän boldy. Ähli kişiler şeýledir. Bu hakda Gurhanda aýtdy: «Alla özüne göwni ýetip, tekepbirlenen kişini söýmez».[1]

Bilgin, ujp eýlemek, ýagny özüňi ulumsy tutmak ähli günälerden uludyr. Şonuň üçin günä işlemek amaly batyl eýlemez. Özüňi ulumsy tutmak amaly batyl eder. Pygamberimiz bu hakda: «Tagat edip, özüňizi ulumsy tutmaň. Ýazyklaryňyzy kiçi görmäň, iş ölüm wagtyndadyr. Şonda belli bolar. Eger siziň biriňiz ýetmiş pygamberiň tagatyny etse hem, soň kyýamat gününde dereje ululygyny isläp, näme üçin artyk tagat etmedim diýip puşeýman bolar. Pygamber alaýhyssalam aýdýar: «Üç zat tagaty heläk eder. Biri —gysgançlyk, ikinjisi – haý-höwesiňe uýmak, üçünjisi – öz ybadatyňy görmek». Pygamber alaýhyssalam bir gezek: «Hiç kim ybadatynyň köplügi sebäpli uçmaha girmez» diýdi. Ondan: «Ýa resulalla! Näme üçin?» diýip soradylar. Ol: «Men hem tagatym bilen uçmaha girmerin. Diňe Taňrynyň pazly-rehmeti bilen uçmaha giriler» diýdi.

Rowaýata görä, bir gün Isa pygamber ýaranlary bilen barýardy. Bir ogry bardy. Isa pygamberi görüp, edýän işine puşeýman boldy. Ogurlygyna toba etdi. Ol Isa pygamber dagyň yzyna düşüp gaýtdy. Isanyň ýaranlarynyň biri: «Bu ogry biziň yzymyza näme üçin düşdi» diýdi. Şol wagt Alladan wahy geldi: «Ýaňky

[1] Gurhanyň 31-nji («Lukman») süresiniň 18-nji aýaty.

ogryny günäkärläp, özüni ol ogrydan üstün tutanyň tagatyny batyl eýledim. Tagatyny başdan tutsun. Ol ogry toba etdi. Oňa aýt, onuň şu wagta çenli eden günälerini bagyşladym. Mundan soň ol tagat etsin».

Rowaýata görä, Taňrytagala Musa pygambere wahy edip: «Eý, Musa! Kowmuňdan ýetmiş sany ýagşy kişini saýla. Bulardan hem ýedi kişini saýla. Bu ýediden üç kişini saýla. Eý, Musa! Seniň kowmuň içinde bu üç kişiden erbet kişi ýokdur» diýdi. Musa: «Ylahym, näme üçin» diýip sorady. Taňry: «Olar özlerini gördüler. Özlerini ýagşylardan hasapladylar. Kim özüne men ýagşy diýse, ol meniň ýanymda erbetdir. Şonuň üçin» diýdi.

Rowaýata görä, Omar ibn Abdyleziz Şamyň patyşasydy. Ol bir ýüzük ýasatdy. Onuň gaşy müň ýarmak kümüşdi. Bu habar onuň enesine baryp ýetdi. Enesi ogluna hat ýazyp: «Ol ýüzügi satsyn. Tiz ýoksullara paýlasyn. Bir Çin demrinden ýüzük edinsin. Haýsy kişi öz gadryn bilmese, ondan ýowuz iş bolmaz. Taňrytagala ony söýmez» diýdi.

Ýahýa ibn Mugaz aýdýar: «Bir kişi ýazyk işlese, soň puşman bolsa, onuň köp tagat-ybadat edip, özüni görmeginden has gowudyr». Çelebim! Biz gullaryňa köňül alçaklygyny nesip etsin. Özümizi görmekden biz misginleri saklasyn! Enşalla.

## OTUZ BÄŞINJI BAP: ŞEÝTANY DUŞMAN BILMEK BABY

Bilgin, şeýtan adam oglunyň we möminleriň duşmanydyr. Ony duşman hasaplamak gerekdir. Bu hakda Gurhanda şeýle diýdi: «Hakykatdan hem şeýtan size duşmandyr, ony duşman tutunyň».[1] Ýene-de bir aýatda şeýle diýdi: «Eý, adam ogullary! Habardar boluň! Şeýtan size pitne edip, sizi aldamasyn. Çünki Adam (atamyz) bilen How (eneňizi) uçmahdan çykardy».[2]

Wehp ibn Munnebbeh aýdýar: «Zahytlaryň biri iblisi gördi. Oňa: «Eý, iblis! Adam ogluny näme üçin azdyrýarsyň, näme üçin ýoldan çykarýarsyň» diýdi. Iblis: «Haýsy kişide üç zat bolsa, ony ýoldan tiz çykararyn. Birinjisi – eger gaty husyt bolsa, ikinjisi – bisabyr bolsa, üçünjisi – serhoş bolsa. Eger şeýle sypatdaky kişiniň dogasyndan öli direlýän bolsa hem, ol meniň elimden halas bolmaz» diýdi. Rowaýat etdiler, bir gün nälet siňen iblis Musa pygambere gelip:

---

[1] Gurhanyň 35-nji («Fatyr») süresiniň 6-njy aýaty.
[2] Gurhanyň 7-nji («Agraf») süresiniň 27-nji aýaty.

«Eý, Musa! Meni Taňrydan dile, toba edeýin. Eger tobamy kabul etse, saňa üç zat öwredeýin. Ondan adam ogullary tamugdan halas bolar» diýdi. Musa pygamber Tur[1] dagyna baranda Haka mynajat etdi. Iblisiň tobasyny kabul etmegini sorady. Taňry oňa: «Eý, Musa! Iblise aýt. Barsyn, adamyň görüne sežde etsin. Men onuň tobasyny kabul edeýin» diýdi. Musa pygamber bu habary iblise ýetirdi. Iblis: «Ol janly, akylly, suratly, keşpli mahaly oňa sežde etmedim, indi görüne hem sežde etmerin» diýdi. Soň: «Eý, Musa! Saňa üç zady öwredeýin» diýdim. Onuň birinjisi – gysganç bolma, gysgançlyk iki jahan ýagşylygyny giderer, betbagtlyk getirer. Ikinjisi – haram aýallardan daş dur, haýsy kişi haram aýala baksa, meniň ondan gowy duzagym ýokdur. Üçünji — hiç bisabyr bolma. Kim bisabyr bolsa, men ony çagalaryň top oýnaýşy ýaly oýnaryn» diýdi.

Isa alaýhyssalam bir gün bir çopanyň ýanyna baryp: «Eý, çopan! Näme üçin şähere gitmeýärsiň we ylym öwrenmeýärsiň?» diýdi. Onda çopan: «Men alty mesele öwrendim. Şoňa hem kanagat edýärin» diýdi. Isa pygamber: «Ol alty mesele näme? Aýtm eşideli» diýdi. Onda ol: «Birinji — tagat görüp durkam, günä etmerin. Ikinji — halal görýärkäm, haram iýmerin. Üçünji — hakykat barka ýalan sözlemerin. Dördünji — öwüt-nesihat barka, bahyllyk etmerin. Bäşinji — özüme näme isleýän bolsam, beýlekilere hem ony isle-

---

[1] Tur — Sina ýarymadasynda bir dagyň ady.

ýärin. Altynjy — iblis ýaly duşmanym barka, başga kişini duşman hasaplamaryn» diýdi. Çelebim, bizi we ähli möminleri öz pazlyň bilen şeýtan mekirinden, aman eýle! Enşalla.

## OTUZ ALTYNJY BAP: TAKDYRA RAZY BOLMAK BABY

Bilgin, Taňrynyň ýazgytlaryna razy bolmak parzdyr. Bu hakda Gurhanda şeýle diýdi: «Rebbiň hökmüne razy bol».[1] Ýene-de bir ýerde aýtdy: «Alla olardan razy boldy we olar hem ondan razy boldy».[2] Ýagny, kim Taňrynyň ýazgydyna razy bolsa, Taňry hem ondan razy bolar. Taňry: «Kim meniň ýazgydyma razy bolsa, men hem ondan hoşnut bolaryn we kim oňa kanagatsyz bolsa, ondan hoşnut däldirin, ony tamugyň içine giriftar ederin» diýdi.

Rowaýat etdiler, Musa pygamber Haka mynajat edýärkä: «Eý, bar Hudaýa! Gullaryňdan haýsy guly söýmeýärsiň we duşman tutýarsyň?» diýdi. Haktagala: «Kim maňa töhmet eýlese ony duşman tutaryn» diýdi. Musa: «Hudawend-a, saňa töhmet eýlemek nähili bolýar?» diýdi. Haktagala: «Maňa töhmet eýlemek,

---

[1] Bu aýat Gurhanyň birnäçe aýatynda geçýär. 52-nji («Tur») süresiniň 48-nji, 68-nji («Galam») süresiniň 48-nji, 76-njy («Ynsan») süresiniň 24-nji aýaty.
[2] Bu aýat Gurhanyň birnäçe aýatynda geçýär. 5-nji («Maide») süresiniň 119-njy, 9-njy («Toba») süresiniň 100-nji, 58-nji («Mujadele») süresiniň 22-nji, 98-nji («Beýýine») süresiniň 8-nji aýaty.

berýänime kanagat etmezlik, artyk zat islemekdir» diýdi.

Pygamber alaýhyssalam aýtdy: «Haýsy gul Taňrynyň berenine kanagat etse, ýazgydyna razy bolsa, Taňry oňa haýyr diledigidir. Haýsy gul Taňra haýyr dilemese, onuň nyşany budur, ýagny berýänine kanagat etmez, ýazgydyna razy bolmaz».

Pygamber alaýhyssalamyň bir gazawat mahaly agzyna bir daş gelip degdi, gan rowan boldy. Pygamber kellesini galdyryp: «Ýa, Reb!» diýdi. Haktagala: «Eý, Muhammet, sabyr et! Men seni görüp durun» diýdi. Bu hakda Gurhanda şeýle diýdi: «Rebbiň hökümi ýerine ýetýänçä sabyr et. Sen biziň nazarymyzdasyň».[1] Rowaýata görä, Ysraýyl kowmy Musa pygambere: «Taňrydan bize ýagşy amal dile, biz ony ýerine ýetireli, Taňry bizden hoşnut bolsun» diýdiler. Musa Çelebinden diledi, Haktagala: «Eý, Musa! Olara aýt. Meniň takdyryma we ýazgytlaryma razy bolsunlar, berenime şükür eýlesinler. Men olardan hoşnut bolaryn» diýdi.

Rowaýat etdiler, bir gün Isa pygamber bir mübtelany[2] gördi. Onuň eli-aýagy ýokdy. Guşlar ony burny bilen dürtüp, oglanjyklar ony çekeleýärdiler. Ol hem dodagyny titredip durdy. Ol: «Ylahym, meni hem sen ýaratdyň, oda salsaň hem seniň takdyryň bilendir. Men seniň takdyryňa razy bolmasam, hiç zadym

---

[1] Gurhanyň 52-nji («Tur») süresiniň 48-nji aýaty.
[2] Mübtela — bela duçar bolan.

ýokdur» diýdi. Isa pygamber: «Eý, biçäre! Dodagyň gymyldaýar, oglanlara sögýärsiňmi?» diýdi. Ol: «Eý, Isa! Men oglanlara näme üçin sögeýin. Meni ýaradan Taňrym maňa näme takdyr eden bolsa, men oňa razy» diýdi. Isa ol ýerden gitdi. Çelebe nyýaz[1] eýledi, ýalbardy. «Eý, Hekim[2]! bu biçäre guluň halyna bakmadyň, el-aýak bergil!» diýdi. Haktagala Isa pygambere wahy edip: «Meniň ol dostumdan sora! Ol näme islese men bereýin» diýdi. Isa gelip: «Eý, Taňrynyň dosty! El-aýak isleýäňmi? Çelebim saňa berer» diýdi. Ol: «Eý, Isa! Men gul, ol Çelebimdir. Ol näme berse, men oňa razy» diýdi. Isa pygamber, ýene Alla mynajat eýledi: «Eý, diňlemezden eşidýän, saňa äşgär-u gizlin deňdir. Bu biçäräniň sözi beýle» diýdi. Haktagala: «Eger islese janyny alaýyn, uçmaha salaýyn, islese tenini dürs edeýin, islese öňki halynda goýaýyn» diýdi. Jogap berdi: «Çelebim haýsyny islese şeýle bolsun» diýdi. Isa pygamber ýene nyýaz eýledi. Haktagala: «Meni söýeni men şu halda isleýärin. Onuň öwezi didarym bolsun» diýdi. Dawut pygamberiň Zeburynda[3] şeýle ýazylypdyr: «Syrat köprüsini tiz geçen, özüniň söýgüsi we yşgy bilen Allany köp ýatlan we onuň ýazgydyna razy bolup, berenine kanagat we şükür edenlerdir».

Ybraýym Edhem bir gul satyn aldy we ondan: «Nähili tagam iýýärsiň?» diýip sorady. Ol: «Näme

[1] Nyýaz — ýalbarma, dileme.
[2] Hekim — Allanyň bir ady.
[3] Zebur — Dawut pygambere inen kitap.

berseň iýýärin. Näme geýdirseň şony geýýärin» diýdi. Ýene ondan: «Adyň näme?» diýdi. Ol: «Sen näme diýseň şol bolar?» diýdi. Ýene ondan: «Seniň hiç hili ygtyýaryň ýokmy?» diýip sorady. Ol: «Guluň nähili ygtyýary bolsun!» diýdi. Ybraýym Edhem öz-özüni ýazgaryp: «Munça ýaşadyň, hiç öz-özüňi şunuň ýaly gulluk eýlediňmi?» diýdi.

Abulkasym Hekim aýdýar: «Haýsy kişi Taňrynyň ýazgydyna razy bolmasa, onuň ýagşylygyndan hiç nesip ýokdur. Haýsy kişi köňül dilegini islemese, ine ol hakyky gullukdyr. Bar zadyndan haýyr yhsan we sadaka bermekdir. Ýok bolsa hem şükür we kanagat eýlemekdir. Çelebim! Ähli mize kanagat we towpyk ber! Enşalla.

## OTUZ ÝeDINJI BAP: ÝaKYNLYK BABY

Bilgin ýakynlyk üç dürlüdür: Bu hakda Gurhanda: «Ylmel-ýakyn,[1] aýnel-ýakyn, hakkel-ýakyn»[2] diýdi. Ylmel-ýakyn yhlasly kişileriňkidir, aýnel-ýakyn aryplaryňkydyr, hakkel-ýakyn Alla dostlarynyňkydyr. Ylmel-ýakyn dünýäde bilmekdir. Aýnel-ýakyn öleniňde bilmekdir. Hakkel-ýakyn öleniňden soň bilmekdir. Möminleriň dünýäde bilýän zady, olar Taňryny görmezden bilýärler, birligine we kitaplaryna iman getirýärler. Emri-nehini[3] tutýarlar. Bu hakda Gurhanda şeýle diýdi: «Gaýyba iman edenler»[4]. «Aýnel-ýakyn» kapyrlar üçindir. «Hakkel-ýakyn» ähli halk üçindir. Onuň nämedigini ölümden soň bilerler.

Rowaýat etdiler, Resuly Huda Jebraýyldan: «Ýakynyň manysy näme?» diýip sorady. Jebraýyl: «Edýän işiňi Taňry üçin etmekdir. Sen Taňryny görmeseň hem, ol seni görer» diýdi. Pygamber: «Ymmatymyň halas bolmagy züht we ýakyn içindedir.

---

[1] Gurhanyň 102-nji («Tekäsür») süresiniň 5-nji aýaty.
[2] Gurhanyň 102-nji («Tekäsür») süresiniň 7-nji aýaty.
[3] Emr-nehi — buýruklar we gadagançylyklar.
[4] Gurhanyň 2-nji («Bakara») süresiniň 3-nji aýaty.

Ymmatymyň pisady gysgançlyk we nebis içindedir» diýdi.

Sufýan Söwri aýdýar: «Ýakyn — Taňra günä etmezlikdir. Taňrydan haýyr-şer gelse razy bolmakdyr». Fethi Mosuly[1] aýdýar: «Mekge ýolunda ýöräp barýardym welin, bir ýaş oglan gördüm-de şeýle diýdim: «Eý, ogul! Bu sapary saňa buýurmady, näme üçin gidýärsiň»? Oglan: «Eý, ata, gojalar nädip gidýän bolsa, näresideler (çagalar) hem şeýle barar» diýdi. Men: «Eý, oglan, ýol uzak! Sen bolsa ejiz!» diýdim. Onda ol: «Menden aýagymy gymyldatmak, ýetirmek Alladan. Gurhanda şeýle diýýär: «Biziň ugrumyzda gaýrat edenleri, öz ýolumyza salarys»[2] diýdi. Men: «Eý, oglan, hiç hili azygyň ýok» diýdim. Ol: «Haçan ajygan mahalym maňa aş berýär, çörek berýär, suwsasam welin süýt berýär. Meniň ýakynlygym maňa aş-suw bolýar» diýdi. Mende: «Adyň näme?» diýip sorady. Men: «Fethi Mosuly» diýip jogap berdim. Onda ol: «Seni bir dostuň öýüne çagyrsa, onuň öýüne azygyň alyp barsaň, ol dostuňa ýa-da saňa hoş gelermi?» diýdi. Onda men: «Ýok» diýdim. Ol: «Indi men hem ol dostumyň öýüne azygymy tutup barmaga utanýaryn. Seniň ýakynyň gowşak eken» diýdi. Men ol oglandan has ýakymly başga zahyt görmedim.

Rowaýat etdiler, bir aýal gury ýerde ekin ekdi. Hasyl ýetişdi, ýöne doly gelip, hiç-zat goýmady. Ol

[1] Fethi Mosuly — meşhur sopularyň biri.
[2] Gurhanyň 29-njy («Ankebut») süresiniň 69-njy aýaty.

aýal: «Ylahym, meniň umydym saňadyr, rysgalym sendendir» diýdi. Onuň ýakynynyň bereketi sebäpli, Taňry bir uly begiň köňlüne oňa ýüz magryby altynyny[1] bermegi saldy. Indi kimiň ýakyny bar bolsa, şonuň ýaly bolar, ylahy bizi hem ýakynly etgil! Enşalla.

[1] Magryby altyn — altynyň bir görnüşi.

## OTUZ SEKIZINJI BAP: NESIHAT BABY

Bilgin, pygamber alaýhyssalam üç gezek: «Din nesihatdyr» diýdi. Ondan: «Eý, Resulalla, nesihat näme?» diýip soradylar. Onda ol: «Musulmanlara din ýoluny görkezmekdir. Taňryny bildirmekdir. Pygamberlere, kitaplara, perişdelere, kyýamat gününe, haýra we şere ynanmakdyr we özüne isleýşi ýaly ähli halka ýagşylyk islemekdir» diýdi. Resul Huda: «Bir-biriňiz bilen duşman bolmaň, bir-biriňiz bilen dogan boluň. Bir-biriňizden bizar bolmaň, öýkeli bolsaňyz üç güne çenli ýaraşyň we ötünç soraşyň. Haýsy kişi üç günden öň ýaraşsa, öýkäni köňlünden çykarsa, uçmaha öňünden ol girer» diýdi.

Rowaýat etdiler, Musa pygamber Hak bilen mynajat edýärkä, bir adam gördi. Ol arşyň kölegesinde oturan eken. Musa: «Eý, bar Hudaýa, bu kimdir?» diýdi. Haktagala: «Ol dünýäde hiç kime bahyl bolmadyk we gybat etmedik kişidir». Muhammet ibn Kagp aýdýar: «Üç zady hiç kime garşy etme. Eger etseň, özüňe garşy etdigiň bolar. Owwaly — zulum etme, ol öz nebsiňe etdigiň bolar. Bu hakda Gurhanda

şeýle diýdi: «Ýowuzlygyňyz diňe öz zeleliňizedir».[1] Ikinjisi – söz berip sözüňden dänmek, öz nebsiňe garşydyr. Bu hakda Gurhanda şeýle diýdi: «Kim kasamyny bozsa, ol diňe öz zyýanyna bozar».[2] Üçünjisi — mekru-hile eýleme, öz nebsiňe endigiň bolar. Bu hakda Gurhanda şeýle diýdi: «Ýaman mekir hile bolsa, diňe öz eýelerini gurşap heläk eder».[3]

Rowaýat etdiler, iblis bir gün Pyrgunyň gapysyna gelip, gapysyny kakdy. Pyrgun ýalňyz otyrdy. Pyrgun: «Kimsiň?» diýdi. Iblis: «Eger sen Taňry bolsaň, gapa geleni bilerdiň» diýdi. Pyrgun onuň iblisdigini bilip: «Eý, melgun! Içeri gir» diýdi. Iblis içeri girdi we onuň ýanyna geldi. Pyrgun: «Eý, iblis dünýäde biziň ikimizden başga melgun barmy?» diýdi. Iblis: «Bar» diýdi. Pyrgun: «Kimdir ol melgun» diýip sorady. Iblis: «Meniň bir dostum bar. Senden ony has gowy söýýärdim, oňa näme aýtsam ederdi. Goňşusynyň bir sygry bardy. Goňşusy ol sygryň süýdünden dostuma hem bererdi. Bir gün ol dostuma: «Sen meniň hiç sözümi ret etmeýärsiň. Indi sen menden näme dileseň dile, bereýin» diýdim. Ol: «Dilegim senden, goňşymyň sygryny öldür, sebäbi meniň sygrym ýok, onuňky hem bolmasyn» diýdi. Bahylçylyk etdi. Men saňa bäş sygyr bereýin, ony goý diýdim. Onda ol: «Maňa ol bäş sygyrdan, onuň sygrynyň öleni gowy» diýdi. Pyrgun:

---

[1] Gurhanyň 10-njy («Ýunus») süresiniň 23-nji aýaty.
[2] Gurhanyň 48-nji («Feth») süresiniň 10-njy aýaty.
[3] Gurhanyň 35-nji («Fatyr») süresiniň 43-nji aýaty.

«Men onuň biziň ikimizden hem has bahyldygyna göz ýetirdim» diýdi.

Bir zamanda üç sany bahyl bir ýere jemlendiler. Biri aýtdy: «Hiç kime ýagşylygymyň degmegini islemeýärin». Ýene biri aýtdy: «Men kimdir biriniň başga birine ýagşylyk etmegini islemeýärin». Üçünji aýtdy: «Maňa hiç kimiň ýagşylyk etmegini islemeýärin, onuň bilen duşman bolaryn» Şol mahal iblis gelip, oňa: «Sen bahyllykda menden hem geçiren ekeniň. Taňry meni seniň şeriňden gorasyn» diýdi. Halyl ibn Ahmet aýdýar: «Bahyl Taňra müňkürdir. Sebäbi ol Taňrynyň ýazgydyny söýmeýär». Çelebim, bizi hem ähli möminler bilen bahylçylykdan saklagyn! Enşalla.

# OTUZ DOKUZYNJY BAP: TOWAZYG[1] BABY

Bilgin, Taňry aşyk köňülli gullary söýer we tekepbirleri söýmez. Bu hakda Gurhanda şeýle diýdi: «Hakykatdan hem ol Alla tekepbirleri söýmez».[2] Haktagala Muhammet alaýhyssalama aýtdy: «Siz mömünler alçak köňülli, pespäl boluň». Bu hakda Gurhanda şeýle diýdi: «Möminleri ganatyň astynda saklaň».[3]

Pygamber alaýhyssalam aýdýar: «Her kişiniň boýnunda iki zynjyr bar. Biriniň ujy ýedi gat asmandadyr. Beýlekisiniň ujy ýedi gat ýerdedir. Kim pespäl bolsa, zynjyr ýokary çekiler. Ol gulluk içinde bolar, hormatly bolar. Kim tekepbirlik eýlese, zynjyry aşak çekerler. Ol gul halk içinde pes bolar. Kim köňli pes bolsa, ýoksullary görende rehim etse, olara sadaka berse, alymlara hormat goýsa, köp geplemese ol kişi nähili bagtlydyr».

Hatym aýdýar: «Ylahy döwrümiziň alymlarynyň we patyşalarynyň köňüllerini arassa edeweri». Ýahýa

---

[1] Towazyg — pespällik.
[2] Gurhanyň 16-njy («Nahl») süresiniň 23-nji aýaty.
[3] Gurhanyň 15-nji («Hyjr») süresiniň 88-nji aýaty.

ibn Mugaz[1] aýdýar: «Käbir zahytlar bardyr, köňülleri Pyrgunyň köňli ýalydyr». Çelebim! Öz pazlyň we enaýatyň bilen biz musulmanlaryň köňlüni ýumşak we pespäl edeweri! Enşalla.

[1] Başga çeşmelerde bu rowaýat Fuzeýl ibn Aýazyň adyndan gelýär.

# KYRKYNJY BAP: HALYMLYK (MYLAÝYMLYK) BABY

Bilgin, halymlyk Taňrynyň sypatydyr. Bu hakda Gurhanda şeýle diýdi: «Hakykatdan hem Alla halymdyr, gapurdyr».[1] Haktagala Ybraýymyň halymlygy barada şeýle diýdi: «Elbetde, Ybraýym pespäl we halymdyr».[2] Yshak pygamberi onuň bilen öwdi. Bu hakda Gurhanda şeýle diýdi: «Bes, biz oňa bir halym ogluň (ýagny Ysmaýylyň) habaryny berdik»[3] diýdi. Pygamberimize aýtdy: «Sen olary bagyşlap goýber».[4] Hezreti Äşe aýdýar: «Resulallanyň sypaty Injiliň içinde şeýle ýazylandyr. Ol süýji dilli, köňli rehimli, nebsi halym, erbetlik edenlere ol erbetlik etmedi. Dili bilen hiç kimiň köňlüni ynjytmady, ymmatyndan hiç kimi keseki tutmady, hemmesini deň tutdy. Hyzmatkärlerine erbet söz sözlemedi. Özünde öýkekine tutanlara ýat söz aýtmady». Resul alaýhyssalam

[1] Gurhanyň 17-nji («Isra») süresiniň 44-nji aýaty, Gurhanyň 35-nji («Fatyr») süresiniň 41-nji aýaty.
[2] Gurhanyň 9-njy («Toba») süresiniň 114-nji aýaty.
[3] Gurhanyň 37-nji («Saffat») süresiniň 101-nji aýaty.
[4] Gurhanyň 5-nji («Maide») süresiniň 13-nji aýaty.

aýtdy: «Öýke-kine tutmak, imany harap eder». Ýahýa ibn Mugaz aýdýar: «Isa pygamberden: «Taňrynyň öýkesini näme giderer?» diýip soradylar. Ol: «Haýsy gul başga birinden öýke-kinesini giderse, Taňry ol guldan duşmançylygyny sowar» diýdi.

Aýdarlar halymlyk üç dürlüdir: «Hylmy[1]-zalyman (zalymlaryň halymlygy), hylmy muktasydan[2] (muktasytlaryň halymlygy), hylmy-sabykan[3] (sabyklaryň halymlygy). Zalymlaryň halymlygy budur — ol köňlüniň kinesini äşgär giderer, bagyşlar. Muktasytlaryň halymlygy budur — erbetlik edeniň ýagşylygyny islär, günäsini hem bagyşlar. Sabyklaryň halymlygy budur — erbetlik edeniň dogry ýola düşmegini islär.

Omar ibn Hattabyň bir guly bardy. Bir gün ol gaçdy. Bir ýyldan soň yzyna geldi. Gul: «Eý, Omar! Taňrytagala Gurhanda aýtdy:» «(Takwalar) gazaplaryny ýuwudýanlar we adamlaryň (günälerini) bagyşlaýanlar»[4] diýmedimi?» diýdi. Omar: «Günäňi bagyşladym» diýdi. Ol gul: «Alla ýagşy iş edýänleri söýer»[5] diýmedimi?» diýdi. Omar: «Seni azat etdim» diýdi.

Hekaýat etdiler, Nowşirwan Adyl bir gulunyň eline üç sany hat berdi. Haçan men gaharlansam, bu üç haty

---

[1] Hylm — ýumşaklyk, mylaýymlyk.
[2] Muktasyt — hüşgär, seresaply.
[3] Sabyk —dereje taýdan öňde bolan, weli, zahyt.
[4] Gurhanyň 3-nji («Äli Ymran») süresiniň 134-nji aýaty.
[5] Şol ýerde.

maňa ber diýdi. Birinji hatda: «Gahar-gazabyň ýatyr, sen Taňry dälsiň», ikinji hatda: «Rehmet etgil», üçünji hatda bolsa: «Taňrynyň gullaryny Taňra goý» diýip ýazylypdy. Ol bu üç haty görüp gaharyny ýatyrardy. Çelebim, bizi ähli möminler bilen halym köňüllilerden eýlegil! Enşalla.

## KYRK BIRINJI BAP: ÖZ AÝBYŇY GÖRMEK BARADA

Bilgin, kişi öz aýbyny bilmelidir, kesekileriň aýby bilen işi bolmaly däldir. Bu hakda Gurhanda şeýle diýdi: «Biri-birleriňize içaly bolmaň we gybatyňyzy etmäň».[1] Pygamber alaýhyssalam aýdýar: «Käbir kişiler bardyr, öz gözüniň öňündäki diregi görmez, kesekileriň gözündäki çöpi görer. Öz aýbyny bilip, kesekileriň aýbyna seretmeýän nähili bagtlydyr».

Bilgin, «Biri-birleriňize içaly bolmaň we gybatyňyzy etmäň»[2] aýaty iki kişi hakynda geldi we onuň hekaýaty budur: «Pygamber alaýhyssalam haçan gazawata barsa, iki baý kişä bir ýoksuly bererdi. Salman Parsyny hem hyzmat etsin we olaryň tagamyndan iýsin diýip iki kişä berdi. Ol iki kişi Selmany «Bar bize undan aş bişir» diýip öňünden iberdiler. Selman gonak ýerine geldi, onuň ukusy tutdy we ýatdy, aş bişirmedi. Olar geldiler, görseler aş ýok. Olar Selmany bar aş getir diýip pygamberiň ýanyna

---

[1] Gurhanyň 49-njy («Hujurat») süresiniň 12-nji aýaty.
[2] Şol ýerde.

iberdiler. Pygamber Selmany aşhana iberip: «Bar Usama[1] aýt, aş bersin» diýdi. Usama: «Hiç aş galmady» diýdi. Selmanyň ýaranlary, aş bardy, emma Usama bermedi, gysgandy diýip pikir etdiler. Soň hem: «Selman akar suwa barsa guradar» diýdiler. Soň olar pygamberiň ýanyna geldiler. Pygamber alaýhyssalam ol iki kişä: «Eti köp iýipsiňiz» diýdi. Olar: «Ýa resulalla biz bu gün iýmäge aş tapmadyk. Eti nirede gördüň» diýdiler. Pygamber: «Usama bilen Selmanyň etini iýdiňiz. Olaryň gybatyny edipsiňiz» diýdi. Şol mahal hem bu aýat indi.

Rowaýata görä, pygamber alaýhyssalam aýtdy: «Meni magraja çykaran gijeleri, käbir kişileriň misden dyrnaklary bardy. Ol dyrnaklary bilen ýüzleriniň etini soýýardylar. Men: «Eý, garyndaşym Jebraýyl. Bular kimlerdir?» diýip soradym. Ol: «Bular dünýäde doganlarynyň gybatyny edenler, töhmet ýapanlar» diýdi.

Rowaýat etdiler, pygamber aýtdy: «Gybat etmek zynadan erbetdir». Ondan: «Näme üçin erbetdir» diýip soradylar. Pygamber: «Kim zyna etse, soň toba eýlese, Taňrytagala onuň tobasyny kabul eder. Gybat eden toba etse, tä ol adamdan halallyk soramasa, ol kişi bagyşlamasa, tobasy kabul bolmaz. Gybat etmek orazany we täreti bozar» diýdi. Meýmun aýdýar: «Bir gije düýşümde gördüm. Öňümde bir myrdar zat goýdular: «Iýgil» diýdiler. Men: «Näme üçin iýeýin?»

[1] Usama — sahabalaryň biri.

diýdim. Olar: «Başga kişi gybat etdi, sen ýanynda otyrdyň» diýdiler. Soň men indi gybat edeniň ýanynda oturmaryn diýip toba etdim. Hasan Basry aýtdy: «Kim gybat etse, kyrk gün onuň tagaty kabul bolmaz».

Rowaýat etdiler, Beni Ysraýyl kowmundan bir kişi: «Ýa, Reb! Sadaka berer ýaly meniň malym ýok. Kim meniň gybatymy etse, oňa halal bolsun! Oňa dawagär bolmaryn» diýdi. Taňrytagala ol zamanaň pygamberine habar berip: «Men ony ýalkadym» diýdi. Ol: «Kişi tä adamlaryň dilinde sakyz[1] ýaly çeýnelmese ýagşy bolmaz» diýdi.

Pygamber alaýhyssalam aýtdy: «Haýsy kişi şugul bolup barsa, Taňrytagala onuň görüni ot eýlär. Kyýamatda hem ony köýdürer». Pygamber alaýhyssalam aýtdy: «Haýsy kişi bir musulman doganyny soltana gammazlasa[2], Taňry oňa uçmahy haram eder. Meniň şepagatym oňa haram bolar».

Ylahy öz pazlyň we keremiň bilen towpyk bergil! Biz öz aýbymyz bilen meşgul bolalyň, başgalaryň gybatyny terk edeliň! Enşalla.

---

[1] Sakyz — sakgyç.
[2] Gammazlamak — şugullamak.

## KYRK IKINJI BAP: MYNAPYKLAR (IKIÝÜZLÜLER) BABY

Bilgin, mynapyklaryň ýeri tamugyň iň aşaky gatlagydyr. Bu hakda Gurhanda aýtdy: «Hakykatdan hem mynapyklar dowzahyň iň aşaky gatlagyndadyr».[1]

Indi iň aşaky gatlakdan halas bolar ýaly mynapyklykdan saklanyň, hakyky yhlasly musulman boluň. Haktagala mynapyklaryň sypatyny Gurhan içinde beýan edip: «Mynapyklar biri-birine ýowuz iş buýrar we ýagşy işden ýygar» diýdi. Bu hakda Gurhanda şeýle diýdi: «Mynapyk aýallar we erkekler biri-birlerindendir. Olar erbetligi buýrup, ýagşylyga päsgel bolarlar».[2] Mynapyklaryň ýene bir nyşany hem, elleri haýyrsyz bolar, sadaka bermez. Bu hakda Gurhanda aýtdy: «Elleri husytdyr».[3]

Möminleriň nyşany, biri-birlerini ýagşy işe çagyrarlar, erbet işden saklarlar. Bu hakda Gurhanda

---

[1] Gurhanyň 4-nji («Nisa») süresiniň 145-nji aýaty.
[2] Gurhanyň 9-njy («Toba») süresiniň 67-nji aýaty.
[3] Şol ýerde.

aýtdy: «Ýagşy işleri emr edip, erbet işlerden gaýtararlar».[1]

Pygamber alaýhyssalam aýtdy: «Kim ýagşy işi buýursa we ýowuzdan saklasa, ol ýer ýüzünde Taňrynyň halypasydyr (orunbasarydyr). Şeýle hem pygamberleriň orunbasarydyr. Kim bir ýaramaz iş görse, eli bilen düzetsin, eger elinden gelmese, dili bilen düzetsin, eger dilinden gelmese, köňli bilen döndersin.[2] Eli bilen döndermek soltanlar işidir. Dili bilen döndermek alymlar işidir. Köňli bilen döndermek adamlaryň işidir». Pygamber ýene aýtdy: «Mynapyklaryň nyşany, olar jemagata gelmezler. Meger güýç bilen getiriler. Gelse-de, hemmelerden soň geler. Gije myrdar göwre kibi ýatar, gündiz işsiz bolar ýa-da sygyr ýaly iýer ýatar. Möminleriň köňli düşünjeli bolar. Ýowuz işleri bilip, ondan daş durarlar. Ahyret azygyny güýjüniň ýetdigiçe gazanar. Köňli aşyk bolar. Mynapyklaryň nyşanynyň ýene biri-de, köp gybat eder, ýazgaryjy bolar, haramdan saklanmaz. Möminleriň nyşany Taňryny ýatlarlar, Taňrynyň berenine kanagat eder, ötünç soraýjy bolar, aýby örtüji bolar. Kyýamatyň gussasyn iýiji bolar. Mynapyklaryň nyşany köp gülüji bolar, biriniň aýbyny açar, gazanan günäsini unudar, eden ýagşylygyny aýdar. Mömin Taňrytagalanyň hoşnutlygyn islär. Mynapyk halkyň ýanynda ýüzli bolmak islär. Ylahy! Yzzatyň jemalyň

[1] Gurhanyň 9-njy («Toba») süresiniň 71-nji aýaty.
[2] Döndermek — düzetmek, öwürmek.

haky üçin, biz biçäre gullaryňy yhlasly we mömin gullaryňdan eýläwergil. Şirk we mynapyklyk ählinden etmegil! Enşalla.

## KYRK ÜÇÜNJI BAP: WESÝET BABY

Bilgin, wesýet etmek wajypdyr. Sebäbi ähli pygamberler wesýet etdiler. Käbirleri perzentlerine, käbirleri ymmatlaryna wesýet etdiler. Taňrytagala Ybraýym pygambere: «Men seni halypa we ymam (ýolbaşçy) etdim» diýdi. Onda Ybraýym: «Ylahy, meniň zürýadymy hem ymam etgil» diýdi. Bu hakda Gurhanda aýtdy: «Men seni ynsanlara ýolbaşçy etdim». Ol aýtdy: «Meniň zürýadymy hem ýolbaşçy et».[1] Dawut pygamber aýtdy: «Ylahy Süleýmany hem meniň ýaly halypa et». Taňrytagala aýtdy: «Eý, Dawut! Aýtgyl, Süleýmana! Ol hem maňa seniň ýaly bolsun». Dawut Süleýman pygambere wesýet etdi: «Ýoksullara ýagşy bolgul. Supraňda ekmek (çörek) köp bolsun. Taňrytagalanyň saňa bereninden ýoksullara bergil. Taňrytagala durmuşyňy giň eýlär. Eý, Süleýman, bilgin! Uşbu dünýäde ýoksullar uçmahyň begleridir. Kyýamatyň ulularydyr. Haýsy kişi iki jahan ezizligini islese, ýoksullary hoş tutsun» diýdi. Dawut pygamber ýene aýtdy: «Meniň özüm şuňa pikir edýän. Bu halk

[1] Gurhanyň 2-nji («Bakara») süresiniň 124-nji aýaty.

ýoksullyk gymmatyny bilmezler. Eger patyşalar ýoksullyk gymmatyny bilseler ýoksullygy alardylar». Dawut pygamber ýene aýtdy: «Ýene wesýetim şudur. Jemagat saklaň, Taňry tagatyny dowam ediň. Amanat saklaň, hyýanat eýlemäň. Ýalan sözlemäň. Ynsap beriň, ýagny zulum eýlemäň. Bu jahanda eziz bolarsyň, ahyretde azapdan halas bolarsyň». Hatymdan soradylar: «Halyň nähilidir?» Ol: «Syratdan geçmesem halymyň nähili boljakdygyny bilmerin» diýdi. Ondan: «Syraty geçmekligiň çäresi nämedir?» diýip soradylar. Ol: «Belalara sabyr etmek we Taňra zarlyk eýlemek» diýdi.

Ylahym, Syrat köprüsini sag-salamat geçmekligi sen bize nesip et! Enşalla.

## KYRK DÖRDÜNJI BAP: MYNAJAT BABY

Bir hekim mynajat içinde aýdýar: «Ylahy, biz gullaryň ýazygyndan saňa zyýan ýok. Mutyglaryň[1] tagatyndan saňa peýda ýok. Ylahy, saňa hiç peýdasy we zyýanlary bolmadyklary, Sen ýalka». Abulkasym Hekimden: «Nähili?» diýip soradylar. Ol: «Işsiz bolan ten nähili bolar? Kesel bolan köňül nähili bolar? Ýazyklary köp bolan kişi nähili ýörär» diýdi. Hüseýin ibn Aly mynajat içinde şeýle diýdi: «Ylahym! Sen maňa hajatyň bolmasa hem, meni özüne nädip ýakyn eýlediň, men senden nädip daş düşeýin, meniň saňa hajatym bar. Sen eger wada etseň, wadaňy ýerine ýetirersiň. Eger gorkuzsaň, soň bagyşlaýarsyň. Ylahy! Meni hem bagyşlan gullaryňdan eýläweri. Men seniň adyllygyňa sygynýaryn, meniň ähli umydym rehmetiňdir we pazlyň bilendir. Barjak ýerim saňadyr». Ýahýa ibn Mugaz mynajatda şeýle diýýär: «Ylahy! Meniň ýazyklarymy bagyşlasaň, saňa zyýan ýok. Eger sen meni halkyň içinde bagyşlamasaň, başga bagyşlajak ýokdur. Gullaryň içinde aýpsyzy ýokdur.

[1] Mutyg — tabyn.

Meniň tamug azabyna çydamagyma takatym ýok. Eger maňa azap berseň, saňa hüjjetim ýok. Eger ýalkasaň rehmetiňe egsilmek ýok».

Ylahy! Men seniň ýazykly guluň. Köp günä etdim, tamugy özüme wajyp etdim. Ylahy, eger meni tamuga goýsaň, duşmanyň iblis şat bolar. Eger uçmaha goýsaň dostuň Muhammet Mustapa şat bolar. Eý, bar Hudaýa! Duşmanyň iblisi şat edip, dostuňy gynandyrmarsyň diýip umyt edýärin. Alla gorasyn! Seniň lutpuňdan we kereminden şeýle edersiň welin, dostuň Muhammet şat, duşmanyň iblisi kör we masgara edersiň! Enşalla.

## KYRK BÄŞINJI BAP: ÖWÜT BABY

Bir kişi Abulkasym Hekimiň ýanyna gelip: «Maňa öwüt ber!» diýdi. Hekim: «Gorkgul, gorkmagyl, kesilgil, ulaşgyl, ýatmagyl, bagyşlagyl, ynsaply bolgul, almagyl, durgul» diýdi. Ol: «Men sözleri bilmerin. Maňa manysyny aýdyp ber, bileýin» diýdi. Hekim: «Gorkgul — ýazyklaryň üçin, gorkmagyl — ertirki rysgalyň üçin, kesilgil — ýowuz ýoldaşdan, ulaşgyl — ýagşy ýoldaşa, ýatmagyl, taýýar bolgun ölüm ýaragyna, bagyşlagyl — malyňdan ýoksullara, ynsaply bolgul — özüňe we kesekilere, dilemegil — eliňi kesekilerden, durgul — Taňrynyň tagatynda, almagyl — kişileriň gargyşyny, berk durgul Muhammediň dinine, sünnetine[1] görä» diýdi.

Bir kişi Hatymyň ýanyna gelip: «Maňa öwüt ber» diýdi. Ol: «Gaty bolgul, häzir bolgul, aman bolgul» diýdi. Ol adam: «Bularyň manysyny aýdyp ber» diýdi. Hatym: «Gaty bolgul diniňde, iblis seni azdyrmasyn. Aman bolgul, seniň rysgalyň başga berilmez. Häzir

[1] Sünnet — pygamber ýoly.

bolgul, melekul-möwt[1] gelende, seni ary (tämiz) tapsyn» diýdi.

Bir kişi Abulkasym Hekime gelip: «Maňa öwüt ber» diýdi. Ol: «Halkdan tamaňy kes, gaýgydan halas bolarsyň. Agzyňdaky lezzetli tagamlary gider, ýazykdan aman bolarsyň. Dünýä hyrslygyny köňülden gider, halk duşmanlygyndan halas bolarsyň. Hiç haram iýmegil, azapdan halas bolarsyň. Halaly köp iýmegin, hasapdan halas bolarsyň. Nadan bolmagyl, tamugdan halas bolarsyň. Ylym öwren, Haka ýetip, yllyýýynda[2] gezersiň» diýdi. Goý, Alla, oňa rehmet etsin!

---

[1] Melekul-möwt — ölüm perişdesi, Ezraýyl.
[2] Yllyýýyn — jennetiň belent derejesi.

## KYRK ALTYNJY BAP: TAKWA BABY

Bilgin, perhizkärlik,[1] takwa dört hilidir: owwaly — küpürden we şirkden saklanmakdyr we Taňrytagalanyň birligine we barlygyna güman etmezlikdir. Ikinjisi – haramdan we ýaramaz işlerden, sözlerden, gybatdan, töhmetden saklanmakdyr. Bu toba edenleriň işidir. Üçünjisi – halaldan kanagatly iýmek, bu zahytlaryň işidir. Dördünji — Taňry tagatyndan bizar bolmazlyk we yhlas bilen tagat etmek, köp sözlemezlikdir. Bu aryplaryň işidir. Haýsy kişi küpürden we şirkden perhiz bolsa, tamugyň azabyndan halas bolar. Haýsy kişi haramdan we ýowuz işlerden perhizkärlik tutsa, tamug odundan azat bolar, haýsy kişi halalyň azyna kanagat etse, kyýamat gününde hasapdan halas bolar. Haýsy kişi yhlas bilen ýagşy amal etse, hak sözi aýtsa we erbet sözden saklansa wahşatdan[2] halas bolar.

Abu Hanypadan[3] rowaýat etdiler: «Bergidar kişiniň öýüniň kölegesinde algydaryň oturmagy halal däldir.

---

[1] Perhizkärlik — takwalyk, halallyk.
[2] Wahşa — wagşylyk.
[3] Abu Hanypadan — hanypa mezhebini esaslandyrýan uly musulman hukuk alymy.

Ol ribadyr» diýdi. Ol: «Peýda gelýän ähli parz ribadyr» diýdi. Abdylla ibn Mesgut we Abdylla ibn Omar aýtdylar: «Siz şeýle bir oraza tutsaňyz, bedeniňiz arryk we ejiz bolsa, şeýle bir namaz okasaňyz we tagat etseňiz, aýaklaryňyz çişse, biliňiz ýaý kibi bükülse, tä haramdan saklanmasaňyz, hiç peýdasy bolmaz».

Ylahy! Kerim-ä, Rahym-ä, Magbud-ä[1], enaýatyň bilen we keremiň bilen dürli tagatlara sen towpyk bergil. Günälerden daş durmagy, ahyr wagtynda imanymyzy ýoldaş eýlemegi, sen nesip etgin. Haramdan saklanmagy we halalyň azyna kanagat, köpüsine şükür etmegi, sen towpyk edeweri. Didaryňdan mahrum we rehmetiňden binesip eýlemegil! Eý, älemleriň ylahy! Eý, iň haýyrly kömek ediji! Eý, rehmet edijileriň iň rehmetlisi! Kitap hökümdar we bagyş ediji Allanyň kömegi bilen 1026-njy ýylyň[2] mübärek Sapar aýynyň ahyrynda ýazylyp gutaryldy.

[1] Magbut — ybadat edilýän.
[2] Bu hasap 1617-nži ýyla gabat gelýär.

# MAZMUNY

Birinji bap ........................................................ 16
Ikinji bap ........................................................ 25
Üçünji bap ........................................................ 30
Dördünji bap ........................................................ 35
Bäşinji bap ........................................................ 51
Altynjy bap ........................................................ 61
ÝEdinji bap ........................................................ 65
Sekizinji bap ........................................................ 72
Dokuzynjy bap ........................................................ 76
Onunjy bap ........................................................ 82
On birinji bap ........................................................ 86
On ikinji bap ........................................................ 90
On üçünji bap ........................................................ 98
On dördünji bap ........................................................ 102
On bäşinji bap ........................................................ 103
On altynjy bap ........................................................ 108
On ýedinji bap ........................................................ 114
On sekizinji bap ........................................................ 124
On dokuzynjy bap ........................................................ 130
Ýigriminji bap ........................................................ 136

Ýigrimi birinji bap .................................................. 140
Ýigrimi ikinji bap .................................................. 149
Ýigrimi üçünji bap .................................................. 155
Ýigrimi dördünji bap .................................................. 158
Ýigrimi bäşinji bap .................................................. 163
Ýigrimi altynjy bap .................................................. 167
Ýigrimi ýedinji bap .................................................. 172
Ýigrimi sekizinji bap .................................................. 176
Ýigrimi dokuzynjy bap .................................................. 180
Otuzynjy bap .................................................. 182
Otuz birinji bap .................................................. 186
Otuz ikinji bap .................................................. 190
Otuz üçünji bap .................................................. 193
Otuz dördünji bap .................................................. 196
Otuz bäşinji bap .................................................. 200
Otuz altynjy bap .................................................. 203
Otuz ýedinji bap .................................................. 208
Otuz sekizinji bap .................................................. 211
Otuz dokuzynjy bap .................................................. 214
Kyrkynjy bap .................................................. 216
Kyrk birinji bap .................................................. 219
Kyrk ikinji bap .................................................. 223
Kyrk üçünji bap .................................................. 226
Kyrk dördünji bap .................................................. 228
Kyrk bäşinji bap .................................................. 230
Kyrk altynjy bap .................................................. 232